**B.BASAROW**

# ŞAHSYÝETIŇ PSIHOLOGIÝASY

***Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy***

***Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**AŞGABAT - 2010**

**Professor B.Basarow**
**Şahsyýetiň psihologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 186 sah.

## Sözbaşy

Adamzadyň öz taryhy ösüşiniň dowamynda ýüzbe-ýüz bolan meseleleriniň iň çylşyrymlylarynyň biri adamyň tebigatynaakyl ýetirmek bosa gerek. Bu ugurda amala aşyrylan agtaryşlaryň, esaslandrylylan taglymatlaryň ummasyzlygyna garamazdan sowala takyk jogap şu günki güne deňeç ýoklugyna galýar. Adamyň tebigatyna düşünmekde esasy kynçylyk biziň ählimiziň aramyzda örän köp aýrybaşgalygyň barlygy bilen baglanyşyklydyr. Adamlar diňe bir özleriniň daşky keşbi boýunça däl, eýsem örän çylşyrymly, öňünden çaklamasy kyn özüni alyp baryşlary boýunçatapawutlanýarlar. Planetamyzdaky 6 milliard gowrak ýaşaýjylardan bir-birine maňzeş iki sanysyny tapmak kyndyr. Bu ýoňsuz tapawutlylyk adamzat urugyny birleşdirýän umumylygy ýüze çykarmaga päsgelçilik döredýär. Geliň özüniunudyjylykly işleýän alymy, kellekeser jenaýatçyny, neşekeşi, lebizsiz syýasarçyny, sopyny we esgerbaşyny deňeşdireliň. Bularyň beden dokumalarynyň we organlarynyň meňzeşligi diýäýmeseň adamyň tebigatynyň haýsy gurluşy olary birleşdirip biler? Haçanda ylmy agtaryşyň çägi dürli medeniýetleri derňemegiň derejesine galanda biz aýgytlaýjy gymmatlyklaryň, ugrykmalaryň we durmuş stiliniň has-da köpdürlülili gini görýäris.

Adamyň çylşyrymly özüni alyp barşyna, onuň hakyky mazmunyna düşünmeklige synanyşylar üçin astrologiýa, teologiýa,filosofiýa, edebiýat we sosial ylymlar we beýleki birnäçe ugurlarda amala aşyrylýar. Bu ugurlaryň belli bir görnüşleri netijesizligini görkezse, beýlekileri özüniň pajarlap ösýän döwründedir. Şu günki günde meseläniň has ýitiligi adamzadyň dowamatyna howp salýan ilatyň sanynyň ýoňsuz artmagy, ähliumumy ýylamaklyk, daşky gurşawyň hapalanmagy, ýadro ýyňyndylary, terrorçylyk, neşekeşlik, jynsparazçylyk, garyplyk ýaly hadysalaryň adamlaryň özüni

alyp barşynyň netijesi bolup duryanlygy bilen baglanyşyklydyr. Gelejekde ýaşaýşyň hili, mümkin, adamzat siwilizasisynyň hereketlenmegini we saklanmagy-da biziň öz-özümize we beýlekilere düşünmekde ilerlemegimize baglydyr.

Häzirki zaman şahsyýet psihologiýasy ylmy ders bolmak bilen adamyň tebigaty dogrusyndaky sowa pikir ýöretmeleri folklorda ýa-da adaty pähime esaslanýan terzde düşündirmek ýaly çäklenmelerde däl-de, anyk tejribede tassyklanýan taglymatlara öwürýär.Meselem, näme üçin ýetginjekleriň içgä ýüz urýanlygyny we öýden gaçýanlygyny çaklamakdan ötri, derňew alyp barýanlar jahyllyk döwrüň psihologiýasy we ýetginjekleriň aldawçylygy dogrusynda öz düşünjelerini esaslandyrmalydyrlar. Şol bir wagtda özüniň ösüşiniň birnaçe ýerlikli ätiýaçlanmalary döredýänligi üçin "şahsyýet hakyndaky ylma" gatnaşyk gapma-garşylyklydyr. Biziň ol ýa-da beýleki hereketlerimiziň esasynda duryan sebäpleri anyklamak näçe gyzykly hem bolsa, biz şol bir wagtda kimdir biri özümizi alyp barşymyzy obýektiw häsiýetlendirmekçi bolsa garşylyk görkezýäris. Psihologiýanyň hut özünde hem şahsyýeti "obýektiwleşdirmek" prosesine belli bir garşylyk bardyr: käbir psihologlar şahsyýeti obýektiw ususllarda öwrenmekligi ileri tutmaklyk adamyň tebigatynyň gaýtalanmazlygy we çylşyrymlylygy dogrusyndaky düşünjäniň manynysynyň gaçmagyna getirjekdigini aýdýarlar. Muňa derek olar esasy ünsi adamlaryň ýüze çykarmasy kyn, edebiýatda we sungat eserlerinde - Şekspiriň pýesalarynda ýa-da Goýiniň žiwopisinde öz beýanyny tapýan häsiýetleriniň derňewinde jemlemeklige çagyrýarlar. Ýöne edebiýat, sungat, kino, taryh, din adamyň özüni alyp barşyny aňlamakda hakykatdan-da düýpli kömek edip bilýän-de bolsa, şeýle usulda alnan maglumat ylmy derňewde alynýan maglumatdan tapawutlandyrmalydyr. Galybersede, ylmyň häzirki döwürde ähli goýulýan sowallara joap berip bilmeýänigi üçin(mümkin hiç wagt berip hem bilmez), biz şol bir wagtda tejribe arkaly

alnan maglumaty adamlary öwrenmekde ylmy usullary ulanmaklyga mahsus bolan çäklilikleri nazarda tutup netijeli ulanmalydyrys. Adamyň şahsyýetiniň meselelerini **personologlar** öwrenip, bu adalgany Genri Mýurreý şahsyýetiň psihologiýasy ulgamyndaky nazaryýetçileri we taglymatçylary aňlatmak üçin telip edipdi.

Şahsyýetiň psihologiýasynyň beýleki bir maksady – adamlara durmuşdan ýokary kanagatlanma almaga kömek emekdir. Nazaryýeti we tejribe derňewleri ösdürmegi dowam edip, köp say personologlar bugünki günde durmuş kynçylyklaryny ýeňip geçmegiň ýollarynyň has netijeli strategiýasyny agtarmak bilen meşgul bolýarlar. Bu ugurdaky gazanmalaryň hatarynda psihoterapiýanyň täze görnüşleri, dürli owrediji programmalary we adamlara özlerinde bar oňyn mümkinçilikleri açmaga mümkinçilik berýän psihososial gurşawdaky özgertmeleri görkezmek bolar. Bu ugurdaky derňewler şahsyýeti döredijilikli özgertmek nazaryýetiniň tejribe esaslandyrmasy bolup hyzmat edýär.

# Bap 1. Şahsyýetiň psihologiýasy

## 1.1 “Şahsyýet” adalgasy we onuń ugurdaş düşünjeler bilen baglanyşygy

Psihologiýanyň gözbaşyny baryp gadymy greklerde we rimlilerde yzarlamak mümkin. Iki müň ýyl gowrak mundan ozal filosoflar häzir psihologlarda kynçylyk döredýän hut şol bir meseleler dogrusynda çekişmeler gurapdyrlar. Ýöne psihologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde döreýşi resmi jähtde 1879–nji ýyl hasaplanýar. Bu ýylda Wilgelim Wundt Leýpsigde (Germaniýa) psihiki hadysalary tejribede öwrenmek üçin ilkinji tejribehanany(laboratoriýany) esaslandyrýar. Mundan soňky ýyllarda psihologiýa güýçli ösüş döwrüni başdan geçirdi. Ylmy derňewleri meýilleşdirmäge we tejribe maglumatlaryny düşündirmäge mümkinçilik berýän köp sanly dürli konseptual modeller işlenilip düzüldi. Psihologiýanyň häzirki zaman ylmyna ymykly goşulmagynyň dyýpli jahtleriniň biri onuň adamyň şahsyýetini öwrenmegidir. Häzirki zaman şahsyýet psihologiýasynyň esasy maksady ylmy nukdaýdan adamlaryň näme başga hili däl-de, hut şeýle alyp barýandyklaryny düşündirmekdir.Ylmy psihologiýa empiriki-tejribe takyklamaga elýeter ýönekeý, aýdyň taglymlar bilen işlemekligi ileri tutýar. Şeýle hem ol mümkingadar barlagdan geçen we takyk derňew usullaryny ulanýar. Şeýle usulyýet(metodologik) ugrukma zerur çäklendirmeleri göz öňünde tutýar: islendik taglym ýa-da usul şahsyýetiň öwrenilişinde ulanylyp bilmeýär. Şeýl-de bolsa psihologlaryň köpüsi adamyň çylşyrymly tebigatyny düşündirmekde ahyr netijede ilmy çemeleşiş has ähmiýetlidir diýen pikirden ugur alýarlar. Adamyň tebigatyna düşünmeklik adamzadyň bütin taryhynyň dowamynda gyzyklanan meselesidir. Adamyň psihologiki gurluşy şahsyýeti dogrusyndaky derňewleriň köplügine garamazdan, adamyň özüni näme üçin şeýle alyp

barmaýanlygy heniz doly tapylan däldir. Antropologiýa, fiziologiýa, pedagogika we ş.m. ylymlar bilen bir hatarda şahsyýetiň psihologiyasynyň hem öwreniş obýekti adamdyr. Adamyň indiwid we şahsyýet düzüjileriniň arasynda şahsyýetiň psihologiýasynyń dersi adamyň ruhy şahsyýet tarapyndadyr. Adamyň indiwid hökmündäki öwrenilşi bolsa biologiýanyň, fiziologiýanyň dersi bolup durýar. Şahsyýetiň psihologiýasy has gysgaldylyp aýdylanda, adamyň özüni näme üçin başga hili däl-de, hut şeýle alyp barýanlygyny anyklamakdan ybaratdyr. Bu mesele biziň döwrümizde has derwaýyşdyr. Adamzat jemgyýetinde ýüze çykýan ekologik weýrançylyk, neşekeşlik, terrorçylyk we ş.m. ýaly nogsanlyklar adamyň hut özüniň günäsi boýunça ýüze çykýanlygy sebäpli, şahsyýetiň psihologiýasyny öwrenmegiň ähmiýeti örän uludyr.

Şahsyýet hem öz gezeginde edebiýat taglymaty, psihologiýa ýaly gumanitar-ynsanperwer ylymlaryń umumy öwreniş obýekti bolup, bu ylymlaryń her biri özüne laýyklykda öwreniş jähtini (aspektini) saýlap alýar. Şahsyýet diýlende ilki bilen pikire gelýän zat onuń özboluşly gaýtalanmaz hadysa bolup durýanlygydyr. Kähalatlarda şahsyýeti bahalandyryşly häsiýetnamada kesgitleýärler. Meselem: A-“gowy adam”, D-“ýakymsyz adam” we ş.m, kähalatlarda bolsa şahsyýete berilýän kesgitlemede onuń ońyn ýa-da ońyn däl häsiýetnamasy näbelli bolup galýar. Meselem: Ç - “üýtgeşik adam”, R - “gaytalanmajak adam” we ş.m. Bu ýerde “üýtgeşik”, “gaytalanmaz” ańlatmalarynyń ońyn (položitel) ýa-da ońyn däl (otrisatel) manydalygy belli bolman galýar. Kä halatlarda hünärmen däl adamlar tarapyndan şahsyýeiň kesgitlenilşi, bahalandyrylşy häsiýetde bolýar.(meselem: “Aman gowy adam”, “pylany erbet adam” we ş.m..). Şeýle häsiýetlendiriş ylmy psihologik çemeleşe laýyk däldir. Şahsyýetiň ylmy psihologik öwrenilişi, bir tarapdan, onuň bütewi gurluşyny ýüze çykarmak bilen bir hatarda onuň esasy düzüm böleklerini anyklamaklykdan ugur alýar (Meselem:

Newrotiki şahsyýet tipi diýilende, onuň tutuş alamaty bilen bir hatarda, karara gelmekde, pikirjemlemek, galagoplylyk, pikirini jemläp bilmezlik daşyndakylaryň öwrenmekligini gazanmaga çalyşyp, ýöne bu ugurda işjeň hereket etmezlik öz bähbidiňe garap, üstünlige ymtylmaklyk ýaly newrozyň häsiýetleri hem ýüze çykarýarys).

Ön aýdylyşy ýaly, şahsyýet günbatar dillerinde “persona” atlandyrylyp ol ilki-ilkiler gadymy grek teatrynda aktýoryň ýüzüne tutýan nikabyny - maskasyny aňladyp, sonra aktýoryň oýnaýan roluny aňladyp, ahyrsoňunda bolsa aktýoryň hut özüni anladypdyr. Görnüşi ýaly, şahsyýete ilkinji düşüniliş onun esasan daşky tarapyny häsiýetlendirmek bilen baglanşykly bolupdyr. (Ýeri gelende bellesek, adaty adamyň beýlekileriň şahsyýetini öwrenişi hem köp derejede şu görnüşde bolýar). Has soňky döwürlerde bolsa, persona aktýoryň hut özüňi aňlatmakda ulanylypdyr. Şahsyýet ylmy psihologik jähtden eksperimental-tejribe esasda öwrenilmäge degişlidir. Emma käbir psihologlar bolsa şahsyýeti tejribe tarapdan derňemeklik onuň has içgin, gös-göni kabul edilmeýän mazmunyny ýüze çykaryp bilmeýän diýen pikiri ýöredýärler. Olaryň pikiriçe şahsyýet edil çeper edebiýatdaky ýaly onuň maksat goýulmalaryny, kynçylygy ýeňip geçmeleri, öz özüňi kämilleşdirilmegi görnüşinde öwrenilmelidir.

Biziň häzirki günlerimizde hem şahsyýete şeýle düşüniliş psihologiýasynyň käbir ugurlarynda duş gelýär. (bihewiorizm, interaksionizm).

Hakyky ylmy jähtden bolsa şahsyýetiň kesgitlenilşi, bahalandyrylşy däl-de, onuň aňly-huşly edenine we niýetine jogap berip bilýän, işe ukyply şahsyýet aragatnaşyklary guramaga başarnygy bar bolan häsiýetleri esasy orunda durýar.

Dürli psihologik ylym ugurlarynda şahsyýeiň kesgitlemesinde onuň içki mazmun ýa-da daşky hereket tarapy birinji orunda tutulýar. Meselem: K.Rojers şahsyýeti öz ykbalyny özi kesgitleýän öz-özünelik hökmünde berse,

G.Olport ony adamyň daşky dünýä bilen aragatnaşygynda durnuklylyk döredýän içki hadysa hökmünde kesgitleýär. Sowet psihology A.N.Leýontew şahsyýeti adamyň işiniň we motiwleriniň dürli görnüşleriniň bir-birine tabyn ulgamy häsiýetde kesgitlese, K.Platonow ony äňly-düşünjeli, işe, herekete, pikirlenmä ukyply gurluş görnüşinde kesgitleýär we ş.m. A.G.Kowalew bolsa, şahsyýeti zähmetiň, pikirlenmäniň we aragatnaşygyň obýekti we subýekti görnüşde kesgitleýär. L.I.Božowiçiň nazaryýetinde şahsyýet köp derejede motiw-gatnaşyklaryň toplumyna, ýagny şahsýetiň gönükdirilmesine syrykdyrylýar.

Şahsyýetiń ylmy öwrenilişiniń başlangyjy XIX asyryń ahyryna, XX asyryń başlaryna gabat gelýär. Şahsyýetiń ylmy öwrenilişinde ýokarda agzalan bahalandyryşly kesgitleme kabul edilen däldir. Ylmy şahsyýetnama - personologiýa şahsyýetiń gowy ýa-da erbetligi bilen gyzyklanman onuń obýektiw gurluşyny açyp görkezmäge ymtylýar. Başgaça aýdanyňda, bu ýerde şahsyýetiň öwrenilişi etiki- filosofiki häsiýetde bolýar. Şahsyýetiń ylmy öwrenilişiniń birnäçe ugrlary bardyr. Meselem: K. Rojersiń taglymatynda şahsyýetiń öz-özüneligi onuń guramaçylykly gaýatlanmaz, durnukly gurluşy bolup durýanlygyny nygtaýan bolsa, J. Kelliniń şahsyýet tgalymatynda ol öz gaýtalanmaz tejribesini ońlaýan we ońa üznüksiz düzediş girizýän gurluş hökmünde seredýär. A. Banduranyń taglymatynda bolsa, şahsyýet özüniń ońyn we ońyn däl hereketleri hoşamat ýa-da temmi bilen berkidilip durýan we onuń netijesinde belli bir häsiýetler döredýän mazmun görnüşinde seredýär.

## 1.2 Şahsyýetiň dürli nazarýetlerde düşündirilişi

“Şahsyýet” adalgasynyň birnäçe özboluşly manysy bardyr. Akademiki psihologiýanyň düzüminde aýratyn bölüm onuň derňewi bilen meşgul bolýar. Şasyýet hakyndaky ylym –

personologiýa dürli derňew ştrategiýalaryny ulanmak arkaly adamyň indiwidallygyna gowy düşünmeklige binýat döretmäge synanyşýan dersdir. Şahsyýetiň psihologiýasynyň başga özboluşly tarapy – ol ýa-da beýleki takyk ýagdaýy öwrenmekde, düşündirmekde, geljegini çaklamakda, esaslandyrylan çözgütlere gelmekde bahalandyryş usullarynyň aýratyn ähmiýetliligidir. Bu usullara interwýu, test, syneme we özüňi alyp barşy hasaba almak, fiziologik reaksiýalary ölçemek,terjimehal we şahsy resminamalary seljermek deişlidir. Galybersede şahsyýet bozulan, patologik özüňi alyp barşa düşünmäge bejermäge ýardam adýän derňewler üçin hem seljerme obýektidir. Şahsyýeti öwrenmeklige birnäçe çemeleşişler( meselem, psihodinamiki, kognitiwistik ýa-da fenomenologik) özüňi alyp barşyň bozulmalarynyň mazmunyna düşünmäge we olary aradan aýyrmagyň ýollaryny anyklamaklyga baý çeşme bolup hyzmat edýär. Şol bir wagtyň özünde häzirki zaman şahsyýet psihologiýasyny patopsihologiýa ýa-da kliniki psihologiýa bilen gatyşdyrmak bolmaz. Derňew obýektine mümkingadar aýdyň düşünmek üçin personologlar indiwidiň kadadan sowulýan bozulmalaryna däl-de, onuň normal özüni alyp barşyna ýüzlenmegi maksadalaýyk hasaplaýarlar. Başga bir tarapdan, şahsyýetiň psihologiýasy psihologiýanyň beýleki derslerinden özüniň adamlaryň arasyndaky indiwidual aýratynlyklara ähmiýet berýänligi üçin
özbaşdak ugra öwrüldi. Personologlar adamlaryň özüni alyp baryş usullarynda meňzeşligiň bardygyny ykrar etseler-de, olar ilkinji nobatda olaryň bir-birinden nähili we näme üçin tapawutlanýandygyny düşündirmäge çalyşýarlar.

Şahsyýet derňew obýekti bolmak bilen şol bir wagtda adamy häsiýetlendirýän köp hadysalary (emosiýa-duýgular, motiwasiýa, pikirler, syzylyş, kabul ediş we hereketler) birleşdirýän sowa(abstrakt) düşünjedir. Emma şahsyýeti düşünje hökmünde indiwidiň hereketlenişiniň haýsydyr bir

tarapyna syrykdyrmak bolmaz. Şahsyýet düşünjesiniň manysy köptaraplaýyn bolup, ol adamyň dürli ýagdaýlarda özüni alyp barşynyň özboluşlylygyny döredýän içki psihiki hadysalaryň giň ulgamyny öz içine alýar. Bu düşünjäniň haýsydyr bir ýönekeý kesgitlemesine soňky hakykat hökmünde seretmek bolmaz. Hat-da psihologiýanyň öz çäginde hem biz bu adalganyň ýeketäk, ähliumumy kabul edilen mazmunyny tapyp blmeýäris – onyň köpdürlüligi bu meseläni çözýän psihologlaryň sanyna barabardyr.

Islendik taglymat öz teswirleýin hadysasynyň dürli ýagdaýlarda nähili boljakdygyny öňünden salgy berip bilmese, ol ähmiýetsizdir. Ylmy esasda şahsyýetiň ol ýa-da beýleki nähili özüni alyp baryş nusgasyny çykaryp biljekdigini kesgitläp bilmeklik taglymatyň nazaryýet we amalyýet ähmiýetini ýokarlandyrýar. Eýsem şahsyýete degişlilikde taglymatyň düşündiriji funksiýasy nämeden ybarat? Aýdaly adaty adamlar we psihologlar islendik çaga 3-5 ýaş aralygynda ejesine has golaý durup, kakasyndan daşlaşýar, sowaşýar diýen hadysa bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Munuň sebäbini düşündirmek üçin ýörite taglymat esaslandyrmaly bolýar. Şeýle düşündiriji taglymatyň biri, ylalaşmasy kyn hem bolsa, Z.Freýd tarapyndan esaslandyrylandyr. Onuň pikiriçe ejesini diňe özüne hyzmat edýän diýip düşünýän çaga (oglan) birden-kä kakasynyňda bu hyzmatdan peýdalanýandygyna göz ýetirýär. Ol kakasyny gabanyp ugraýar, eger-de dartgynlyk mykalatly çözülmese, çaganyň şahsyýet hökmünde ösüşine newrotiki gyşarmalar aralaşýar. Biheweral taglymaty bolsa, şahsyýetiň ösüşindäki islendik gyşarmalary nädogry öwredíliş we onuň berkidilmegi bilen baglanşdyrýar (SR – stimul we reaksiýa). Türkmenleriň “dişiniň arasynda et galdy”, “edeni öňünden geçdikä” ýaly pähimleri hem şu taglymata laýykdyr.

Şahsyýeti sypatlaryň üsti arkaly öwrenmek taglymatyny esaslandyran G.Ollport sahsyýetiň sypatlarynyň esasy 3 görnüşini ýüze çykarýar. Olar aşakdakylardyr:

1. Kardinal - baş sypatlar;
2. Esasy sypatlar;
3. Ýüzleý sypatlar;

Bu sypatlar bir-birlerinden özleriniň jemleýjilik we çuňluk derejelri boýunça tapawutlanýarlar.

Adyndan görnüsi ýaly, **kardinal sypatlar** - bu adamy ýakyn ýa-da dasky gursawa däl-de, eýsem, tutus sebitde, hatda dünýä mesgur edýän, tanadýan, sahsy häsiýetlerdir. Meselem: rehimdarlykda Tereza enänin, aýalbazlykda Don Žuanyň, janly ulgamy goldamakda Sweýseri we beýlekileri ähliumumy nusga hökmünde görkezýärler. Terbiýänin maksada ylaýyklygyna baglylykda dine bir taruha giren sahsyýetler däl-de eýsem, adaty sahsyýetlerin hem aýry-aýry sypatlary dürli ýagdaýda birmenzesligi ýüze çykysy boýunça kardinal sypatlaryn derejesine ýetip biler.

**Esasy sypatlar** hökmünde Ollport adatça adamlara tekliphaty hökmünde berilýän has/da ulanylýan häsiýetleri görkezýär: doruçyllyk, tertiplilik, ýerine ýetirijilik, hökmanlylyk we s.m. Bu sypatlaryn adaty mysallarydyr. Olpart dürli ýasdaky adamlar toparyndan soramak arkaly adamda esasy sypatlaryn ortaça dokuzdan ýokary geçmeýänligini anyklapdyr.

Sahsyýetin ýüzleý sypatlaryna adamyn ol ýa-da beýleki ýagdaýda döreýän geldi-geçer pursatlaýyn talaplar, çäklendirmeler boýunça ýüze çykarylýan häsiýetler degislidir. Seýle häsiýetler sahsyýete gylyk hökmünde mahsus bolmaýar. Meselem: ýol düzgünini bozan sürüji gylygy boýunça örän gödek hem bolsa, emma awtoinspektor talonyny desmekçi bolanynda ol ýokary drejedäki ýumsaklygy, salyhatlylygy, süýji dilliligi ýüze çykýar. Bu häsiýetler ona laýyklykda ýüzleý sypatlardyr.

Olpartyn sahsyýet taglymatyna laýyklykda ýene-de bir seredilýän mesele, ol hem bolsa sahsyýetiň sypatlarynyň onun zat - predmet ulgamyna gönükdirilmesi boýunça görnüşlerini

ýüze çykarmakdyr. Muňa laýyklykda Olpart sahsyýetiň sypatlarynyň teoretiki - taglymat gönükdirilmesini (bu hili adamlar üçin hakykaty ýüze çykarmak esasy zat bolup durýar), ykdysady - ekonomiki gönükdirilmesi (bu hili adamlar her bir zadyň peýdasyny ýüze çykarmak aýgytlaýjy zat bolýar), estetiki-kasanlylyk gönükdirmesini (zatlaryn gözelligini ýüze çykarmaklyga ýykgyn etmeklik) we beýlekiler esaslandyrylýar. Şol bir wagtyň özünde Olpardyň sahsyýet taglymaty belli bir sowallar hem döredýär. Bu sowallaryň in esasysy "Sahsyýetiň sypaty bilen onuň özüňi alyp barşy mydama bir-birine gabat gelýärmi?" diýen sowaldyr. Psihologlaryň belli bir bölegi muňa inkär ediji jogap berýärler. Olaryň pikiriçe sahsyýetiň sol bir sypatynyň intelgentlilik ýaly sypaty bolaýmasa dürli ýagadaýda olaryň ýüze çykysyny yzarlamak basartmaýar. Ikinji tarapdan, sol bir sypat dürli ýagdaýda ýüze çykýan ýaly bolup görünmeginiň esasy sebäbi ol sypatyň durnuklylygy däl-de eýsem, olara degislilikde dasyndan synlaýanlaryň stereotipleri (bölekden haýsydyr bir sypatlary umumylasdyryp, belli bir netijä gelmeklik) ulanmagy esasy sebäp bolýar.

Dürli psihologik ylym ugurlarynda şahsyýeiň kesgitlemesinde onuň içki mazmun ýa-da daşky hereket tarapy birinji orunda tutulýar. Meselem: K.Rojers şahsyýeti öz ykbalyny özi kesgitleýän öz-özünelik hökmünde berse, G.Olport ony adamyň daşky dünýä bilen aragatnaşygynda durnuklylyk döredýän içki hadysa hökmünde kesgitleýär. Sowet psihology A.N.Lýontew şahsyýeti adamyň işiniň we motiwleriniň dürli görnüşleriniň bir-birine tabyn ulgamy häsiýetde kesgitlese, K.Platonow ony äňly-düşünjeli, işe, herekete, pikirlenmä ukyply gurluş görnüşinde kesgitleýär we ş.m.

Şahsyýetiń ylmy öwrenilişiniń başlangyjy XIX asyryń ahyryna, XX asyryń başlaryna gabat gelýär. Şahsyýetiń ylmy öwrenilişinde ýokarda agzalan bahalandyryşly kesgitleme kabul edilen däldir. Ylmy şahsyýetnama - personologiýa

şahsyýetiń gowy ýa-da erbetligi bilen gyzyklanman onuń obýektiw gurluşyny açyp görkezmäge ymtylýar. Şahsyýetiń ylmy öwrenilişiniń birnäçe ugrlary bardyr.

Meselem: K. Rojersiń taglymatynda şahsyýetiń öz-özüneligi onuń guramaçylykly gaýatlanmaz, durnukly gurluşy bolup durýanlygyny nygtaýan bolsa, J. Kelliniń şahsyýet tgalymatynda ol öz gaýtalanmaz tejribesini ońlaýan we ońa üznüksiz düzediş girizýän gurluş hökmünde seredýär. A. Banduranyń taglymatynda bolsa, şahsyýet özüniń ońyn we ońyn däl hereketleri hoşamat ýa-da temmi bilen berkidilip durýan we onuń netijesinde belli bir häsiýetler döredýän mazmun görnüşinde seredýär.

## 1.3 Şahsyýetiň ylmy-psihologik taglymatlary

“Şahsyýet” sözi rusça “личность», iňlis dilinde “personality”, latyn dilindäki “persona” sözünden gelip çykýar. Ilki döwürde bu söz gadymygrek dramasynyň teatrda görkezilişindäki aktýorlaryň ýüzüne tutýan nikabyny(maska) aňladypdyr. Bu adalga aslynda teatr hereketinde gülküli(komiki) ýa-da gynançly(tragiki) figuralary aňladypdyr. Şeýlelikde “şahsyýet” düşünjesi ilki başdan adamyň belli bir durmuş rollaryny oýnanda kabul edýän daşky, ýüzleý, beýleki adamlara gönükdirilen haýsydyr “ýüz tutusy”, jemgyýetiň wekili hökmündäki sosial keşbine goşulandyr. Bu pikir şahsyýeti ýakymlylygy, jemgyýetde özüni alyp barmak başarnygy, meşhurlygy, fiziki gözegelimliligi we beýleki sosial ýaramly häsiýetnamalary boýnça bahalandyrýan häzirkizaman hühärmendäl adamyň pikiri bilen gabat gelýär. Şeýle çemeleşiş “Aman tapdyrygsyz adam” we “Berdi ýakymsyz adam” görnüşdäki pikir jemlemeleri döredýär. Şahsyýete şeýle düşüniliş keşp(imij) döretmek boýunça guralýan okuwlarda “sizi şahsyýet ederin” diýip berilýän wadalarda öz beýanyny tapýar. Bu garaýyş şahsyýetiň ýerliginde öwrenilýän özüňi

alyp barşyň köp aýratynlyklaryndan sowulýanlygy üçin ylmy psihologiýanyň çäginden daşdadyr.

Şahsyýet indiwiduallygyň has ýiti we göze ilýän häsiýetnamalary görnüşinde hem kesgitlenýär. Meselem, adamyň ýygralygynyň ýa-da aragatnaşyga meýilliliginiň onuň has häsiýetli sypatlarydygyny hazarda tutup oňa “sözleýşe göwünjeň şahsyýet” ýa-da ”ýygra şahsyýet” diýip bolýar. Şuňa meňzeş mysallarda şahsyýetiň daşyndakylarda döredýän täsiri bilen gatyşdyrylýanlygynygörmek bolýar. Gynansakda adalganyň şeýle adaty pikir derejede ulanylyşynda adamyň takyk ýagadaýlara baglylykda dogumly ýa-da ýygra bolup bilýänligi ünsden düşürilýär. Üstesinede “şahsyýet” adalgasy köp sanly personologlaýň düşünişinde adamyň gylygyny ýa-da onuň sosial endiklerini bahalandyrmagy göz öňünde tutmaýar. Biz Aman hakynda “adaty däl şahsyýet” diýýän bolsak onuň hoşniýetliligini, dogruçyllygyny ýa-da beýleki adamlara kömek bermäge döwtalaplylygyny göz öňünde tutýarys. Ýöne şahsyýeti öwrenýän psihologlar häsiýetnamany bahalandyryş manysynda ulanmaýarlar (başgaça aýdanyňda şahsyýeti gowy we erbede bölmeýärler).

Şahsyýet düşünjesiniň psihologiýada many köpdürlüligine göz ýetirmek üçin bu ugurda ykrar edilen at-abraýlaryň pikirlerine ýüzleneliň. Meselem, Karl Rojers şahsyýeti öz-özüneleigiň adalgasynda beýan edýär. Öz-özünelik bu biziň duýgy syzyşymyzyň iň bir merkezi bölegini düzýän guramaçylykly, uzakwagtlaýyn, subýektiw kabul edilýän gurluşdyr. Gordon Olport şahsyýeti indiwidiň hakykatda boluş ýagdaýy, adamyň dünýä bilen özara täsiriniň mazmunyny kesgitleýän içki “haýsydyr bir zat” görnüşde häsiýetlendirýär. Erik Eriksonyň düşündirişinde indiwid ömrüniň dowamynda birnäçe psihososial krizisleri geçip, şahsyýet bolsa krizisiň netijeleriniň funksiýasy görnüşde ýüze çykýar. Jorj Kelli şahsyýeti her bir indiwide mahsus durmuş tejribesini aňlamagyň gaýtalanmaz usuly hökmünde seredýär. Raýmond

Kettel düýpgöter taglymy teklip edip, oňa laýiklykda şahsyýetiň gurluşynyň ýadrosy on alty ilkinji sypatlar arkaly döredilýär. Galybersede Albert Bandura şahsyýeti indiwidiň, öžüňi alyp barşyň we ýagdaýyň üznüksiz özara täsiriniň çylşyrymly nusgasy(patterni) görnüşde seredýär. Getirilen taglymlaryň meňzeş dälligi şahsyýetiň mazmunynyň dürli nazaryýet nukdaýdan seredilende ilki başdaky “daşky sosial keşp” taglyma garanda has köpgranlylygyny görkezýär. Ol özünde has möhümliligi, düýplüligi we hemişeliligi jemleýär. Bu düýpli ylalaýykdan başgada şahsyýetiň nazary kesgitlemeleriniň köpüsi özünde aşakdaky umumy düzgünleri jemleýär:

Kesgitlemeleriň köpüsinde indiwiduallygyň we indiwidual aýratynlyklaryň ähmiýeti nygtalýar. Şahsyýetde aýratyn sypatlar bolup, olar arkaly şol bir adam beýleki ähli adamlardan tapawutlanýar. Haýsy özboluşly sypatlaryň ýa-da olaryň toplumynyň bir şahsyýeti beýlekiden tapawutlandyrýanlygyna diňe indiwidual aýratynlyklary öwrenmek arkaly düşünmek mümkin.

Kesgitlemelerň köpüsinde şahsyýet haýsydyr çaklama-gipotetiki gurluş ýa-da düzüm görnüşinde ýüze çykýar. Indiwidumyň özüni alyp barşy iň bolmanda bölekleýin gös-göni synlama elýeret bolup, şahsyýet tarapyndan guralan ýa-da jemlenendir. Başgaça aýdanyňda şahsyýet bu adamyň özüni alyp barşyny synlamak arkaly gelnen netijelere esaslanýan sowalyk-abstraksiýadyr.

Kesgitlemelriň köpüsinde şahsyýeti indiwidumyň durmuş taryhy ýa-da ösüşiniň gelejegi(perspektiwasy) bilen baglanyşyklykda seretmegiň möhümligi nygtalýar. Şahsyýet ewolýusion prosesde içki we daşky şertleriň( şol sanda nesil-genetiki we biologik taýarlygy, sosial tejribäni we gurşawyň üýtgeýän şertlerini özünde jemleýän) subýekti hökmünde çykyş edýär.

Kesgitlemeleriň köpüsinde şahsyýet özüňi alyp barşyň durnukly görnüşlerine “jogap berýän” häsiýetnamalary boýunça berlendir. Şahsyýet wagt dowamlygy we ýagdaýlaryň özgermesinde, umuman, çendan üýtgewsiz we hemişelikdir; ol wagt jähtden we gurşaw giňişliginde üznüksizlik duýgysyny üpjün edýär.

Ýokarda getirilen meňzeşliklere garamazdan şahsyýetiň kesgitlemesi dürli awtorlarda düýpli özboluşlydyr. Ol ýa-da beýleki alyml ýa-da beýleki alymyň “şahsyýet” adalgasyna nähili düşünýändigini anyklamak üçin taglymaty düýpli sypatlarynda seljermelidir. Taglymaty düýpli barlamak awtoryň esaslanýan özüňi alyp barşyň görnüşlerini hem-de bu özüňi alyp barşy öwrenmekde ulanylan özboluşly usullary ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Ýene-de bir bellemeli zat şahsyýetiň ol ýa-da kesgitlemelriniň aňrybaş hakykat ýa-da nädogry bolmagy hökman däldir, olar psihologlara derňewde, adamyň özüni alyp barşyny düşündirmekde belli bir derejede peýdaly bolmalydyr.

“Jemgyýetde amalyýet taglymatsyz kör, taglymat amalyýetsiz boş” diýen adalatly pähim bardyr. Bu şahsyýetiň psihologiýasyna degişlilikde hem hut şeýledir. Şahsyýet – çaklama-gipotetiki (maddy-fiziki däl-de) gurluş bolup durýanlygy üçin, onuň gurluşyny ýüze çykarmak taglymata bagly bolýar. Taglymat, bir tarapdan, anyk tejribe maglumatlary toplamaga esas bolup, ikinji bir tarapdan, alynan tejribe maglumatlar esasynda taglymatyň özi çuňlaşýar, kämilleşýär.

Özüniň aňrybaş wajyplygyna garamazdan, şu güne deňiç şahsyýeti ylmy taydan derňemegiň ähliumumy kabul edilen çemeleşişi ýokdur. Şonuň üçin bu dersde şahsyýediň öwrenilişine gönükdirilen dürli-dürli taglymatlar seredilip, olaryň şahsyýediň haysydyr bir tarapyna degişlilikde ulanylmaga oňaýlylygy beýan edýär.

Taglymat - bu anyk beýan edilen, logiki esaslandyrylan ideýalaryň, düzgünleriň jemi bolup, ol obýektiw hakykatyň haysydyr bir synalnylýan tarapyna düşünmäge mümkinçilik berýär.

Eger-de şahsyýeti daşyndan synlanylýan häsiýetler esasynda düşündirip bolýan bolsa, onda hiç hili taglymata zerurlyk bolmazdy. Şeýle mümkinçiligiň ýoklugy sebäpli, derňew geçirýän adam şahsyýediň durky barada belli bir çaklamalar döredip, olaryň hakykata laýyklygyny tejribe barlagynda subut etmeli bolýar.

Islendik taglymatyň :

1. Duşündiriji.
2. Öňünden salgy beriji

wezipeleri, funksiýalary bardyr. Taglymatyň duşündiriji funksiýasy şahsyýeti guramaçylykly we şu mynasybetli düşnükli bolýan gurluş hasaplamakdan ugur alýar. Şonuň esasynda hem şahsyýetiň dürli ýagdaýlarda we wagtlarda özüni alyp barşynda ýüze çykarýan hadysa görnüşinde düşündirmeklige çalyşýar. Eger-de taglymatyň şeýle mümkinçiligi bolmasa, biz, aýdaly, kiçijik Raýmondyň näme üçin ejesini gowy görüp, kakasyny bolsa, halamaýandygyny düşündirip bolmaz .

biz aýdaly, çagalaryň irki mekdebe çenli ýaş döwründe şeýle ýagdaýy başdan geçirýänligini anyklamazdan, soňra ýagdaý köp derejede ýeňilleşýär. Psihoanalitiki taglymat esasynda biz bu hadysany psihiki ösüşiň belli bir dpwri bilen baglanyşdyrsak, onda bu hadysanyň düsündirilişi hasda aýdyňlaşýar.

Taglymatyň ikinji bir funksiýasy öňunden salgy bermekligidir. Başgaça aýdanyňda, şahsyýediň degişli taraplaryny diňe bir duşündirmek bilen çäklenmän, şu pursatda ýok, emma geljekde ähtimal ýüze çykjak ýagdaýlarda öňünden aýdyp bilmeklikdir.

Geliñ, ýokarky mysalymyzy dowam edeliñ. Eger mundan hem beyläk ejesi Raýmondy uly mähir bilen gurşap alsa, kakasy bolsa önki sowuklygyny saklasa, bu ýagdaýyñ gelejegini göz önune getirmek kyn däldir. Islendik çaklama pikir ýöretme arkaly döredilýän zatlaryñ köplenç takyk bolmaýşy ýaly şahsyýetiñ taglymatlarynyñda hakykata golaýlygy dürli-dürli bolýar. Derñew alyp barýanyñ adamyñ tebigatyna özüçe düşünişine laýyklykda şahsyýetiñ taglymatyny dörediji̇ler hem ony öz pähimine görä esaslandyrýarlar.

Meselem: A. Maslou şahsyýeti öz hereketlerini erkin we anlanylýan görnüşde kesgitläp bilýän gurluş hökmünde beýan edýär. Z. Freýd bolsa, tersine, şahsyýetiñ özüni alyp barşyny añlanylmaýan instinktiw hadysalar bilen dolandyrylýan mazmun görnüşinde göz önune getirýär.

Eger-de islendik taglymatyń haýsydyr bir çylşyrymly obýektiń bir tarapyny açyp görkezýänligi nazarda tututlsa, onda taglymatlary gowy ýa-da erbet diyip toparlara bölmek, kakykata laýyk däldir. Başga bir tarapdan hakyky taglymat belli bir talaplary kanagatlandyrmalydyr.şeýle talaplar bolsa öz gezeginde, taglymatyń bahalandyrylyşynyń şertlerini düzýär. Taglymaty bahalandyrmagyń esasy şertlerine aşakdakylar degişlidir:

1. Taglymatyń werifikasiýasy – anyk barlamaga mümkinçilik berşi.
2. Taglymatyń ewristik häsiýeti – taglymatyń täze pikirleri, açyşlary ugrukdyrmak mümkinçiligi.
3. Taglymatyń içki ylaşyklylygy.
4. Taglymatyń tygşytlylygy.
5. Taglymatyń ýaýrańlylygy.
6. Taglymatyń funksional hyzmat ähmiýetliligi.

## 1.4 Şahsyýetiň taglymatynyň düzüm bölekleri

Bellenilişi ýaly taglymatyň esasy funksiýalary öňden mälim zatlary düşündirip, entek belli bolmadyklaryny öňünden çaklamaklyga syrykdyrylýar. Düşündiriji we öňündengörüji funksiýalarynda başgada taglymat düýpli sowallary we meseleleri goýýar. Taglymat näne hakynda pikir ýöredýär? Haýsy düzüm bölekleri özünde jemleýär we adamyň özüni alyp barşyny yzygider we logiki düşündirmek üçin bu düzüm bölekler nähili gurluşda esaslandyrylmaly? Başgaça aýdanyňda şahsyýetiň taglymatlary öz gezeginde "kiçi taglymatlardan" ybarat bolup, olaryň her biri psihologiýanyň seredýän aýry-aýry sowallarynda we temalarynda jemlenýär. Bu bölümde biz gönejaý hasaplanýan taglymatyň çözmeli alty sowalynyň üstünde durup geçmekçi. Bu temalar şahsyýetiň taglymatynyň nazary esasyny düzüp, taglymatyň mazmunyny açyp, onuň ulanylyşynyň çäklerini kesgitleýär.

Islendik ylmyň esasy hereketlendirijisi onuň taglymatlarydyr. Taglymat - ylmyň dersi dogrusyndaky esasy düşünjeleriň, düzgünleriň kadalaşdyrylan ulgamydyr.

Taglymat esasan 2 funksiýany - hyzmaty amala aşyryp, olaryň 1) düşündirmek hyzmaty; 2) öňünden aýdyp bermek hyzmatlarydyr.

Çaklama - gipoteza häsiýeti islendik taglymata mahsus bolup, emma şahsyýetiň taglymatyna laýyklykda çaklamanyň agramy has-da uludyr. Sebäbi şahsyýetiň islendik diýen ýaly düzüm gurluşy çaklama esasynda döredilip, şeýle mazmunda hem ulanylýar.

Şahsyýetiň taglymaty aşakdaky düzüm bölekleri öz içine alýar:

1)şahsyýetiň gurluşy - strukturasy;
2)Motiwasiýasy;
3)şahsyýetiň ösüşi;

4)psihopatalogiýasy;
5)psihiki saglygy;
6)şahsyýetiň psihoterapewtiki täsiri esasynda özgerdilişi;

**Şahsyýetiň gurluşy**

Islendik şahsyýet taglymatynyň esasy sypaty adamyň dürli ýagdaýlarda we dürli wagtlarda ýüze çykarýan çendan üýtgewsiz häsiýetnamalary bilen iş salyşýan **gurluş nazaryýetleridir**. Bu durnukly häsiýetnamalar adamyň psihikasynyň esasy gurluş bloklary bolup hyzmat edýär. Bu babatda olar tebigy ylymlardaky atom we öýjük ýaly düşünjelere manydaşdyr. Ýöne gurluş nazaryýetleri tebigaty boýunça çaklama häsiýetdedir. Olary, meselem, beýniniň neýrony ýaly mikroskop astynda görüp bolmaýar.

Gurluş nazaryýetleriň iň bir meşhur görnüşi **şahsyýetiň sypatlary** nazaryýetidir. Sypat adamyň dürli ýagdaýlarda belli bir durkda özüni alyp barmak durnukly häsiýeti ýa-da ymtylmasydyr. Şahsyýetiň sypatynyň adaty mysallary lebizlilik, soňunsaýmazlyk, duýgurlyk we ýygralykdyr. Şahsyýetiň sypatlaryny öwrenmek ugrundaky tanymal üçlük bolan Gordon Ollport, Reýmond Kettel we Gans Aýzenk şahsyýetiň gurluşyny özüňüi alyp barşyň esasynda durýan gipotetik-çaklama sypatlaryň adalgasynda göz öňüne getirmeklikligi maksadalaýyk hasaplaýarlar.

Seljermäniň başga bir derejesinde şahsyýetiň gurluşy **şahsyýetiň tipleri** nazaryýetiniň kömegi bilen häsiýetlendirilýär. Şahsyýetiň tipi aýdyň çäkli, özbaşdak kategoriýany emele getirýän köp sanly dürli sypatlaryň jemi görnüşinde beýan edilýär. Bu nazaryýetler sypatlar bilen iş salyşýan nazaryýetler bilen deňeşdirilende özüňi alyp barşyň has durnukly we has jemlenen häsiýetnamalaryny göz öňünde tutýar. Adamlaryň durli derejedäki köp sanly sypatlary özünde jemleýändigi üçin olary ol ýa-da beýleki tipe degişlilikde häsiýetlendirýärler. Meselem, Karl Gustaw Ýung adamlary introwert we ekstrawert ýaly iki kategoriýa bölýär.

Şahsyýetiň taglymatlary şahsyýetiň gurluşyny häsiýetlendirmekde ulanýan nazaryýetleri boýunça tapawutlanýar. Käbir taglymatçylar köp sanly düzüm bölekleri bir biri bilen baglanyşýan, ýokary derejedäki çylşyrymly we çuňňur işlenen gurluşlary teklip edýärler. Freýd tarapyndan teklip edilen şahsyýetiň id, ego we superego ýaly üç derejesi onuň gurluşyny we hereketlenişini çylşyrymly beýan etmegiň aýdyň nusgasydyr. Beýleki taglymatçylar, tersine, çäkli düzüm bölekleri we olaryň arasynda az sanly baglanyşyklary bolan has ýönekeý nusgalary teklip edýärler. Mysal hökmünde şahsyýetiň gurluşyny çendan hemişe ölçemek üçin kognitiw psihologiýanyň wekili Jorj Kelliniň telkip eden şahsyýetiň konstruktlary taglymatyny görkezmek bolar.

Şeýlelikde şahsyýete islendik çemeleşiş adamyň özüni alyp barşynyň durnukly, üýtgewsiz tarapynyň nämeden ybaratdygy dogrusyndaky sowala öz jogabyny bermelidir. Gurluş meselesi, onuň guralyşy we indiwidiň hereketlenişine edýän täsiri şahsyýetiň ähli taglymatlarynyň esasy düzüjisidir.

Şahsyýetiň gurluşy onuň düzümindäki iň bir durnukly adamyň işiniň dürli taraplarynda we dürli wagtlarda ýüze çykýan düzüjisidir. Ýokarda bellenilşi ýaly şahsyýetiň gurluşynda çaklama - gipotesiki mazmundaky hadysadyr. Beýle diýildigi eger tebigy ylymlaryň dersiniň esasy gurluş birligi bolup durýan kletka - öýjük ýa-da atom mikroskopda görlüp bolýan bolsa, şahsyýetiň düzüm birligi bolan onuň sypatyny, häsiýetini hiç hili gural bilen görüp bolmaýar. Şahsyýetiň şeýle düzüm birligi hökmünde onuň impulsiwligi-ýüzinugralygy, hakykatçylygy, emosional durnuklylygy we beýlekiler görkezilýär. G.Olpard, R.Kettel, G.Aýznek şahsyýetiň esasy gurluş birligini onuň sypatlary hasaplaýan psihologlardyr.

Şahsyýetiň gurluşyny esaslandyrmagyň 2-nji bir ugry onuň gurluş birligi hökmünde şahsyýetiň tipini görkezýän garaýyşdyr. Şahsyýetiň tipi - bu bir-biri bilen baglanyşykda

dürli ýagdaýda we wagtda ýüze çykýan şahsyýetiň sypatlarynyň, häsiýetleriniň toplumydyr.

Karl Ýunk şahsyýetiň esasy tipleri görnüşinde ekstrawersiýa we intrawersiýa tiplerini esaslandyrypdy. Meselem: intrawret tipi galagoplylyk, geplemezlik, ünsüňi öz içki dünýäňe gönükdirip ýaşamaklyk, ýokary duýgurlyk we ş.m. ýaly sypatlaryň toplumyny özünde jemleýär.

Käbir psihologlar şahsyýetiň gurluşynyň nusgasyny örän çylsyrymly düzümlerde beýan edýärler. Meselem: Z.Freýd şahsyýetiň gurluşynda it(ol), ego(men), super ego(ýokary men) ýaly düzüjileri özleriniň aňlanylylyjylyk derejesi boýunça ýüze çykarýar. Käbir psihologlar bolsa bu gurluşy has ýönekeý mazmunda beýan edýärler. Meselem: J.Kelliniň şahsyýetiň konstruktlary taglymatynda.

**Motiwasiýasy**

Şahsyýetiň bitewi taglymaty adamlaryň näme üçin başga hilli däl-de, hut şeýle hereket edýänligini düşündirmelidir.

Ýokarda görkezilen şahsyýetiň gurluşy onuň has durnukly düzüjisi bolýan bolsa, motiwasiýa onuň üýtgeýjilikli, onuň işiniň sebäbini dörediji, adamyň işi nämäniň haýryna ýerine ýetirýänligini görkeziji bölegi bolup durýar. Motiwasiýanyň nazaryýetleri ýa-da başgaça aýdanyňda, indiwidiň hereketlenişiniň **prosessual jähti,** adamyň özüni alyp barşynyň dinamiki, üýtgeýän aýratynlyklarynda çugdamlanýar. "Näme üçin adamlar öňlerinde ol ýa-da beýleki maksatlary goýýarlar we olara ýetmäge ymtylýarlar?", "Haýsy özboluşly motiwler adamy hereketlenmäge mejbur edýär we onuň hereketlerini ugrukdyrýar?" ýaly sowallar şahsyýetiň taglymatynyň bu ikinji düzüm böleginiň mazmunyny düzýär.

Motiwasiýanyň birnäçe taglymat ugurlary bardyr. Käbir taglymatlarda ähli şahsyýet prosesleri – jyns kanagatlanmasyndan tä wäşilik duýgusyna çenli – indiwidiň dartgynlygy azaltmaklyga synanyşygy esasynda bolup

geçýänligi hakynda çaklama edilýär. Başda Freýd tarapyndan esaslandyrylan motiwasiýanyň reduksionizm (yzuna gaýtarmak) atlandyrylýan nusgasynda indiwidiň fiziologik (biogen) islegleri dartgynlyk döredip, ol bolsa adamy bu islegleri kanagatlandyrmak arkaly dargynlygy gowşatmaklygy synanyşmaklyga mejbur edýär. Açlyk, suwsamaklyk, ukysyzlyk, jyns meýilleri ýaly ýaşaýyş ähmiýetli islegler adamyň moiwasiýasyny reduksionizm – dartgynlygy aýyrmak nazaryýetiň jähtinden düşündirmeklige laýyk gelýär. Bu nazaryýetiň gapma-garşylygy bolup durýan beýleki taglymatlar adamyň daşky gurşawa akyl ýetirmek, ony öz hyzmatyňa goýmaklyga ymtylyşyna we lezzet almak üçin täze tejribäni özleşdirmeklige hyjuwyna aýratyn ähmiýet berýärler. Bu pikiriň tarapdarlary adam ulaldygyça onuň özüni alyp barşynyň esasan öz başçykaryjylygyny ýokarlandyrmak ýa-da gurşaw bilen netijeli özara täsirde bolmaklyga zerur bolan endikleri we başarnyklary edinmäge gönükdirilýänligini we seýrek ýagdaýda diňe datgynlygy gowşatmaga ugrukýanlygyny belleýärler.

Biz, elbetde, adamyň motiwasiýasynyň reduksionizm, ne-de onuň başçykaryjylyk nusgasy bilen çäklenmeli däldiris. Motiwasiýa ugrunyň görnükli wekili Maslou ýaşaýşyň käbir ýagdaýlarynda indiwidiň islegleriň ýetmezçiligi, bu ýetmezçiligiň döredýän dartgynlygy täsirinde we ony aradan aýyrmaga synanyşyp hereket edýänligini aýdýar. Başga ýagdaýda ony barha işjeňleşýän islegler öz yzyna eýerdip, ol datgynlygy güýçlendirmäge ymtylýar we datgynlygy öz şahsy güýç-goruny-potensialyny amala aşyrmaklyga serişde hökmünde ulanýar. Şeýle jemleji çemeleşiş hakykatalaýyk görünse-de, taglymatçylaryň aglabasy adamyň özüni alyp barşynyň motiwasiýasyny düşündirmekde agzalan iki nusganyň birini ulanýarlar.

Isleg, meýil, motiw, ymtylyş, niýet bularyň hemmesi şahsyýetiň motiwasiýasyny düzýär. Motiwasiýa adamyň özüni

alyp barşynyň daşky mejbury däl-de, içki psihologik sebäbini döredýär. Bellenilişi ýaly motiwasiýa adamyň öz işini, beýlekiler bilen gatnaşygyny nämäniň haýryna ýerine ýetirýänliginiň görkezijisidir. Bu nukdaýdan adam ol ýa-da beýleki işi, gatnaşygy öz bähbidini arap, il-jemgyýet bähbidini arap ýa-da işiň hut ýerine ýetirilşinden lezzet almaklyga ymtylyp ýerine ýetirip biler. Has umumy derejede adamyň öz iş durmuşynda esaslanýan motiwasiýasyny 2-görnüşe bölmek mümkin:

Şol bir işi, gatnaşygy üstünlige ymtylmak görnüşinde hem-de şowsuzlykdan gaça durmak görnüşinde alyp barmak;

Bu iki ugrukma maksadyna ýeten ýagdaýynda netije taraplary meňzeşräk bolsa-da olaryň şahsyýet üçin psihologik ähmiýeti düýpgöter başgaçadyr. Sebäbi bu ugrukmalaryň birisi maksadyna ýeten ýagdaýynda adam bagt gazanýar, 2-si maksadyna ýeten ýagdaýynda bolsa ol diňe betbagtlykdan gutulýar.

**Şahsyýetiň ösüşi** – şahsyýetiň ösüşi sözüň belli bir manysynda bu ýokarda agzalan motiwasiýanyň çagalykdan kämillik ýaşyna çenli, jyns kämillikden bolsa gartaşan wagtyna çenli aralykda üýtgeşmelerini, özgermelerini görkezýär. **Ösüş nazaryýeti** öz ünsüni şahsyýetiň motiwasion jähtiniň hereketlenişiniň çagalykdan kämillige, soňra bolsa garrylyga çenli nähili özgerýändigi dogrusyndaky sowalda çugdamlaýar. Bu özgermeleri düşündirmek şahsyýetiň taglymatynyň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Şahsyýetiň ösüşi onuň ömrüniň bütin dowamynda bolup geçýär. Şoňa laýyklykda birnäçe taglymatçylar adamyň durmuşyndaky ösüş kesimlere düşünmek üçin özgerşiň döwürleýin nusgasyny teklip etdiler. Z.Freýd, Erikson ýaly psihologlar şahsyýetiň ösüşinde oral (agyz), anal (art bujak), genetal, gizlin-latent we kämil genetal ýaly döwürleri tapawutlandyrýar. Freýd bu döwürleri jyns ýetginjeklik döwürlerine çenli yzarlaýan bolsa, Erikson ony tä adamyň ömrüniň garrylyk, tamamlanyş döwrüne çenli

ýzarlaýar. Bu meselede çekişmeli ýagdaýlaryň biri-de şahsyýetiň ösüşine genetiki dogabitdi hem-de sosial-medeni şertleriň täsirlerini anyklamakdyr. Şahsyýetiň emosional durnuklylyk, galagoplylyk, ekstrawersiýa ýaly sypatlarynyň nesilden-nesle geçýänligi anyklanandyr. Diýmek, olar sosial - medeni şertlere belli bir derejede garaşsyz ýagdaýda ýüze çykýar. Şol bir wagtyň özünde adamda ýokary bilimiň bolmagy (sosial-medeni şert) ony köp sany psihiki kesellere durnuklylyk döredýär.

Şahsyýetiň ösüşi köp sanly daşky we içki şertleriň täsiri boýunça döredilýär. Daşky şertler hökmünde indiwidiň belli bir medeniýete, sosial-ykdysady synpa we her kim üçin gaýtanmaz mazmunly maşgala gurşawyna degişliligini görkezmek bolar. Başga bir tarapdan içki şertler nesil-genetiki, biologik we fiziologik faktorlary özünde jemleýär.

Adamyň belli bir medeniýete degişliligi sosiallaşmanyň üsti bilen ahyr netijede pikirlenmede, emosiýalarda we özüňi alyp baryşda normatiw nusgalaryň döremegine getirýär. Biziň aňlap ýa-da aňlamazlygymyza garamazdan medeni gurşaw bizde öz keşbimizi, beýleki adamlar bilen aragatnaşygymyzyň görnüşlerini, islegleri we olaryň kanagatlandyrylyş usullaryny, şeýle hem ýetmek üçin ymtylýan maksatlarymyzy kemala getirýär. Edil şonuň ýaly-da belli bir sosial-ykdysady synpa degişliligimiz gymmatlyklara, gönükdirilmelere we durmuş stiline täsir edýär. Biziň ösüşimiziň esasy bölegine diňe özümizi gurşaýan toparlaryň täsirini nazarda tutmak arkaly düşünip bolýar. Belli bir sosial synpa degişliligimiz arkaly döreýän faktorlar biziň nähili tipiki stress ýa-da konflikt ýagdaýlatynda boljakdygymyza we olaryň näderejede hötdesinden gelip biljekdigimize düýpli täsir edýär. Hat-da käbir psihiki bozulmalara sezewar bolmak ähtimallygynyň indiwidiň ol ýa-da beýleki sosial synpa degişliligi bilen baglanyşyklykda bolýanlygy dogrusynda subutnamalar bar. Amerikanyň bäş obşinasynda 10 000 adamyň arasynda

geçirilen derňewde orta bilimlileriň psihiki saglygynyň orta mekdebi tamamlamadyklara seredende has ýokary bolýandygy anyklandy. Maglumatlar psihiki bozulmalaryň şäherde ýaşaýan garyp gara amerikanlylarda has ýokarydygyny hem görkezýär.

Indiwudiň ösüşine maşgala gurşawy hem täsirini ýetirýär. Bu ýerde ata-enäniň özüni alyp barşy, ynançlary we maksatlary aýratyn ähmiýete eýedir. Ata-ene öýkünme nusgasy hökmünde öz hereketleri bilen çagalaryna täsir edýärler, Bu täsirler bolsa olaryň ömrüniň uzak dowamynda saklanýarlar.

Nesil-genetiki faktorlar özüňi alyp barşa täsir edýän aýratyn hadysa toplumy bolup, ol ata-eneden çagalara nesil arkaly geçýär. Ol daşky gurşaw bilen bir hatarda şahsyýetiň ösüşini döretmekde aýgytlaýjy rol oýnaýar. Ekizlerde geçirilen derňewler emosional durnuklylygyň, ekstrawersiýanyň, altruizmiň(beýlekiler üçin özüňi pida etmeklige taýýarlyk), ýygralygyň durnukly nesle geçýänligi barada ähtibar subutnamalar berýär. Nesle geçiligi orta ähtimallykda bolan şahsyýetiň beýleki sypatlaryna kesekileşmek (aragatnaşyga goşulmazlyk), agressiwlik (bozulyşa meýillilik), üstünlige ymtylyş, liderçilik, hyýal we kanagatlylyk duýgusy degişlidir.

Nesil we gurşaw(ýa-da tebigatyň we tebiýäiň br-birine gatnaşygy)faktorlarynyň ähmiýeti dogrusyndaky çekişmeler täze nazary düşünjeleriň ösmegine itergi berdi. Mesele agzalan faktorlaryň nähili özara täsiri özüňi alyp barşyň belli bir häsiýetnamalarynyň döremegine getirýär diýen sowala syrykýar. Şeýle interaksionistik orundan çykyş edýän taglymatçylar islendik indiwidiň özüne daşky gurşawyň täsirini kabul edip, şol bir wagtda nesilüsti amatlylyklaryň täsirinde ösýändigini nygtaýarlar. Başgaça aýdanyňda, nesil ol ýa-da beýleki häsiýetnamalaryň ösüşine belli bir çäklendirmeler goýýan hem bolsa, ýöne häsiýetnamalaryň şu çägiň kesiminde mundan beýläkki ösüşi daşky gurşawyň faktorlarynyň täsiri bilen kesgitlenýär.

**Psihopatalogiýasy**

Islendik şahsyýet taglymatynyň ýüzbe-ýüz bolýan ýene-de bir meselesi näme üçin käbir adamlaryň jemgyýetiň talaplaryna uýgunlaşyp we onda netijeli hereket edip bilmeýänliginiň sebäbini anyklamak bilen baglanyşyklydyr. Her bir personolog näme üçin käbir adamlaryň gündelik durmuşda patologik ýa-da nälaýyk özüňi alyp baryş stilini ýüze çykarýandygyna üns berýär. **Etiologiýa** – kadasyz özüňi alyp barşyň sebäbini öwrenmek we düşündirmek – şahsyýetiň taglymatynyň bu düzüm böleginiň merkezi temasydyr.

Patologik özüňi alyp barşyň sebäbini düşündirmek zerurlgy birnäçe garaýyşlaryň döremegine getirdi. Meselem, psihodinamiki taglymatyň wekilleri çagalykda öz çözgüdini tapmadyk konfliktler kämillik ýaşlarynda patologik özüňi alyp barşyň döremegine getirýändigini belleýärler. Bu konfliktleriň özi bolsa, olaryň pikiriçe, jynz we agressiýa ýaly gapma-garşylykly meýilleriň birbada hereketlenmegi esasynda ýüze çykýar. Konfliktler patologik simptomlara getirýär. Konfliktler aňlanylmaýanlygy üçin adam sökül simptomlarynyň näme sebäpden dörändigine düşünmeýär, onuň ezýeti çuňlaşýar. Bihewioral taglymat ugry, tersine, özüňi alyp barşyň hut özüne mesele hökmünde seredýär. Bu taglymatyň wekilleri kadasyz özüňi alyp barşy düşündirmek üçin çaklama döretmek we synlama elýeter bolmadyk çuňluk mehanizmleri derňemeklik hökman däl hasaplaýarlar. Oňa derek kadasyz özüňi alyp barşyň öwrenilişi geçmişde nähili bolup geçenligini we haýsy şertler sebäpli indiwidde bu özüňi alyp baryş saklanyp galandygyny seljermek zerurdyr.

Käbir taglymatçylar adamlaryň kadaly we kadasyz özüni alyp barşy özünde maşgala gurşawynyň, jemgyýetiň we medeniýetiň täsirini saklaýar. Biziň ählimiz maşgalanyň, dostlarymyzyň, tanyşlarymyzyň, hat-da nätanyş adamlaryň sosial çarçuwasynyň bir bölegi bolup durýarys; daşky gurşawdakylar bilen özara gatnaşyklarymyzyň birnäçe

görnüşleri özüňi alyp barşyň kadasyzlygyny güýçlendirip, hat-da olryň döremegine sebäp hem bolup bilýär. Psihiki bozulmanyň sosial-medeni nusgasynyň tarapdarlary adamlaryň gündelik durmuşdaky başdan geçirýän dartgynlyklary(stress) we konfliktleri özüňi alyp barşyň patologik görnüşlerini döredip we goldap bilýär.

Psihiki bozulmalaryň sebäbini seljermek zerurlygy şahsyýetiň taglymatynda köp sanly dürli çemeleşmeleriň döremegine getirdi. Olaryň bir topary diňe bir normadan sowulýan kadasyz özüňi alyp barşyň sebäbine seretmek bilen çäklenmän, olary bejermegiň düzgünlerini teklip edýärler. Şahsyýetiň bitewi taglymaty näme üçin käbir adamlaryň durmuşy dartgynly kabul edip, meseleleri çözmegiň netijeli endiklerini döredip bilmeýändikleriniň sebäbiniň seljermesini özünde jemlemelidir.

**Psihiki saglyk**

Adamyň özüni alyp barşynyň dürli taraplaryny göz öňünde tutmaklygy alyp barşynyň dürli taraplaryny göz öňünde tutmaklygy maksat edinýän şahsýetiň taglymaty sagdyn şahsyýeti bahalandyrmag sagdyn şahsyýeti bahalandyrmagyň şertlerini teklip etmelidir. Eýsem sagdyn durmuş keşbi düşünjesine näme girýär? Hut şu sowaly Dueýn Şults öz öňünde goýýar: "Köp sanly psihologlar psihologiýanyň baş wezipesi sagdyn şahsyýeti öwrenmek bolmalydyr diýýär; haýsy beýleki ylym durmuş ýagdaýlaryny öwrenýär? Şahsyýetden başga haýsy gurluş dünýäni gowulyga ýa-da erbetlige özgertmekde ýokary mümkinçiligi özünde jemleýär? Psihiki saglykdan başga haýsy mazmun biziň ýaşaýşymyza uly täsir edip bilýär?"(Schultz, 1977, p.5).

Şahsyýetiň taglymatlarynyň köpüsinde psihologik düzüwliligiň nämeden duryanlygy seredilýär. Meselem, Freýdiň pikiriçe kämil şahsyýetiň hereketlenişi netijeli işlemek we kanagatlanatly şahsyýetara gatnaşyklaryny goldamak ýaly ukyplary özünde jemleýär. Psihiki saglygyň bu şertleri

daşyndan çendan ýaýrañ we özboluşlydäl görünsede, ünsli seredeniñde bu ýerde möhüm pikir jemlemeler bar. Freýdiñ düşündirişi boýunça işlemek ukyby öñde uzak wagtlaýyn maksatlary goýup hem-de oña ýetmegi, şeýlede öz galagoplylygyñy özüñi alyp barşa päsgel bermez ýaly derejede ele almaklygy göz öñünde tutýar. Edil şonuñ ýaly-da kanagatlanarly sosial gatnaşyklara ähmiýet berilmegi gypynçsyz duýgy-emosiýalaryñ giñ mazmunynyndan lezzet almaklygy hem-de jyns we agressiw meýilleriñ kanagatlandyrylyşyna döredijilikli elementleri girizip bilmekligi göz öñünde tutýar.

Psihiki saglygy sosial öwredilişiñ adalgalarynda hem kesgitläp bolar. Meselem, Bandura biziñ ýaşaýşyñ talaplaryny kanagatlandyryp bilmek ukybymyzy häsiýetlendirýän düşünjelelere aýratyn üns berýär. Onuñ düşünişinde öznetijelilik ýa-da maksada ýetmek üçin zerur bolan özüñi alyp barşyñ görnüşlerini saýlamak ukybyñy añlamaklyk uýgunlaşmanyñ möhüm aýratynlygydyr. Banduranyñ belleýşine görä özüni güýçli hasaplaýan şahsyýetler öñlerinde has kyn ýumuşlary goýup, köp güýç sarp edýär we onuñ netijesinde maksatlaryna ýetmekde şowly bolup bilýärler.

Käbir personologlar sagdyn şahsyýetiñ psihologik keşbini we sagdyn durmuş keşbiniñ esasy döredijilerini döretmäge uly üns berýärler. Muña mysal hökmünde islegleriñ özara tabynlygyna esaslanýan Maslouyñ öz-özüñi işjeñleşdirmek taglymatyny görkezmek bolar. Onuñ pikiriçe kadaly şahsy ösüş üçin isleglerin ähmiýetiniñ olaryñ iñ ýönekeý görnüşlerinden(fiziologik we howpsuzlyga bolan isleg) olaryñ has ýokary ýa-da "ynsany" görnüşlerine(hakykata we gözellige bolan isleg) süýşmekligi talap edilýär. Maslou öz-özüñi işjeñleşdirmek islegi amala aşyrylan adamlary öwrenip, öz synlamalarynyñ netijesini şahsyýetiñ profilinde esaslandyrýar. Bu profil hakykaty netijeli kabul etmek, ýekelikde we şahsy

durmuşda bolmak islegi hem-de öz-özüňi we beýlekileri kabul etmek ýaly sypatlary özünde jemleýär.

**Psihoterapewtik täsiriň esasynda şahsyýetiň özgerildilşi.**

Şahsyýetiň taglymatlarynyň psihiki bozulmalaryň sebäpleri dogrusynda belli bir maglumat berýänligi üçin olar özüňi alyp barşyň kadasyzlygyny düzetmekligiň ýollaryny hem salgy berýär. Adamlara öz başçykaryjylygyny ýokarlandyrmaga, ýeterlik uýgunlaşmadyk özüňi alyp barşyň ýüze çykmalaryny peseltmäge we oňyn şahsy özgermeleri gazanmaga nähili kömek etmeli sowaly şahsyýetiň taglymatynyň seredilýän düzüm bölegininiň esasy mazmunydyr. Köp sanly şahsyýet taglymatlarynda kliniki ýa-da maslahat beriş jähtler esaslandyrylandyr. Hut şonuň üçüin-de näçe taglymat bar bolsa şonça-da terapewtiki ugurlar bardyr. Olaryň aýrybaşgalygy diňe bir bejeriş usullarynda däl-de, esaslandyryjylaryň şahsyýete garaýşyndadyr. Bir polýusda adamyň çagalykdaky konfliktlerine we öwreniş tejribesine aýgytlaýjy orun berýän, ony özüňi alyp barşa gözegçilik etmegiň kesgitleýji faktory hökmünde seredýän psihodinamiki taglymatlar duryar. Şonuň üçin terapewtiki täsiriň psihodinamiki nusgasy esasy ünsi adamlara çagalyk döwürde aňdan gysylyp çykarylan konfliktleriň sebäbini we çeşmesini ýüze çykarmaga hem-de bu konfliktleriň giçki döwürde olaryň durmuşyna edýän täsirini aňlamaklyga kömek etmeklige gönükdirýär. Beýleki polýusda özüňi alyp barşy köp derejede durmuş wakalary we daşky gurşaw arkaly döreýän hadysa hasaplaýan bihewioristik taglymatlar duryar. Bu taglymatyň wekilleri uýgunlaşmasy bozulan adamlar ýa-ha gündelik durmuşyň talaplaryna laýyk bolmak üçin zerur endikleri öz wagtynda öwrenip bilmedik ýa-da berkitmäniň käbir görnüşleri arkaly berkleşen nädogry endikleri özleşdiren adamlardyr diýip tassyklaýarlar. Muňa laýyklykda bejerişiň bihewioral usuly adamlara köne, bozulan özüňi alyp baryş görňüşlerine derek täze nusgalaryny öwretmeklik arkaly olary ýeterlik uýgunlaşmasy bolmadyk

özüňi alyp baryş reaksiýalaryndan halas etmegi göz öňünde tutýar.

Terapewtiki täsiriň kömegi bilen adam öz şahsyýetiniň we özüni alyp barşynyň köp taraplaryna gaýtadan seretmäge we özgertmäge mümkinçilik alýar: özüň barada düşünje, şahsyýetara gatnaşyklaryň stili, akyl ýetiriş hadysalary, emosional reaksiýalar, gymmatlyklar, durmuş maksatlary, wagty kadalaşdyrmak we beýlekiler. Şahsy aýratynlyklary düýpli öwrenmeklik öz gezeginde indiwidiň kadasyz hereketleri özgerdip,özüňi alyp barşyň has netijeli usullaryna geçip bilmekligi üçin serişdeleri saýlamaga kömek edýär.

Görnüşi ýaly, şahsyýete düşünmeklige dürli nazary çemeleşmeler bolsa-da, şahsyýetiň taglymatlary alty toplumdan durýan umumy teoretiki esasy özünde lemleýär: gurluş, motiwasiýa, ösüş, psihopatologiýa, psihiki saglyk we terapewtiki täsiriň netijesinde şahsyýeti özgertmek. Bu toplumlaryň her birini düşündirmek üçin taglymat tarapyndan öňe sürülýän nazaryýetler şahsyýetiň şol bir taglymatynyň mazmunyny açyp görkezýär. Şeýle nazaryýet sowallarynyň çözlüş usuly her bir taglymat ugrunyň umumy geljegine düşünmäge mümkinçilik berýär.

## 1.5 Şahsyýetiń taglymatlaryny bahalandyrmagyń şertleri

Eger-de islendik taglymatyń haýsydyr bir çylşyrymly obýektiń bir tarapyny açyp görkezýänligi nazarda tututlsa, onda taglymatlary gowy ýa-da erbet diýip toparlara bölmek, kakykata laýyk däldir. Başga bir tarapdan hakyky taglymat belli bir talaplary kanagatlandyrmalydyr.şeýle talaplar bolsa öz gezeginde, taglymatyń bahalandyrylyşynyń şertlerini düzýär. Taglymaty bahalandyrmagyń esasy şertlerine aşakdakylar degişlidir:

1. **Taglymatyń werifikasiýasy** – anyk barlamaga mümkinçilik berşi.
2. **Taglymatyń ewristik häsiýeti** – taglymatyń täze pikirleri, açyşlary ugrukdyrmak mümkinçiligi.
3. **Taglyumatyń içki ylaşyklylygy.**
4. **Taglymatyń tygşytlylygy.**
5. **Taglymatyń ýaýrańlylygy.**
6. **Taglymatyń funksional hyzmat ähmiýetliligi.**

1. **Taglymatyń werifikasiýasy -** bu onuń tejribe üsti bilen barlanmaga laýyk bolmagy, ondaky öńe sürülýän caklamalaryń we düşündiriji düzgünleriń aýdyń biri-birine baglanyşyklylykda beýan edilýän bolmaklygydyr. Meselem: Adleriń şahsyýet taglymatynda ilkinji doglan çagalarda (maşgalada) üstünlige ymtylşy has ýokary bolýar diýen pikir jemlemesi bar. Muny tejribe üsti bilen barlamak üçin ilki bilen köp cagily maşgalalylardan dürli nobatda doglan çagalary toplamaly bolýar. Iknjiden, olaryń haýsy biriniń birinji nobatda doglanlygyny anyklamaly bolýar. Bu zatlar on çakly kynçylyk döretmän, emma çaganyń üstünlige ymtylyş derejesini kesgitlemek öz çylşyrymlylygy üçin belli bir kynçylyk doredýär.

Bir tarapdan, çaganyń üstünlige ymtylyşyny onuń okuwda görkezýän netijeleri boýunça anyklap bilýäris.
Ikinji tarapdan, biz muny çaganyń işiń dürli görnüşlerindäki gazanmalary boýunça seljerip bilýäris.
Üçünjiden, biz muny çaganyń öz üstünlikleri barada hasabat bermegi netijesinde anyklaýarys.

2. **Taglymatyń ewristik- täzeçillige ugrukdyrmak häsiýeti** – bu şol bir taglymaty, bir tarapdan, öz caginde pikirleriń üznüksiz çuńlaşmagyna mümkinçilik bermegi we onuń ugurdas ylymlarda hem täze pikir jemlemeleriń döremegine ýardam etmegi ýaly mümkinçiliklerini anladýar. Meselem: Z. Freýdiń Şahsyýet taglymatynda, bir tarapdan,

kliniki psihologiýada yzygider kämilleşdirmäge ýardam etmegi bilen bir hatarda, ol akyl ýetiriş nukdaýdan täze düşündiriş düzgünleriniň psihikany öwreniş we bejeriş usullarynyň döremegine esas döreden taglymatdyr. Emma E. Fromyň şahsyýet taglymatynyň bu babatda mümkinçiligi çäklidir.

3. **<u>Taglymatyň içk ylalaşyklylygy –</u>** bu taglymatyň dürli-dürli özüni alyp baryş ýagdaýlaryna dürli-dürli psihologik häsiýetleriň hereketlenmeginde olaryň biri-birine çapraz gelmeýän ylalaşykly hereketleniş esasyny döretmek mümkniçiligidir. Içki ylalaşyklygy bolmadyk taglymatlar giň gerime eýe bolup bilmeýär we tiz wagtdan özüniň taglymat ähmiýetini ýitiryär. Psihikanyň, şol bir wagtyň özünde şahsyýetiň taglymaty bolan Assosiatiw taglymaty hut özüniň gapma-garşylygy esasynda, Geştalt psihologlar tarapyndan ýiti tankyda sezewar edilip, özüniň taglymat ähmiýetini ýitirdi. Bu ýagday Geştalt psihologlaryň özüne degişlilikde hem şeýledir. Biz taglymatlaryň düzüm böleklerine seredenimizde onuň motiwasiýa bölüminde ol baradaky taglymatlarynyň biriniň motiwasiýasyny dartgynlygy aýyrmak (reduksiýa) görnüşinde düşündirýän bolsa, ikinji bir taglymat motiwasiýany bilermeňligini artdyrmak dartgynlygy döretmeklige ymtylyş görnüşinde düşündirýändigini belläpdik. Gowy taglymat motiwasiýany düşündirýän bu iki taglymaty bibirine garşy goýman, olaryň içki düýpli baglanşygyny ýüze çykarmalydyr. Şeýle ýagdaýda motiwasiýanyň birinji düşündirilişi aşaky pes isleglere, motiwlere adalatly bolup, ikinjisi bolsa ýokary medeni ahlak meýil motiwleriň hereketlenişine ýüze çykarylýar. Şeýlelikde motiwasiýa bir bütewi taglymatyň çäginde öz düşündirişini alýar. Adam aňynyň döreýşini düşünmekde hem şeýle içki ylalaşykly taglymat ulanylýar. Adamyň kemala gelmeginde onuň beden gurluşynyň ýa-da aň düşünjesiniň haýsy biriniň aýgytlaýjy bolýandygyny anyklamak esasy meseleleriň biridir. Muny düşündirmekde

gelip çykyş-genetiki we gurluş-srtuktura düzgünleriniň utgaşdyrylmasy ulanylýar. Başgaça aýdanyňda, adam ösüşiniň irki döwürlerinde beden-genetiki, has soňky kämil döwürlerinde bolsa gurluş-struktura düzgünininiň adamyň kemala gelmeginde aýgytlaýjy orna eýedigi anyklanýar. Materiýanyň we aňyň bir-birine döredijі täsiri hem şu düzgün esasynda düşündirilýär.

4. **Taglymatyń tygşytlylygy -** bu degişli hadysany düşündirmekde näderejede düşünjeleriń, taglymlaryń az, emma, çuńnur manyly derejesiniń ulanylýanlygy bilen kesgitlenýär. Köp düşünjeli taglymatlar onçakly ońayly hasap edilmeýär. Aýdaly, adam özüne pes baha berýär; ol gelejegine umytsyz seredýär; ol önki tejribesine kanagatlanarsyz seredýär. Eger-de taglymat tygşytly bolanda, bu üç zada derek jemleyji bir pikir ýuze cykýar: **Öžüńe kem baha bermek – lapykeçligiń (depressiýanyń) esasyny düzýär**. Taglymata degişli psihologik hadysany düşündirmekde näçe az sanly düşündiriş düzgünlerini, nazaryýetleri ulanylýan bolsa, şeýle taglymat has oňaýly, maksadalaýyk hasaplanylýar. Meselem: köp sanly ýörite synlamalaryň esasynda depressiýadan (sustupeslik) ejiz çekýän adamlarda:

1. olaryň öz-özüni oňyn däl mazmunda häsiýetlenýändigi
2. olaryň öz geljegini oňyn däl bahalandyrýandygy
3. olaryň öz geçmeşini oňyn däl, ozone göwni ýetmeýän görnüşde häsiýetlenýändigi anyklanýar.

Taglymatyň tygşytlylyk şertinden ugur alynsa, adamyň depressiýa ýagdaýa düşmegine onuň öz-özüni pes bahalandyrmagy sebäp bolýar diýen bir sözlemdäki düzgünde jemläp bolýar. Şol bir wagtyň özünde tygşytlylyk absolýut (aňyry baş) talaba öwrülse, taglymatyň umumy düşündiripbilijilik mümkinçiligi hem-de onuň öňünden aýdyp berijilik (prognoz) ukyby peselýär. Emma şeýlede bolsa taglymatyň az sanly düzgünlere daýanyp düşündirip bilijilik mümkinçiligi ileri tutulýar.

**5. Taglymatyń ýaýranlylygy-** bu sözüń belli bir manysynda tygşytlylygyń gapma garşylygy bolup, tgalymatyń näderejede şahsyýetiń ol ýa-da beyleki kanunalaýyklarynyń dińe bir psihikanyń ahli duzüm bölekli däl (akyl ýetiriş, emosiýa, hereket), eýsem, ugurdaş ylymlara hem kanunalaýyklygyń düşundiriş mümkinçiliginiń uzap bilmek ukybydyr. Meselem: Şahsyýediń konstruktlary (Kelli J.) düşundiriş mümkinçiligi diňe şahsyýetiń akyl ýetiriş ulgamynyń çäginde galýar. Emma Freýdiń psihoanaliz taglymaty özüniń düşündiriş mümkinçiligini taryh, etnografiýa, kriminologiýa, antropologiýa we ş.m. saklaýar. Bu şert taglymatyň öz içine alýan hadysalarynyň dürlüliligine we giňligine degişlidir. Taglymat näçe köptaraplaýyn boldugyça ol özüňi alyp barşyň şonçada ýokary ulgamyna ýaýraýar. Şeýlelikde hemmetaraplaýyn taglymat çäkli taglymatdan ileri tutulýar. Hemmetaraplaýyn taglymatyň ýene-de bir artykmaçlygy onuň synlamada ýa-da eksperimentde esaslandyrylan bölek faktlary birleşdirmäge logiki çarçuwa bolup bilýänligindedir. Adamyň tebigaty dogrusyndaky birnäçe düzgünlere daýanmaklyk bir tarapdan içki ylalaşyklygy üpjün etmäge ýardam etse-de, şol bir wagtda taglymatçynyňylmy höwesini özüňi alyp baryş reaksiýalaryň çäkli toparyna çenli daraldýar. Bu kitapda nazaryýetleri getirilen personologlar adamyň özüni alyp barşyny düşündirmekde biologik, nesil, emosional, kognitiw(akyl ýetiriş), sosial ýa-da medeni faktorlara aýratyn ähmiýet berýärler. Şeýlelikde her bir ýagdaýda bir taglymatda düşündiriş alan hadysalar edil beýleki taglymatdaky adamyň özüni alyp barşyna düşünmekde ulanylýan hadysalar ýaly möhümmi diýen sowala jogap bermeli bolýar. Gynanskda her bir taglymatyň ähmiýetini anyklaýan usulyň ýokdur, munuň sebäbi bolsa şol bir hadysanyň özüňi alyp barşa düşünmekde esasylygyny ýüze çykarmagyň kynlygy bilen baglanyşyklydyr. Daşyndan

ýönekeý görünýän meseleleri seljerýän şu günki derňewler geljekde mähüm çaklamalary döredip biler.

**<u>Taglymatyń funksional hyzmat ähmiýeti</u>** – bu taglymatyń adama onuń öz gylyk häsiýetine, psihiki gurluşyna düşünmekligine ýardam edip bermek mümkinçiligi boýunça kesgitlenýär. Taglymatyň gowulygyny kesgitlemegiň soňky şerti - onuň adamlara öz gündelik özüni alyp baryşlaryna düşünmäge ýardam etmek ukybydyr. Taglymat şeýle hem adamlara öz meselelerini çözmäge kömek etmelidir. Biziň ählimizi özümiz barada, töweregimizdäkiler barada mümkingadar köp zatlary bilmeklik gyzyklandyrýar. Hünärmen däl adam üçin hakykatdan-da şahsyýetiň taglymatynyň özi we şahsyýetara gatnaşyklary dogrusynda maglumat berip bilijiligi gymmatlydyr. Şahsyýetiň derňewi esasynda onuň içki we daşky kanunalaýyklyklaryna akyl ýetirmek biziň adamyň hereketleriniň inçe öwüşginleri barada düşünjämizi baýlaşdyrar.

Ýokarda getirilen werifikasiýa, ewristik gymmatlylyk, içki ylalaşyklyk, düşündiriş ýaýrańlygy we funksional ähmiýetlilik şertler her bir şahsyýet taglymatyny bahalandyrmaga esas bolup, näme üçin bir taglymatyň beýlekiden has ýokarylygyna düşünmäge mümkinçilik berýär.

# Bap 2. Adamyń tebigaty dogrusyndaky nazaryýetler
## 2.1 Adamyń tebigatynyń köpmazmunlylygy

Adamyń psihologik durkuna göz ýetirmek, duşünmek ucin birnäçe usulýet (metodologik) derejedäki sowallara belli bir mazmunda ykrar ediji ýa-da inkär ediji häsiýetde jogap bermeli bolýar. Bu hatarda adamyń özüni alyp barşynyń nähili doreýänligi (sebäpli, erkin), onuń akyl paýhasynyń özüni alyp barşyna dolandyryjy täsir edip bilýänligi ýa-da bilmeyänligi onuń öz psihiki durkuny ańlap bilýänligi ýa-da bilmeýänligi, onuń spihiki häsiýetleriniń üýtegeýänligi ýa-da bütin ömrüne üýtgemän galýanlygy, onuń psihiki gurluşynyń bütewiligi ýa-da düzümleýinligi onuń ozüni alyp barşynyń dörän dartgynlylykdan boşamaklyga ymtylyp ýa-da täze maksatlara ymtylyp doreýänligi we beýleki sowallary getirmek bolar.

Adamyń tebigatyna düşünmekde aşakdaky ulgam doredili düzgünlere daýanylýar.

Sebäpli dörediliş------------------1------------------Azatlyk,erkinlik.<br>(determenizm)

Rasionallyk --------------------2-------------------Irrasionallyk<br>(pähime eýermeklik) (pähimsizlik)

Holizm --------------------------3------------------ -Elementlilik,<br>(bütewilik) düzümlilik

Konstitusianalizm---------------4------------------Inwaýrmentalizm<br>(bedeniń durky bilen dörediliş) (gurşaw arkaly dörediliş)

Ýokardaky düzgünler bipolýar şkala görnüşinde iki ekstremumyň arasyndaky dowamly kesim-kontinium häsiýetde getirilendir. Olaryň aram-kontinium görnüşine berenmekliginiň sebäbi bardyr: ol ýa-da beýleki psiholog adamyň erkinlik-determinizm düzgünine ýa-ha diňe erkinlik ýa-da diňe determinism görnüşinde düşünmeýär. Ol belli bir derejede beýlekilere seredeňde erkin ýa-da belli bir derejede sebäpli döredilen häsiýetde düşünýär. Meselem: Z.Freýd adamyň özüni

alyp barşynda erkinligiň ýoklugyny ýokary derejede inkär edýän bolsa, şol bir taglymatyň wekili bolan Adler adamy köp derejede erkin gurluşly hadysa görnüşinde düşünýär.

**1. Erkinlik ýa-da sebäpli döredilmeklik** – bu adamyň özüni alyp barşynyň, psihologik durmuşynyň, adamyň öz erkin maksat goýmaklygy we oňa ýetmekligi görnüşinde guralýanlygyny ýa-da onuň belli bir beden fiziologik ýa-da goýulýan kesgitli talaplar esasynda döredilýänligi dogrusynda gapma-garşylykly pikir ýöredilişdir. K.Rojers, A.Maslow ýaly şahsyýetiň taglymatyny dörediјiler adam erkinlikde öz terjimehalyny, tejribesini özi döredýär, diýen pikirden ugur alýanlar adamyň psihiki durkunda erkinligiň aýgytlaýjy roluny nygtaýarlar. A.Bandura öz içki niýet B.Skinner ýaly bihebioristik taglymatda ugur alýanlar bolsa adamyň psihiki gurluşynyň, onuň hereketlenşiniň anyk sebäpler boýunça döredilýändigini nygtaýarlar.

**2. Rasionallyk ýa-da irrasionallyk** – bu adamyň özüni alyp barşynyň akyl ýetiriş hadysalaryna (k.e. pikirlenme) tabynlykda hereket edýänligini, dolandyrylýanlygyny ýa-da bu hereketlenişde, dolandyrylyşda aýgytly roluň akyl ýetirşiň gapma-garşylygy bolan instinktlere, meýillere degişlidigini görkezýär. Psiholog Kelli adamy pähimli gurluş hasaplaýar. Onuň pikiriçe her bir adam derňew alyp barýan alym görnüşinde durmuşda hereket edýär. Z.Freýdiň pikiriçe, tersine, adamyň aňsyz, pähime tabyn bolmaýan psihikasynyň ululygy äpet aýsbergiň suwuň astyndaky bölegi ýaly bolup, onuň aňly bölegi bolsa aýsbergiň suwuň üstündäki ujypsyz tarapy ýalydyr. Başgaça aýdylanda, Kelli rasionallygyň, Z.Freýd bolsa irrasionallygyň tarapdarydyr.

**3. Holizm-elementlilik**

Psihologlaryň biri: "Melden döwlüp alnan bir bölejik hem meldir. Ýagyş gurçugynyň ýolnan bir bölegi hem gurçukdyr. Emma adamyň bir bölegi adam däldir" diýip belleýär. Bu söz adalatlydyr. Psihologlaryň bir bölegi

(psihologik mekdep babatda geştalt Ψ) şahsyýeiň Ψ-ny öwrenmekde bitewilik ýagny şahsyýeti aýry-aýry düzüm bölekleri görnüşinde däl-de, bir bitewi gurluş hökmünde öwrenmek zerurlygyndan ugur alýar. Meselem: Kreçmer, Şelden, Ýunk we beýlekiler şahsyýeiň bitewi psihologik tipini ýüze çykarmagy esasy maksat edip goýýarlar. Sol bir wagtyň özünde G.Olpard ýaly psihologlar bolsa şahsyýetde esasy öwreniş birligi hökmünde onuň sypatlaryny, häsiýetlerini ýüze çykarylmalydygyny nygtaýarlar.

Elbetde, gadymyýetden gelýän "Bitewilik özüni düzýän bölekleriň ýönekeý jemine den däldir" diýen pähim adalatlydyr. Jaýy, binany ony düzýän kerpiçleriň sanyna syrykdyryp bolmaýşy ýaly şahsyýeti hem ony düzýän psihologik sypatlaryň, häsiýetleriň ýönekeý arifmetiki jemine deňlemek bolmaz. Emma sol bir wagtyň özünde şahsyýeti psihologik jähtden öwrenmek üçin in bir ähtibar usul onuň aýry-aýry sypatlaryny öwrenmek arkaly derňemekdir, ýöne aýry-aýry sypatlar öwrenilende, ýüze çykarlanda şahsyýeiň bitewi gurlusy bilen baglanyşykda seredilmelidir.

**4.Konstitutsionalizm - inwaýermentalizm**

Bu düsünjeleriň gapma-garşylygy şahsyýeiň psihologik durkunyň döremeginde nesle geçýän, dogabitdi aýratynlyklaryň ýa-da şahsyýeiň daşky gurşawynyň (inwaýerment) aýgytlaýjy rol oýnaýandygyny aýdyňlaşdyrýar. Meselem: has gadymy döwürden dowam edip gelýän temperamentiň Gippokrat tarapyndan bedendäki suwuklyklaryň özara ülüşiniň täsirinde kemala gelmek nazaryýeti peýda boldy. Täze eýýamda şeýle pikiri (psihikanyň dogabitdi beden konstitusiýasy esasynda döreýändigi) nemes Kreçmeriň, amerikanly Şelderiň içki mäzleriň işjenligine laýyklykda adamyň psihologik tipleriniň döreýşi nazaryýeti we beýlekiler (Lombrozo) şahsyýeiň kemala gelmeginde nesil üsti dogabitdi şertleriň aýgytlaýjy bolýandygyny nygtaýan taglymatlardyr. Freýd hem adamyň psihiki gurluşynyň döreýşine biologic şertlere (Meselem: ID)

aýratyn orun berip, ID instinktini dogabitdi psihikanyň esasyny dörediýän gurluş hasaplanýar. Bu garaýyşlar adamyň tebigatyň döreýşinde konstitusionalizme ileri tutýan taglymatlardyr. Psihikanyň döreýşini daşky gurşawy täsirinden getirip çykarýanlaryň esasy taglymatlary bihewiorizm bilen baglanşyklydyr. Bihewiorizm esaslandyryjy Uotson adamyň psihiki häsiýetleriniň döreýiş mehanizmi hökmünde daşky gurşawyň täsirini (S - stimul) we oňa indiwidiň jogap reaksiýasy (R - reaksiýa) onuň berkidilmesini görkezýär. Ýokardaky konstitusionalizmi we inwaýermentalizmi ileri tutýan taglymatlardan başga-da bu iki hadysanyň ähmiýetini deň tutýan taglymatlar hem bardyr. Meselem: A.Bandura bihewiorizmiň çäginde bolýan hem bolsa psihiki häsiýetleriň döreýşinde daşky gurşawyň täsirini (höweslendirme, temmi), içki şahsy hadysalary (ynanç, garaşmalar, öz özüňi kabul etmek) hem-de daşky özüňi alyp barşyň täsirini nygtaýar. Interaksionizm taglymatyna eýerjiler hem psihiki häsiýetleriň döreýşine daşky gurşaw we içki psiholog şertleriň ähmiýetini özara baglanşykda ykrar edýärler.

## 2.2 Şahsyýetiň taglymatynyň mazmun dörediji düzgünleri

Adamyń psihologik durkuna göz ýetirmek, duşünmek ucin birnäçe usulýet (metodologik) derejedäki sowallara belli bir mazmunda ykrar ediji ýa-da inkär ediji häsiýetde jogap bermeli bolýar. Bu hatarda adamyń özüni alyp barşynyń nähili doreyänligi (sebäpli, erkin), onuń akyl paýhasynyń özüni alyp barşyna dolandyryjy täsir edip bilýänligi ýa-da bilmeyänligi onuń öz psihiki durkuny ańlap bilýänligi ýa-da bilmeýänligi, onuń spihiki häsiýetleriniń üytegeýänligi ýa-da bütin ömrüne üýtgemän galýanlygy, onuń psihiki gurluşynyń bütewiligi ýa-da düzümleýinligi onuń ozüni alyp barşynyń dörän dartgynlylykdan boşamaklyga ymtylyp ýa-da täze maksatlara ymtylyp doreýänligi we beýleki sowallary getirmek bolar.

Adamyń tebigatyna düşünmekde aşakdaky ulgam dörediji düzgünlere daýanylýar.

Akyl ýetirijilik--------------5-------------Akyl ýetirip bolmazlyk
Subýektiwlik----- ----------6-------------Obýektiwlik
Üýtgeýjilik------------------7-------------Üýtgemezlik
Gemeostaz------------ ------8-------------Geteroostaz
(Deňagramlylyga ymtylmak) (deňagramlylygyň üznüksiz bozulma gyna ymtylmak)
Proaktiwlik------------------9------------Reaktiwlik
(ilkibaşdan işjeňlige daýanyp hereketlenmek) (diňe daşky täsire jogap bermek)

**Aňlanmaklyk – aňlanmazlyk (Akyl ýetirijilik – Akyl ýetirip bolmazlyk)**

Bu düzgün şahsyýet öz psihiki häsiýetlerini aňlap, aňlanylýan esasda öz iş hereketini, özüni alyp barşyny dolandyryp bilýärmi diýen sowala ol ýa-da beýleki görnüşde jogap bermek esasynda döreýär. Adamyň psihiki durmuşyny, onuň mehanizmleri akyl ýetiriş esasynda aýdyňlaşdyrmak mümkinçiligini ykrar ýa-da inkär etmeklik - bu iki düşünjäniň esasy mazmunydyr. Subýektiwligi ileri tutýan fenomenolog taglymata eýerijiler adamyň psihikasynyň içki gurluşyna akyl ýetirip bilmeýändigi, onuň diňe adamyň hut özünde açylýandygy belleýärler. Bihewiorizmiň wekilleri adamyň psihiki hadysalaryna edil fiziki hadysalara ýaly akyl ýetirip kanunalaýyklygyny açyp bolýandygyny aýdýarlar. Şahsyýetiň Z.Freýdden gözbaşyny alýan psihodinamiki taglymatynyň wekilleri adamyň psihologik durky aňlanylmaýan instinktiw hadysalar esasynda herekete getirilýär we dolandyrylýar diýen nazarýetden ugur alýar. Tersine "şahsyýeiň konstruktlaryny" taglymatyny döreden J.Kellis her bir adam özbolyşly alymdyr, adam öz iş durmuşynda dünýäni düşündirmek üçin üznüksiz çaklamalar döredip, ony amalyýetde barlap görmek häsiýetinde

ýaşaýar diýen pähimden ugur alyp adamyň psihiki durkunyň onuň özi tarapyndan aňlanylýanlygyny tassyklaýarlar.

**Obýektiwlik - subýektiwlik** -munda şahsyýetiň psihologik gurluşynyň döreýşiniň adamyň aňyna bagly bolmadyk obýektiw şertleriň täsirinde bolýanlygy ýa-da onuň adamyň subýektiw tejribesine, dünýäni özüçe kabul edişine laýyklykda kemala gelýänligi seljerilýär. Psihoanaliz bihebiorizm ýaly nazaryýetler obýektiwlik düzgünine eýerýän bolsalar, fenomenalogik ugrikmadaky psihologlar bolsa subýektiwlikden ugur alýarlar. Meselem: K.Rojersyň pikiriçe adam esasan öz içki subýektiw döretmelerine diňe şert bolup hyzmat edýär. Munuň tersine, Skinner adamyň psihiki durmuşyny onuň içki subýektiw dünýäsine dakylsyz, diňe onuň daşky özuni alyp barşyny obýektiw şert esasynda guralýandygy nygtaýar. Adamyň içki subýektiw dünýäsini ileri tutýan taglymat ugra fenomenologik ugur diýilýär.

**Üýtgeýjilik – üýtgemezlik -** bu düzgün şahsyýetiň psihologik durkunyň hususy ösüş esasynda üýtgeýänligini ýa-da onuň düýp mazmunynyň doglandan dünýäden ötýänçä üýtgemeýänligini (käbir mukdar, göwrüm tarapdan ulalyp kiçelmeler bolaýmasa) ykrar etmek boýunça psihologlary 2 ugra bölýär. Meselem: Z.Freýd çaganyň 5 ýaşyna çenli kemala gelen psihiki durkunyň onuň galan ömrüniň bitin dowamyda üýtgemän galýanlygyny tassyklaýar. Emma onuň okuwçysy E.Erikson şahsyýeiň öz ömrüniň bitin dowamynda belli bir gapma-garşylyklar esasynda hemişe ösüşde bolýanlygyny we 8 sany esasy döwürleri başdan geçirýänligini ykrar edýär.

**Getereostaz - Gomeostaz**

Şahsyýetiň psihiki guluşynyň adaty normal ýagdaýynyň deňagramlylyk - gomeostazis ýa-da deňagramlylygyň üznüksiz bozulyp durulmagy bolýanlygy hakyndaky garaýyş gomeostazis-geterostazis nazaryýetiniň mazmunyny düzýär. Gomeostazisiň tarapdarlary şahsyýeiň psihologik durkunyň hemişe dartgynlygy gowşadyp, bedeniň asuda ýagdaýa

gelmeklige ymtylýanlygyny belleýärler. Geterostazyň tarapdarlary bolsa tersine adamyň üznüksiz dartgynlyk döretmeklige ymtylyşdan ýokary lezzet alýandygyny we adamyň asyl keşbiniň hut şeýle ýagdaýda bolmalydygyny nygtaýarlar. Bu gapma-garşylykly iki düşünje adamyň psihiki durmuşynyň dartgynlygy aradan aýyryp, deňagramlylyga - gomeostazise ymtylýan görnüşde ýa-da gazanylan deňagramlylygy öňe ymtylyşly ösüş hereketi boýunça üznüksiz bozup täze sepgitlere ýetýändigini – geterostaz häsiýetlendirýän düşünjelerdir.

**Proaktiwlik – reaktiwlik -** bu utgaşmada reaktiwligi goldaýan, öne tutýan psihologlar adamyn psihologik durkuny daşky täsirlere jogap reaksiýasy hereketleri hökmünde seredýärler. Bihewioristik nazaryýetden ugur alýan psihologlar meselem: Dollart, Miller we beýlekiler adamyň psihologik gurluşyny daşky täsirlere jogap gaýtarmak görnüşinde berkleşip galan hereketleriň, häsiýetleriň toplumy görnüşinde seredýärler. Tersine, A.Maslou, K.Rodjers ýaly ynsanperwerlik-gumanistik taglymaty esaslandyryjylar adamyň özüni alyp barşyny daşky täsirlere jogap hökmünde däl-de, olara garaşmazdan öňürti döredilýän işjeňlik - aktiwlik görnüşinde düşündirýärler.

## 2.3 Şahsyýetiň psihologiýasynda derňew meselesi

Islendik taglymatda bolşy ýaly, şahsyýetiň taglymaty hem takyk derňewler esasynda özüniň çaklamalarynyň tasyklanmagyny gazanýar. Ýöne derňew ýörite taglymat bolman ýagdaýynda hem geçirilip bilinýär. Aýry-aýry derňew alyp baryjylar haýsydyr bir täsin kanunalaýyklygyň üstünden baraýyn diýen niýetde hem derňew alyp barýarlar. Mälim bolşy ýaly, islendik ylymyň gözbaşy, birligi – taglymatdyr. Ýöne takyk derňewlerde öz çaklamalaryny subut edip bilmeýan taglymat diňe howaýy pikir bolup galýar. Hut şonuň üçin öz

taglymatlarynyñ çaklamalaryny takyk derñewde subut edip bilmeýän nazatýetler öz-özünden gidýärler.

Şahsyýetiñ psihologiýasynda çaklama döretmek, ony takyk derñewde barlamak, takyk maglumatlary ýygnamak we olaryñ esasynda ilkibaşdaky nazaryýetiñ hakykata laýyk ýa-da hakykata laýyk däldigini barlamak özara baglanyşykly we ikitaraplaýyn hadysadyr.

Elbetde, takyk derñewe daýanmaýan ylym hakyky ylym däl diýmek bolmaz. (Dilteýiñ "beýan ediji" we "düşünilýän" psihikalaryñ bolýanlygy baradaky pikirini ýatlalyñ).

Şahsyýetiň taglymatynyň möhüm şerti hökmünde taglymatyň täze derňewlere ugrukdyryp bilmek mümkinçiligi görkezilipdi. Takyk mazmunly taglymat öz ylmy çaklamalaryny takyk derňewde dellilendiren ýagdaýyna ol gowy taglymat hataryna girýär. Ýöne beýle diýildigi şahsyýetiň öwrenilişi diňe taglymat çaklamasynyň hem-de onuň takyk derňewde tassyklanmagynyň esasynda amala aşyrylýar diýildigi däldir. Şahsyýetiň öwrenilişi eksperimente, takyk derňewe dakylsyz hem amala aşyrylýar. Emma her nämede bolsa şahsyýetiň öwrenilişinde oýlanşykly çaklamalary bolan we takyk derňewde öz subutnamasyny alýan taglymatlar has ileri tutulýar. Takyk derňewiň birinji aýratynlygy we artykmaçlygy onuň ýalňyşa sezewar bolmaýanlygydyr. Bu derňew alyp barýanyň hiç wagt ýalňyşmaýanlygyny aňlatmaýar. Ol ýalňyşyň gaýtalanýan derňewlerde hökmany ýeňilip geçilýändigini aňladýar.

Tejribe - emperiki derňewiň 2 sany esasy artykmaçlygy bardyr:

1.Şeýle derňew ýalňyşlyk diýen zady düýpgöter aradan aýyrýar.(dine öz çaklamaňa laýyklykda), ýagny, mukdar añlatmalarda ýüze çykarylýan aýratynlyklar, kanunalaýyklyklar hemişe derñewiñ gaýtalanmagy arkaly takyklanyp bilinýär.

2.Empiriki derňew anyklanylmaga degişli pikir düşünjeleri has aýdyň we takyk ýüze çykarmaga mümkinçilik

berýär. Takyk derňewlerde ýüze çykarylýan aýratynlyklaryň örän takyk, bir mazmunly beýan edilişini berýär.

Meselem: nakyl görnüşinde aýdylýan "Çybygy aýasaň, saklasaň, terbiýe gazanyp bilmersiň" düzgüni örän düşnüksizdir: çybygy saklamasaň, ony nähili ulanjak? (2 manylygy aradan aýyrmaly)

Tejribe - emperiki derňewde şeýle düşnüksizlik bolmaýar.

Şahsyýetiň psihologiýada derňewleriň aşakdaky usullary ulanylýar:

1. Kliniki synlamalar.
2. Anamnez (şahsyýetiň haýsydyr bir sypatynyň gelip çykyşyny sorag etmek arkaly anyklamak).
3. Korrelýasion derňewler (iki we ondan köp üýtgeýjileri biri-birine deňeşdirip, utgaşdyryp öwrenmek).
4. Tejribe – eksperiment (formal eksperiment)

Şahsyýetiň psihologik derňewinde adatça psihologiýa ylmynda bar bolan ähli derňew metodlary – usullary ulanylýar: syn etme, eksperiment, sowalnama, söhbet, testler, nusgalaşdyrma – modelirleme we beýlekiler. Şol bir wagtyň özünde şahsyýetiň psihologiýasynda ýeketäk diýen ýaly ulanylýan anamnez (ol ýa-da beýleki bozulmanyň gelip çykyş taryhy), şahsyýet testleri ýaly usullar hem bardyr.

Syn etme şahsyýetiň psihologiýasynda tebigy syn etme we gözegçilikli syn etme görnüşlerde ulanylýar. Tebigy syn etmäniň üsti bilen, meselem: işläp ýören tejribeli ýolbaşçylaryň ulanýan dolandyryş usulynyň artykmaçlyklaryny öwrenmek ýa-da adamyň çenden aşa dolmuşlygynyň, onuň ýaşaýyş durmuşynyň aýratynlygyna režimine baglylygyny öwrenmek ýaly ugurlary görkezmek bolar.

# Bap 3. Şahsyýetiň psihologiýasyndaky takyk derňew usullary

## 3.1 Şahsyýet we ony derňemegiň usullary

Mundane öňki bölüminde seredilen şahsyýetiň taglymatlary meselesi haçan-da takyk derňewde öz tassyklanmasyny alan ýagdaýynda belli bir ähmiýete eýe bolýar. Takyk derňewde tassyklanmaýan şahsyýet taglymatlary kem-kemden ulanylyşdan galýar. Takyk derňewiň keminden iki sany uly ähmiýeti bardyr:

**Birinjiden** – takyk derňew ýalňyş diýlen zady kabul etmeýär. Beýle diýildigi takyk derňewe taglymatda göz öňünde tutulýan pikirler tassyk bolýança, birnäçe gezek gaýtadan geçirilmek mümkinçiligini özünde saklaýar. Eger-de birnäçe gezek gaýtalanmagyna garamazdan derňewiň netijesinde gapma-garşylykly maglumatlar alynýan bolsa, onda derňew alyp barýan bu ýagdaýa düşündiriş bermeli bolýar. Meselem: derňew geçirilýän adam bir ýagdaýda öz isleginiň dartgynlygyny aýyrmak üçin hereket edýän bolsa, başga bir ýagdaýda şol bir derňewiň netijesinde, tersine, has dartgynly islegleri döredip hereket edýän bolsa, üstesine-de derňewiň takyk geçirilişi üpjün edilýän bolsa, onda muňa düşündiriş bermeli bolýar: - Diýmek, adamyň belli bir islegleri öz dartgynlygyny peseltmek üçin ymtylýan bolsa, başga bir islegleri, tersine, öz-özüni işjeňleşdirip dartgynlyk ýagdaýda hereketlenmäge ýykgyn edýär (aşaky derejeli islegler birinji görnüşde, ýokary derejeli islegler bolsa ikinji görnüşde hereketlenýär).

**Ikinjiden** - takyk derňew adamyň özüni alyp barşyny, ony kemala getirmegi has takyk beýan etmek mümkinçiligini özünde saklaýar. Meselem: käbir psihologik pähimler takyklygy pes bolup, oňa nähili düşünmeklik anyk bolman galýar. Meselem: "taýagy aýasaň, çagany lälekdiredersiň"

diýen pähimde iki manylyk bar: taýagy aýasaň ony uzak saklap bolmajak ýaly, aýamasaň temmini näme bilen berjegiň belli däl.

Takyk derňew şunuň ýaly iki manylylygy aradan aýyryp, takyk maglumatlar beýan edilmeleri berýär. Şahsyýetiň psihologiýasynda umuman psihologiýa ylymyndaky ulanylýan ähli usullar-metodlar ulanylyp bilinýär. Mundane başga-da şahsyýetiň psihologiýasynda kliniki usullar – metodlar has giňden ulanylýar.

Şahsyýetiň derňewinde hem in bir başlangyç we elýeter derňew usuly syn etmedir. Bu usul guramaçylyksyz we gözegçilikli syn etmä bölünýär. Meselem: hiç bir hili ýörite guramaçylyksyz semiz adamlaryň iýmitlenişi, ökde telekeçileriň dolandyryş usulyny ýöne bir synlamak esasynda olaryň arasynda sebäp - netije arabaglanyşygy ýüze çykarmak bolar. Ýone bu usulyň birnäçe ýetmezçiligi bardyr: syn edýäniň passiw - isjeň däl ýagdaýda bolmagy we özüni gyzyklandyrýan zat ýüze çykýanca garaşmagy, şeýle usulda alynýan maglumatlaryň bir däl-de birnäçe sebäbiniň bolmagy synlaýanyň synlanýana çekindiriji täsir etmegi we beýlekiler.

**Gözegçilikli syn etme**

Köp derejede tejribe – eksperimente golaýlaşýar. Meselem: müýnliligiň (özüňi günäkär duýmaklyk) adama kömek ediji herekediň döremegine täsiri şeýle derňelipdir. Derňewçi köçede zat satýan aýallaryň birine surat kamerasyny berip, diňe taýýar ryçagy basyp öz suratyny almagy tabşyrýar. Şonda bir zadyň näsaz bolmagy, müýnliligi döredýär. Bir wagtdan adamyň büdräp ýykylmagyna kömek etmegi (şol bir adamyň, ýaňky müýnli bolan ylgap kömege gelýär).

**Tejribe – eksperiment** – öň aýdylşy ýaly tejribe – eksperiment islendik ylymdaky ýaly şahsyýetiň öwrenilşinde hem esasy usuldyr. Bu usulyň esasy artykmaçlygy onuň öwrenilýän mesele boýunça çaklamalar döredilip, olaryň hem anyk derňewde barlanylyp delillendirilmesidir. Eksperimenti

birnäçe gezek gaýtalap bilmek mümkinçiligi onuň ýene-de bir artykmaçlygy. Eksperimentiň bir artykmaçlygy onda köpçülikleýin psihologik derňewlerden tapawutlylykda reprezentatiwlik – wekilçiliklik talaby derwaýys däldir. Beýle diýildigi eksperimentde alynan şol bir kanunalaýyklygynyň 10 – 20- 50 – 100 we şoňa meňzeş adamlarda alynandygynyň ähmiýeti ýokdur. Başgaça aýdanyňda, bu ýerde "näçe köp adamda geçirilse, şonça-da gowydyr" diýen talap ýokdur. Eksperimentiň esasy artykmaçlygy onda eksperimentatoryň öz öwrenjek bolýan hadysasynyň sebäp tarapyny özi döredýänligidir. Şonuň üçin eksperimentde garaşsyz we garaşly üýtgeýjiler bolýar.

**Garaşsyz üýtgeýji** – bu tejribeçi – eksperimentator tarapyndan ýörite barlanylmak üçin döredilýän nazaryýet mazmunydyr. Meselem: özüňe kembaha garamaklygyň depresiýanyň – sustypesligiň döremegine edýän täsiri. Derňew netijesinde tejribe geçirilýän adamlarda ýokarky şerte jogap hökmünde alynýan maglumatlar bolsa garaşly üýtgeýji bolup durýar. Şeýle bir mysala ýüzleneliň "Il bilen gelen toýda baýram" pähimi howply ýagdaýda galagoplylyk syzýan adamlaryň şeýle howpa ählisiniň bilelikde ýa-da özbaşdak garaşmakçy bolýandygynyň mysalynda öwrenilýär. Tejribeçi tejribä gelenlere: "Men häzir sizde elektrik urgusynyň ýürek urmasyna nähili täsir edýänligini ýörite guralda barlajak. Gizlejek däl, urgy agyrly bolar, ýöne men gurallary sazlaýançam 10 minut çemesi daşarda garaşyň." (däliz koridorda bulardan başga-da 3-4 ýerde başga tejribelere gelen adamlar hem bolýar). Netijede şeýle howply tejribä synaga gelenleriň hemmesiniň bilelikde garaşmaga ýykgyn edýänligi anyklanýar. Ýöne hakykatda tejribeçi olar bilen hiç hili elektrik urguly tejribe geçirmeýär. Tejribe – eksperimentiň esasy kemçilikleriniň biri onda adamyň saglygyna, şähdine zeper ýetiräýjek derňewleri geçirmek ahlak taýdan gelşiksiz bolýar.

2-njiden eksperiment köplenç ýokarky mysaldaky ýaly aldawlar bilen baglanyşykly bolýar.

3-njiden eksperimentde synag edilýän tejribeçiniň özünden nämä garaşýanlygyny aňşyryp, şoňa laýyklykda hem hereket edip ugraýar. Tejribeçiniň hut özi hem özünden biygtyýar synag edilýänden näme garaşýanlygyny dil üsti däl, signallaryň üsti bilen habar berýär. Aldamakçy bolanylandan soň ötünç soramaly. Eksperimentde diňe bir häsiýet öwrenilýär.

**Korrelýasion usul** – utgaşmaly derňew. Munda adatça 2 sany şertleriň bir-birlerine baglanyşyklykda täsiri öwrenilip, onuň netijesinde şeýle häsiýetleriň bir-birine laýyklykda 2-niňde ösüş tarapa (progressiw) ýa-da biriniň ösüşe, beýlekisiniň bolsa peselmeklige tarap üýtgeýänligi anyklanýar. Meselem: adamyň iýmitiniň möçberi bilen semremegiň baglanyşygy progressiw koorilýasiýa, özüne baha berşiniň derejesi bilen depresiýanyň – sustupesligiň bir-birine baglanyşygy regressiw, ýagny biri ulalsa, beýleksi peselýän koorilasiýa mysaldyr. Şahsyýetiň öwrenilşinde derňew bilen bir hatarda bahalandyryşyň hem ähmiýeti uludyr. Bahalandyryşda anannez - Ψ - näsazlygy – gelip çykyşyny, terjimehalyny derňemek, seljermek arkaly bahalandyryş, test usuly arkaly bahalandyryş, öz-özüňi bahalandyryş we beýlekiler mälimdir.

## 3.2 Şahsyýeti bahalandyrmak

Bahalandyryş usuly hökmünde ulanylýan öz-özüňe hasabat bermek (samootçot), test we beýlekiler ulanylmazdan ozal olara birnäçe talaplar goýulýar. Standartlaşdyrmak, ähtibarlaşdyrmak, esaslandyrylmaklyk we beýlekiler;

Standartlaşdyrmak – bu derňewçiniň öz ulanjak sowalnamasynyň, testleriniň synag edilýänlere düşnükliligini gazanmak, olara haýsy sowallaryň goşulyp, haýsysynyň goşulmaly däldigini anyklamak, usullary haýsy toparlarda

ulanmak, haýsysynda ulanmazlyk ýaly meseleleri anyklamak bilen baglydyr.

Standartlaşdyrmak bilen bir hatarda norma-kada laýyklygy anyklamak hem möhüm bolup durýar. Dürli testlere degişlilikde olaryň ol ýa-da beýleki adamlar tarapynda ýüze çykarylmaly jogap prosentleri aýdyňlaşdyrylýar.

Ähtibarlyk – bu testde ýa-da sowalnamada alynýan maglumatlaryň soňraky gaýtalanyp geçirilýän derňewlerde ýene-de şol ululykda alynmagydyr. Bu bir tarapdan retest – testi gaýtalamak ähtibarlygy arkaly gazanylsa; 2-njiden usulyň içki ylalaşyklygyny ýüze çykarmak arkaly ýetilýär. Meselem: sowalnamanyň täk we jübüt soraglaryna berilýän jogaplary aýratynlykda jemläp, soňra bu iki hatary bir-biri bilen deňeşdirmek. Olaryň biri-birine gabat gelmegi testiň ähtibarlygyny aňladýar.

Ugurdaş testleri geçirmek bilen ähtibarlygy gazanyp bolýar.

Esaslandyrylanlyk – walidlilik – bu testiň ýa-da beýleki usulyň hut öwrenilmeli zady öwrenip bilmek ukybydyr. Kä halatlarda öwrenilýän hadysa daşky görnüş tarapdan bizi gyzyklandyrýan hadysa meňzeş hem bolsa, ol many-mazmun tarapdan başga hili bolup bilýär. Şeýle ýagdaýda test öwrenmeli zady däl-de başga bir zady ýüze çykarýar. Meselem: ýokary dykgatlylyk – ünslülik bolmasa, adamyň ketjallygy erjellik hökmünde kabul edilip, öwrenilip bilner.

Aýdylşy ýaly şahsyýetiň bahalandyrylşynda ulanylýan usullaryň biri-de öz-özüňe hasabat bermekdir. “Meniň pikirimçe beýleki adamlar meni galagoply hasaplaýarlar” we ş.m. ýaly aňlatmalarda berilýän sowallara öwrenilýän adam özüne laýyk hasaplaýanyny saýlamak arkaly özüne hasabat berýär. Umuman bahalandyryş usulynyň esasy maksady adam barada adaty häsiýetlendiriş görnüşinde berilýän häsiýetnamany san, mukdar aňlatmasyna geçirmekdir. Meselem: “Ol ynjyk adam” ýaly häsiýetnama ol adamyň nä

derejede ynjykdygyny anyklamaga mümkinçilik bermeýär. Eger-de ol öz-özüňe hasabat, test, sowalnamalar arkaly ýüze çykarylsa, onda biz ynjyklygyň mukdar derejesini hem anyklap bilýäris.

Şahsyýetiň bahalandyrylşynda ulanylýan esasy usullaryň biri-de testlerdir. Testleriň gysga mazmunly we has çylşyrymly (meselem: 500 sowally MMP-i testi), proýektiw testler, dil üsti – werbal we dil üsti däl – werbal däl aňladylyşly testler we beýlekiler bardyr.

Ähtibarlyk üçin esasy sowallar bilen bir hatarda testlere barlaýjy – kontrol ýa-da ýalançylygy ýüze çykarýan sowallar hem goşulýar.

Proýektiw testler aýratyn ähmiýete eýedir. Proýeksiýa sözüň takyk terjimesinde bir zadyň keşbini başga bir tekizlige, giňişlige düşürmek diýmekdir. Şahsyýetiň psihologiýasyna degişlilikde proýektiw test adamyň içki niýetini özünden biygtyýar ýagdaýda teklip edilýän test materiýalyna ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Proýektiw testleriň assosiatiw, konstruktiw (erkin hekaýatlar düzmek) bir-birine tirkelýän, üstüni ýetirmek we beýleki görnüşleri bolýar. Olaryň arasynda Rorşahyň "Syýa tegmili" testi has giňden ýaýrandyr. Başgada Aýzengiň "Ekstrowersiýa - introwersiýa" testi, Ketteliň "on alty faktorly şahsyýet testi" we beýlekileri görkezmek bolar.

Tejribe – eksperiment – öň aýdylşy ýaly tejribe – eksperiment islendik ylymdaky ýaly şahsyýetiň öwrenilşinde hem esasy usuldyr. Bu usulyň esasy artykmaçlygy onuň öwrenilýän mesele boýunça çaklamalar döredilip, olaryň hem anyk derňewde barlanylyp delillendirilmesidir. Eksperimentde garaşsyz we garaşly üýtgeýjiler bolýar.

Garaşsyz üýtgeýji – bu tejribeçi – eksperimentator tarapyndan ýörite barlanylmak üçin döredilýän nazaryýet mazmunydyr. Meselem: özüňe kembaha garamaklygyň depresiýanyň – sustypesligiň döremegine edýän täsiri. Derňew

netijesinde tejribe geçirilýän adamlarda ýokarky şerte jogap hökmünde alynýan maglumatlar bolsa garaşly üýtgeýji bolup durýar. Şeýle bir mysala ýüzleneliň "Il bilen gelen toýda baýram" pähimi howply ýagdaýda galagoplylyk syzýan adamlaryň şeýle howpa ählisiniň bilelikde ýa-da özbaşdak garaşmakçy bolýandygynyň mysalynda öwrenilýär. Tejribeçi tejribä gelenlere: "Men häzir sizde elektrik urgusynyň ýürek urmasyna nähili täsir edýänligini ýörite guralda barlajak. Gizlejek däl, urgy agyrly bolar, ýöne men gurallary sazlaýançam 10 minut çemesi daşarda garaşyň." (däliz koridorda bulardan başga-da 3-4 ýerde başga tejribelere gelen adamlar hem bolýar). Netijede şeýle howply tejribä synaga gelenleriň hemmesiniň bilelikde garaşmaga ýykgyn edýänligi anyklanýar. Ýöne hakykatda tejribeçi olar bilen hiç hili elektrik urguly tejribe geçirmeýär. Tejribe – eksperimentiň esasy kemçilikleriniň biri onda adamyň saglygyna, şähdine zeper ýetiräýjek derňewleri geçirmek ahlak taýdan gelşiksiz bolýar.

2-njiden eksperiment köplenç ýokarky mysaldaky ýaly aldawlar bilen baglanyşykly bolýar.

3-njiden eksperimentde synag edilýän tejribeçiniň özünden nämä garaşýanlygyny aňşyryp, şoňa laýyklykda hem hereket edip ugraýar. Tejribeçiniň hut özi hem özünden biygtyýar synag edilýänden näme garaşýanlygyny dil üsti däl, signallaryň üsti bilen habar berýär. Aldamakçy bolanylandan soň ötünç soramaly. Eksperimentde diňe bir häsiýet öwrenilýär.

## Bap 4 Şahsyýetiň taglymatynda psihodinamiki ugur

### 4.1 Z.Freýdiň şahsyýetiň psihoanalitiki taglymaty

Psihodinamiki taglymat ("psihika" – ruh, jan, "dinamika" – güýç) şahsyýetiň özüni alyp barşyny, dolandyrylşyny içki psihologik güýçler bilen baglanyşdyrýan nazaryýetdir. Bu güýçler käbir aňa ezýet beriji psihiki mazmunlary ondan gysyp çykarmak, adamyň iş hereketini onuň erkine tabyn bolmaýan psihiki hadysalar bilen dolandyrmak häsiýetde adamyň psihiki durmuşyny guraýar we dolandyrýar.

Bu ugruň esaslandyryjysy, başga adamlardan kömek alman diýen ýaly özbaşdak taglymat döreden Z.Freýddir. Ol adatça psihologiýa ylymyna aňlanylmaýan psihikany girizen, ornaşdyran alym hasaplanýar. Ýöne aňlanylmaýan psihika dogrusyndaky pikirler baryp XVII - XVIII asyryň filosoflary tarapyndan aýdylypdy. Bu babatda Freýdiň hyzmaty aňlanylmaýan psihikany tejribe esasynda psihiki hakykat görnüşinde öwrenmekligi esaslandyrmakdyr.

Freýdiň psihoanalitiki bu keminden 4 sany özbaşdak kesimi özünde jemleýän ulgamdyr: 1-njiden, bu psihikanyň we şahsyýetiň özbaşdak , has çuňňur esaslandyrylan taglymatydyr. Bu şahsyýetiň logiki taýdan gapma-garşylyksyz düzülen şahsyýetiň taglymatydyr. 2-njiden bu psihiki şikesliligi – newrozlary, umuman psihopatalogiýany bejermekligiň uly tejribesi, amalyýetidir (praktikasy). Freýdiň psihoanalizi şahsyýeti öwrenmegiň original usulydyr. 3-njiden Freýdiň taglymaty bu psihikany, şahsyýeti öwrenmegiň özbaşdak usuly – metodlarydyr. Ol orän gymmatly kliniki synlamalaryň uly möçberli ulgamydyr. 4-njiden, ol şahsyýetiň psihiki bozulmalaryny bejermegiň kämil (original) usulydyr.

Freyd özünden öň dowam eden psihologiýanyň, pasihikanyň we aňyň bir zat hökmünde seredilmegine duypli duzediş girizýär. Psihikanyň diňe çäkli böleginiň aňlanylyp

esasy böleginiñ bolsa anlanylmaýan hadysa gornüşinde hereket edýändigine esaslandyrýar. Ol psihikada añ, aňyň öňisyrasyndaky psihika hem-de aňlanylmaýan psihika ýaly derejeleri ýuze çykarýar.

Freýd ilki-ilkiler şahsyýetiň gurluşyny aşakdaky görnüşde teklip edýär:

**Aň** – bu biziň görýän, eşidýän we aňlaýan pikirlerimiz, duýgularymyz, hereketlerimiz (meselem: şu pursatda ýazýan zadymyzy söz grammatki, many tarapyndan aňlamagymyz). Freýdiñ pikriçe añ öz mazmunynda doly akyl ýetirp bolýan, olar barada islendik pursatda hasabat berip bolýan gurluş hökmünde seredyär.

**Aňyň öňisyrasyndaky psihika** – bu öň aňda bolan, emma häzirki wagtda aňlanylmaýan, ýöne zerur bolsa aňlanylyp bilinýän psihikanyň bir düzümidir.(meselem: geçen hepdede bolan wakalary, ömrümiziň dowamynda gören ýerlerimizi, şäherlerimizi zerur bolanda aňlap bilmegimiz). Biziñ şu pursatda anlamaýan, emmma zerur bolsa, añymyza getirip bilýän psihiki hadysalarymyzy özünde jemleyär.

**Aňlanylmaýan psihika** – bu tebigaty boýunça jyns – seksual meýiller, instinktler bolup durýan hadysalardyr. Biziñ näçe çalyşsakda anlap bilmeyän psihiki mazmunlarymyzy ozünde jemleyär. Bular aňlanylmaýar, aňdan gysylyp çykarylýar, çünki olaryň aňlanylmagy biziň aňymyza horluk, ezýet berýär, bizi oňaýsyz ýagdaýa, utanja, müýnlilige salyp bilýär. Şonuñ üçin olar psihikada bar bolan gysyp çykaryjy mehanizm arkaly anyñ çäginden daşyna çykarylýarlar. Meselem: çagalykda başdan geçiren horluklarymyzy ata-eneler garşymyza gidende olara dörän ýigrenjimizi, golaý aýal ýa-da erkek garyndaşlar bilen jyns ýakynlygy ýaly pikirleri, duýgulary biz aňa getirip bilmeýäris, olary gysyp çykaryp aňlanylmaýan, emma bizden biygtyýar hereketimizi dolandyrýan psihika geçirýäris, goşýarys.

Aňlanylmaýan psihikanyň mazmuny adamyň düýş görmelerinde, simwoliki hereketlerinde, sözde ýalňyşmalarynda we beýlekilerde ýüze çykyp bilýär.

Soň-soňlar Freýd psihikada aňlanylýan we anlanylmaýan derejedäki psihiki gurluşlary tapawutlandyrýar. Ýeri gelende bellesek, Freýd üçin psihika we şahsyýet bir mazmunly gurluşdyr. Şahsyýetiň esasy bölegi hökmünde Freýd onda

Id-ol;

Ego-men;

Super ego-ýokary men;

Ýaly gurluşlary tapawutlandyrýar.

Bu nusgadaky "Ol", "Men", "Ýokary men" ýaly bölekler özleriniň aňlanylyş derejeleri boýunça bir-birinden tapawutlanýar. (Adalgalar nemesçe Id, Ego, Super-ego ýöňkemeleriň atlary bilen baglanyşyklydyr).

"Ol" – psihikanyň aňlanylmaýan bölegi bolup, mazmuny boýunça dogabitdi biologik meýillerden ybaratdyr. Adam energiýa ulgamy häsiýetde seredilip, "Ol" öz gezeginde tebigaty boýunça jyns meýillerine kybapdaş güýç ymtylmalary bilen şertlendirilendir. ("Jyns energiýasy" düşünjesi Freýdde has giň manyda ulanylyp, meselem, çaganyň emmekde agyz töweregi myşşalaryndan alýan lezzeti hem jyns lezzeti atlandyrylýar). Aňlanylmaýan, akyl ýetirişe gapma-garşylykda durýan "Ol" *lezzetlilik* düzgünine tabyn bolýar. Başgaça aýdanyňda onda dörän dartgynlyk diňe jyns energiýasy boşadylyp, degişli isleg kanagatlanan ýagdaýynda kadalaşýar. Öňürtiläp aýdylanda adam bu energiýany döredijilikli işe hem ugrukdyryp bilýär.

"Men" – psihikanyň aňlanylýan düzüjisidir. Munda adam öz görýän, eşidýän, edýän zadyna jogap berýär. "Men" – hakykat(reallyk) düzgünine tabyn bolup, onda döreýän ymtylmalar haçanda hakykata laýyklananda adamyň bu ulgamdaky işi kadalaşýar. Deňeşdirme häsiýetde "Meni"

agyzdyryklanmadyk ata meñzeş bolan “Ol” bilen jemgyýetiň ahlak talaplaryny yzly-yzyna eňteryän “Ýokary meniň” arasyndaky barlyşdyryjy hökmünde seredýärler.

«Ýokary men» - aňlanylýan we aňlanylmaýan derejelerde hereket edýän düzüji bolup, ol öz mazmuny boýunça adamyň psihologik gurluşyna aralaşýan jemgyýetde kabul edilen çäklendirmeler, ahlak kadalary, gymmatlyklarydyr.

«Ol»-dan gelýän aňlanylmaýan meýiller köplenç «Ýokary meniň» mazmuny bilen çaprazlykda bolup, şeýlelikde döreýän dartgynlyk hakykata laýyklyga eýerýän «Men» arkaly çözülýär ýa-da ýumşadylýar. “Men” “ne çiş köýsün, ne-de kebap» häsiýetde hereket edip, «Ol»-yň meýilleriniň mümkingadar kanagatlandyrylmagyna we şol bir wagtda ahlak kadalarynyň bozulmagyna ýol bermezlige ymtylýar. Gapma-garşylyklar «Men»-iñ ylalaşdyryjy güýjünden üstem gelen ýagdaýynda şahsyýetde psihiki bozulma - newroz döreýär.

## 4.2 Psihoanalizde şahsyýetiñ gurluşynyñ esaslandyrylyşy

XX asyryň 20-nji ýyllarynda Freýd öz taglymatyna belli bir üýtgeşmeler girizýär. Öňki psihikanyň 3 düzümli gurluşy bilen bir hatarda ol şahsyýetiň gurluşynda hem id (ol), ego (men), super ego (ýokary men) düzüm böleklerini ýüze çykarýar. Edil şonuň ýaly-da Freýd öň psihikanyň esasy hereketlendiriji güýjüni diňe eros - instinkti bilen çäklendirýän bolsa, indi ol oňa tanatos instinktini (anlanylmaýan ýagdaýda ölüme ymtylmak) hem goşýar. (eros - bu adamyň aňlanylmaýan ýagadaýda söýgi gazanmaklyga ymtylyş instinkidir) II jahan urşy mysal bolup biler (ýitgä sezewar)

**Id-** bu dogabitdi, jyns - seksual mazmunly, aňlanylmaýan häsiýetdäki adamyň instinkti, meýilidir. Id öz mazmuny boýunça adamyň beýleki dogabitdi iýmek, içmek,

uky we ş.m. ýaly biologiki instinktler bilen baglanyşyklydyr. Id öz hereketlenşinde gaýra goýulmasyz kanagatlandyrylmaklyga we onuň netijesinde dartgynlygyň aradan aýrylmaklygyna tabynlykda bolýar. Başgaça aýdanyňda ol dine lezzet almaklyk düzgünine tabyndyr. Id hiç hili sosial jemgyýetçilik çäklendirilmelere boýun bolmaýanlygy üçin ol adam üçin örän howpludyr. Sebäbi ol özünde dörän dartgynlygy aradan aýyrmak üçin adamy howply jenaýatçylykly hereketlere itekläp bilýär.

Id 2 mehanizm - dörediji arkaly bedende dörän dartgynlygy aradan aýyryp bilýär. Olaryň biri reflektor hereketler; 2-njisi bolsa ilkinji tutumlardyr.

Reflektor hereketlere mysal hökmünde dem alyş ýollaryna çöpjagaz düşende onuň üsgülewik arkaly daşary çykarylýandygyny görkezmek bolar. Emma has ýaş çaganyň açlygyny hiç hili reflektor hereket kanagatlandyryp bilmeýär. Açlyk duýgusyny köşeşdirmek üçin çaga özüniň iýmitlendirilşiniň obrazyny - keşbini göz öňüne getirmeli bolýar. (meselem: süýtli, emzikli çüýşäni) şeýle kşeşdirme belli bir derejede ýagdaýdan çykalga bolup durýan hem bolsa onuň çaga üçin ähmiýeti çölde suwsaýanyň salgym - miraž bilen hakyky suwy tapawutlandyryp bilmeýşi ýaly bir zat bolýar. Haçanda çaga açlygy kanagatlandyrmak üçin garaşmalydygyny, ony gijikdirmelidigini anşyran wagtyda psihika idiň ýanynda ego mehanizmi döredýär.

**Ego -** idden bölünip aýrylmak netijesinde ýüze çykyp, ol aňlanylýan gurluş hökmünde idi sosial taraplara laýyklykda ýüze çykmaga ugrukdyrýar we ony jemgyýet bilen belli bir derejede ylalaşdyrýar. Öz hereketlenşinde duýma, kabul. ediş, pikirlenme ýaly akyl ýetiriş hadysalaryna daýanyp, id hakykatda laýyklyk düzgünine tabyn bolýar. Başgaça aýdanyňda, eger idde dörän dartgynlyk lezzet almaklyk netijesinde aradan aýrylýan bolsa, onda ego-de dörän dartgynlyk iş - hereketi duýgy, pikir hakykata laýyklamak

esasynda aýrylýar. Idiň köp sanly talaplarynyň kanagatlandyrylmagy mümkin dälligi üçin ego olary üznüksiz basyp ýatyrmak, aňyndan gysyp çykarmak ýaly çäklendirmeler bilen meşgul bolýar. Eger adamy horlajak pikir, duýgularyň aňdan gysylyp çykarylmagy ego has agyr düşen ýagdaýynda ol ejizleýär, bu bolsa psihiki bozulmalara, newroz ýaly hadysalara getirýär.

1.Sublimasiýa - başga işe gönükdirmek;

2.Gysylyp çykarmak - aňa gaýtarylyp getirilmezlik;

3.Orun tutmak - birine bolan gaharyňy beýlekilerden çykarmak;

4.Proýeksiýa - başga bir zada psihiki şöhlelenmä düşürmek; mysal üçin: öz niýetiňi, öz pikiriňi garşydaşyna ýöňkemek;

5.Regresiýa

6.Rasionallasdyrma

7.Gapma-garsylykly hereket (reaktiw hadysalar)

8.Inkär etmek

Bellenilişi ýaly, Freýdiñ taglymatynda şahsyýet özüniñ ösüşiniñ gozbaşyny psihoseksual instinkt bolan “it”-den alyp gaydýar. Ilki-ilkiler Freýd adamyñ psihiki ösüşiniñ kemala gelşiniñ esasyny uniwersal (ähliumumy) häsiýetli instinkt bolan “Eros”-dan gaýdýan hasaplaýar.

Eros- bu adamyñ añlanylmaýan ýagdaýda beylekileriñ söygüsini gazanmaklyga gönükdirilen, anlanylmaýan isleg-meýlidir. Freýdiñ pikiriçe adam özüniñ islendik iş-hereketini töweregindäkileriñ makullamagyny gazanmaklyga ymtylyp ýerine ýetirýär. I jahan urşunyñ başlanmagy bilen Freýd adamyñ tebigaty barada pes göwünlilik netijä gelýär. Ol indi adamy diñe söygä gönükdirilen “Eros” instinkti arkaly hereketlenýän gurluş däl-de, eýsem, şol bir bada añlanylmaýan ýagdaýda ölüme ymtylýan “Tanatos” instinktiniñ täsirinde ýaşaýan gurluş hasap edýär. Ölüm instinktini – tanotosy Freýd Birinji Jahan urşundan soň esaslandyrýar. Onuň adamzat

baradaky umytly pikiri ruhdan düşmek pikiri bilen çalyşýar. Dünýä uruşlarynyň sebäbi adamyň hut özünde onuň ölüm instinktinde. Şonuň üçin Freýdiň pikiriçe adam birbada hem söýgä hem-de ölüme aňlanylmaýan ýagdaýda ymtylyp hereket edýärü Alymyň pikiriçe adamyň bütin durmuşy biri-birini inkär ediji “eros” we “tanatos” instinktleriniň hemişelik göreşiniň täsirinde gecyänligini tassyklaýar.

**Super EGO** - jemgyýetde ýaşamak üçin adam jemgyýetde kabul edilen kada-normalara, çäklendirmelere tabyn bolup hereket etmeli bolýar. Super EGO – bu jemgyýetiň ahlak düzgün kadalarynyň adamyň psihikasyna ornaşdyrylan toplumydyr. Super EGO dogabitdi däldir, ol 3 – 5 ýaşlarda çaganyň nämäniň gowy, nämäniň erbetdigine göz ýetirip başlamagy bilen ýüze çykýar. Ilki-ilkiler super EGO çagada ulularyň garaşmalaryna laýyklykda ýüze çykyp ugraýar: çaga ata-enesiniň makullaýjak özüni alyp barşy ýüze çykarýar. Super EGO iki mazmundan durýar:

1. Wyždan
2. Ego – ideal

Wyždan çagada ata-enäniň oňa düzgün bozýanlygy üçin temmi bermekligi
esasynda kemala gelýär.

Ego – ideal bolsa, tersine, çaganyň gazanýan üstünliklerine ata-enäniň, ulularyň höweslendirmesinde kemala gelýär.

## 4.3 Şahsyýetiň ösüşiniň döwürleýin häsiýetnamasy

Ylym ulgamynda psihikanyň döwürleýin ösüşi nazaryýeti tebigy ylymlarda ewolusion taglymatyň esaslandyrylmagy bilen peýda bolýar. Baryp XVIII asyrda Gekkel tarapyndan açylan biogenetiki kanun aýratyn bir jandaryň ösüş ýoly (ontogenez) tutuş janly ulgamyň bir öýjükliden adama çenli ösüş ýolynyň (filogeneziň) gysgaça

gaýtalanmagy bolup durýanlygyny esaslandyrdy. Bu kanun şeýle gaýtalanmagyň jandaryň beden gurluşynyň ösüşinde bolýandygyny nygtaýan hem bolsa, psihologlaryň käbiri (Hall) ony janly gurluşyň, şol sanda adamyň psihiki ösüşine hem ýaýratdylar. Munyň esasynda adam çagasynyň belli bir ýaşa ýetende gum, çäge, başga birinde ok-ýaý bilen oýnap, ahyrynda bolsa pul - söwda mazmunly oýunlar bilen meşgullanmaklygy onuň tutuş ata-babalarynyň geçen ýollaryny aňlanylmaýan ýagdaýda gaýtalamak bolup durýanlygy dogrusynda pikir jemlemeler döredildi. Bu bolsa öz gezeginde çaganyň psihiki ösüşinde ekerançylyk, awçylyk, söwda-şahsy eýeçilik ýaly atlandyrylýan döwürleriň peýda bolmagyna getirdi (4,c. 9).

Öňki sowet psihilogiýasynda psihiki ösüşi döwürleşdirmekligiň D.B.Elkonin tarapyndan esaslandyrylan nusgasy giňden ýaýrapdy.

Onda döwürleşdirmäniň esasy döredijі şerti hökmünde çaganyň ösüşiniň degişli kesimlerinde peýda bolýan işiň görnüşleri kabul edilipdi.

Muňa laýyklykda çaganyň dogulmaklygyndan onuň orta mekdebi tamamlaýan aralygy ýedi döwre bölünýär:

1. Bäbeklik: doglandan 1 ýaşaýança. Bu döwrüň esasy işi dil üsti däl we dil üsti
   alnyp barylýan aragatnaşykdyr.
2. Irki çagalyk: 1 ýaşdan 3 ýaşa çenli. Zat-predmet hereketleri we dil üsti aragatnaşyk bu döwrüň aýgytlaýjy işi bolup durýar.
3. Kiçi we orta mekdebe çenli ýaş: 3 ýaşdan 4-5 ýaşa çenli. Bu döwürde çaganyň ulgam döredijі işi oýundyr.
4. Uly mekdebe çenli ýaş: 4-5 ýaşdan 6-7 ýaşa çenli. Döwrüň aýdytlaýjy işi görnüşi boýunçsa oýun, psihologik mazmuny boýunça zähmete çalymdaş oýundyr ("düzgünli oýunlar") .
5. Kiçi mekdep ýaşy: 6-7 ýaşdan 10-11 ýaşa çenli. Bu döwürde çaganyň psihiki ösüşini hereketlendirýän esasy iş okuwdyr.

6. Ýetginjeklik döwri: 10-11 ýaşdan 13-14 ýaşa çenli. Zähmet işi we ysnyşykly- şahsy aragatnaşyk döwrüň esasy işini düzýär.
7. Irki jahyllyk döwri: 13-14 ýaşdan 16-17 ýaşa çenli. Munda bu döwrüň öňisyrasynda döran aýratynlyklar mundan beýläk ösüp, ýöne döwrüň aýgytlaýjy işi ysnyşykjly-şahsy aragatnaşyk bolýar. (5., c. 34-35).

Görnüşi ýaly, bu döwürleşdiriş nusgasynda çaganyň doglanyndan onuň irki jahyllyk döwri aralygyndaky wagt kesimi seljerilip, bu kesimleriň bir-birini çalyşmaklygy täze kemala gelýän işiň görnüşi bilen baglanyşdyrylýar.

Adamynyň “Şa çynar bolup boýnaýan, Şaha aýryp ýaýraýan" (Beỳik Saparmyrat Türkmenbaşy ) ýaş müçesinden Oguz hanyň, Görogly begiň ömri aralygy bolsa bu we beýleki ýaş psihologik müçenamalarda name üçindir seljermäniň daşynda galýar.

Döwürleşdirmäniň çaganyň jemgyýetçilik bilim-terbiýe ulgamynda geçýän basgançaklaryna laýyklykda döredilen nusgasynda, ýokarda agzalan mekdebe çenli ýaş döwrüň, kiçi mekdep, orta we uly mekdep ýaş döwürleri tapawutlandyrylýar. (4, c. 36). Mazmuny boýunça bu nusga golaý bolup duryan döwürleşdirme sosiallaşma hadysasynyň – jemgyýetçilik tejribäniň özleşdirilişiniň tapgyrlary bilen baglanşyklylykda berilýär. Şeýlelikde bu hadysanyň zähmetden öňki döwür, zähmet döwri we zähmetden soňky döwür ýaly zolaklary ýüze çykarylýar.

Psihiki ösüşi döwürleşdirmeklige şahsyýetiň psihologiýasy ulgamynda iň bir giňişleýin çemeleşmeleriň biri-de E. Eriksonyň epigenetiki taglymatydyr. Ýazar adamyň durmuşyny psihososial ösüşiň tapgyrlary boýunça 8 döwre bölýär. Her bir döwür nesle geçijilik arkaly kesgitli bir wagt kesiminde ýüze çykyp, adam olary yzly-yzyna geçmek arkaly şahsyýete öwrülýär. Döwürleşmede tapgyrlar, ýaş möçberleri,

psihososial krizis we her döwrüň güýçli taraplary esaslandyrylýar.

| № | Döwürler | Ýaş | Psihososial krizis | Güýçli tarapy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Agyz-syzyş | Dogulmak-1ýaş | Özeni ynanç-özeni ynanmazlyk. | Umyt |
| 2 | Muskul-bujak | 1-3 ýaş | Özbaşdaklyk-utanç we şübhe. | Erkiň güýji |
| 3 | Hereket-genital | 3-6 ýaş | Ugurtapyjylyk-özüňe kembaha garamak. | Maksat |
| 4 | Gizlin | 6-12 ýaş | Zähmetsöýerlik - derde ýaramazlyk. | Baş çykaryjylyk |
| 5 | Ýetginjeklik | 12-19 ýaş | "Meniň" öz-özüňeligi-rollaryň gatyşmaklygy | Wepalylyk |
| 6 | Irki kämillik | 20-25 ýaş | Pinhanlyk-ýekelik | Söýgi |
| 7 | Orta kämillik | 26-64 ýaş | Öndürijilik-durgunlyk | Alada |
| 8 | Giçki kämillik | 65 ýaş | Meniň birleşmesi-ahmyrlylyk. | Pähimlilik |

Görnüşi ýaly psihiki öşüşiň bu döwürleşdiriş nusgalarynda hiç bir hili halkdyr millete, aňyýetdir medeniýete dahylsyz adamyň kemala gelşiniň wagt kesimleri esaslandyrylyp, olaryň ulgam döredịji esasy hökmünde diňe öz-özüne baglanşyklykda seredilýan psihika, paýhas öňe saýlanýar. Millilik, sosial-durmuş gurluşyň dürli derejelerine degişlilik ýaly hadysalaryň örän çylşyrymly gurluş bolup durýan şahsyýete, onuň döwürleýin ösüşine düýpli täsiri şübhesizdir. Şeýle täsiri nazara alman psihiki osüşiň tapgyrlaryny esaslandyrmaklygyň sargydy giňişlikden we wagtdan ýokarda durýan adamdyr.
Bu şahsyýetiň psihologiýasynyň döwürleýin ösüşiniň takyk wagt kesimlerini degişli eýýamda, özboluşly medenýetde we aňyýetde bolýan takyk şahsyýetiň iş-durmuş tutumy bilen baglanyşdyrýar. Nazary psihologik gözbaşyny alyp gaýdýan şahsyýet, onuň gurluşy, kemala getirilişi dogrusyndaky taglymatynyň kanunalaýyk dowamatydyr.

# Bap 5. A. Adleriň şahsyýet taglymatynyň psihologik esaslary

## 5.1 A.Adleriň indiwiduallyk taglymaty

Adler Freýd bilen belli bir döwürde bile işlän bolsa-da, ol onuň okuwçysy däldir. Ikisi tersleşenlerinden soňra Adler özüniň şahsyýet taglymatyny köp derejede Freýdiň taglymatynyň gapma-garşylygy hökmünde esaslanýar. Bu iki alymyň agzalylygynyň esasy sebäbi Adleriň Freýdiň psihiki gurluşy düşündirmekde psihoseksual nazaryetini ret etmegidir.Psihiki ösüşde sosial ýerligiň ähmiýetini aýratyn nygtanlygy üçin (Freýd babatda jyns instinktleriniň ähmiýetini ileri tutýar).Adleri ilkinji sosial psihologlaryň biri hasaplanýar.Adleriň şahsyýet taglymaty örän tygşytly bolup ol 5-6 sany esasy düzgünleriň töwereginde jemlenýär.

1. Indiwid, bitewi we öz-özi bilen ylalaşykda bolýan birlikdir. Adleriň psihologiýanyň "indiwidual" psihologiýa diýip atlandyrylmagy "Indiwidum" düşünjesiniň "Bölünmeýän", "Bitewilik" manysy bilen baglanşyklydyr". Alymyň pikiriçe psihologik seljerme (analiz) şahsyýetiň bitewiligini onuň pikirlenmesine, kabul edişine , duýgusyna, aňyna we aňlanylmaýan psihikasyna laýyklykda ýüze çykarylmaý

2. Adamyň durmuşy-ýaşaýşy hemişe kämilleşmeklige ymtylýan gurluş hökmünde. Adleriň pikiriçe ýokarky agzalan bitewiligi üpjün etmek üçin haýsydyr bir psihodinamiki-hereketlendiriji hadysa zerurdyr. Şeýle hereketlendiriji hökmünde ol adamyň hemişe üznüksiz kämilleşmeklige ymtylşany, maksada gönükdirmekligi teklip edýär.Adam daşky ýa-da içki täsirleriň netijesinde däl-de, eýsem öz-özüni yzygider maksada gönükdirmek kämilleşmeklige ymtylmak, şahsyýete bolmaklyga, tarap urukma häsiýetde ýaşaýar.Şeýle

maksadyň ýetilmegi onuň psihiki kämilligini we jemgyýetde-durmuşda mynasyp ornuny üpjün edýär.
3. Indiwid döredijilik başlangyjy bolan gurluşdyr. Adler adamyň iş durmuşynda gazanýan üstünliklerini nesle geçijilikden ýa-da öwrüdilmekden getirip çykarman, eýsem, adamyň tebigatynda ilkibaşdan döredijilik başlangyjyň, “Meniň” bardygyny ykrar edýär.Şeýle döredijilikli başlangyç adama öz durmuş ýoluny, ykbalyny özüçe erkinlikde kesgitlemäge, öz ykbalynyň arhitektory bolmaklygyna mümkinçilik berýär.

4. Indiwidiň sosial gurluşa degişliligi. Freýd adamyň ýeketäkliginiň ähmiýetini ykrar edip, adam aňry gitse özüni diňe öz maşgalasy bilen birleşdirýän/i başga wagtlar bolsa beýleki adamlardan, sosial gurşawdan üzňelikde bolýanlygyny nygtaýan bolsa, Adler adamda ilkibaşdan beýleki adamlar bilen aragatnaşykda bolmaklyga ymtylşyň bardygyny belleýär.

**1. Indiwidual subýektiwlik**. Adler fenomenolog (hakykat hökmünde daşky barlygyň elementlerini däl-de, olar barada adamyň psihikasyndaky subýektiw pikirleri, duýgulary ýeke täk hakykylyk hasaplamak) däbe eýerip şahsyýetiň özi bolsa-da, daşyndaky adamlar baradaky pikir meýillerini şahsyýeti döredji hakyky reallyk hasaplaýar. Her bir adama belli bir düzgünler döredip, olaryň esasynda dünýäni, öz hususy pikir garaýyşlaryny düşündirmek mahsus bolýar. Adamlaryň käbiri “Dogruçyllyk iň oňat syýasatdyr”, “Adam diňe özüne bil baglamaýar”, “Bu dünýädäki hyzmatyň o dünýäň abadan bolmagy üçin daýançdyr” ýaly subýektiw düzgünler esasynda ýaşaýar.

## 5.2 Adleriň şahsyýet psihalogiýanyň esasy düzüjileri

Aýdylşy ýaly Adleriň taglymaty örän tygşytly bolup, birinjiden , ol 6-7 sany düzgünleriň töwereginde jemlenip, ikinjiden, bu düzüm bölekler ýakyndan özara baglanşyklydyr.

1.Özüňe kem baha garamak duýdusy we onuň öwezini dolmak.

2.Üstemlige ymtylmak

3.Durmuş stili

4.Sosial höwes

5.Döredijilikli “Men”

6.Dogulmak nobaty

7.Fiksion finalizmi (ýokarda görkezilen subýektiw düzgünleriň, maksatlaryň, düşündirşleriň döredilşi ).

Gündelik syn etmeler esasynda Adler adamlaryň özlerinde döreýän käbir kesellere örän adalatly, galagoply garaýyşda bolýandygyny nygtaýar. Edil şonuň ýaly-da adamlarda olaryň käbir agan/y kesele örän duýgur bolup ol özüniň dogabitdi ejizligi bolsa adamda alaçsyzlyk, özüňe kembaha garamak duýgusyny şol bir wagtyň özünde haýsydyr bir aga/ň ejizligi, dogabitdi şikesligi adamda onuň öwezini dolmaklyk ymtylşyny döredýär. Kä ýagdaýda bolsa, şeýle ymtylyş şol organ bilen baglanşykly iş hereketini örän ýokary kämillige getirmeklige eltýär. Meselem: ýaşlykda pelteklän Demosfen dilewarlyk-aratorçylyk derejesine çenli dil şikesliligini ýeňip geçýär.A.B.Ş-nyň XX asyryň başynda Prezidenti bolan Tiýador Ruzwelt dogabitdi beden ejizliginiň öwezini arman-ýadaman artykmaçy bilen dolup, beýlekilere görelde bolan beden daýawlygyny, görkliligini özünde döredýär.

**Artygy bilen dolmaklyk (giper kombisiýa)** Başga bir tarapdan özüňe kembaha garamak duýgysy adamyň isleýän sosial at-abraýyna, ornuna ýetip bilmeýäni bilen baglanşykda hem döräp biler.

Adler has jemlenen görnüşde adamda özünde kembaha garamak duýgusynyň aşakdaky sebäpleri görkezýär:

1. Organyň dogabitdi ejizligi, şikesligi.

2. Ata-enäniň çagany läliksiretmesi, onuň etjek, etmeli iş ýumşunuň ählisini öz üstlerine almagy. Netijede şeýle çaga

ulalanda ol öz gurşawyna, adamlar bilen özara gatnaşyklar ulgamyna uýgunlaşmaga ukypsyz bolýar.
3. Ata-enäniň çagadan ýüz öwürmegi.
**Üstemlige ymtylmaklyk.** Ilki-ilkiler Adler bu hadysany ähli adamda mahsus bolan agressiwlik ymtylşyndan getirip çykarmakçy bolýar. Soňra alymda ähliumumy agressiwligi inkär edip bu ymtylyşy adamlaryň häkimýete bolan (beýleki adamlary yzyňy eýertmek manysynda) ymtylyş bilen çalşyrýar. Has soňky döwürde bolsa Adler ähli adamlarda beýlekilere elýetmez derejede bolmaklyga, ýagny, üstemlige ymtylyş duýgusy esasynda ýaşaýandyklygy dogrusyndaky pikire gelýär.
**Sosial höwes** -Adler bu häsýeti, öň bellenşi ýaly, özüniň ilki döwürdäki adama agressiw meýilli gurluş häsýetde düşünmekliginiň gapma-garşylygy görnüşinde girizilipdir. Bu häsýet adamyň ilkibaşdan sosial mazmunly gurluşdygyny, beýleki adamlar bilen aragatnaşyga goşulmaga meýilli, beýleki adamlaryň bähbidi üçin aladalanýan jandardygyny nygtamak üçin ýüze çykarlandyr. Sosial höwes köp derejede maşgala gurşawynyň täsirinde, has takygy enäniň terbiýe aladasy esasynda kemala gelýär. Şol bir wagtyň özünde enäniň öz çagasyny läliksiredip, beýlekileriň hem mähir alada mynasypdygyny duýdurmasa çagada sosial höwese derek egoizm-diňe öz bähbidiňi bölmek, egosentrizm-ähli zada diňe öz nukdaýnazaryňdan baha bermeklige ymtylyş ýaly häsýetler döreýär. Sosial höwesiň döremegi üçin şol bir wagtyň özünde ata-enäniň öz arasynda ylalaşykda ýaşamagy zerurdyr.Olaryň dartgynlylyk-konflikt ýagdaýda bolmaklygy bu häsiýetiň döremegni bökdeýär.
**Döredijilikli "Men"**-Adleriň döwründe adamyň özüni alyp baryşyny düşündirmekde bir tarapdan nesliň, nesle geçijiligiň täsiri bilen düşündirilen bolsa, ikinji bir tarapdan daşky gurşawyň täsirinden adamyň ähli aýratynlyklaryny getirip çykarmaga ýykgyn edilýärdi. Elbetde, Adler şahsyýetiň döreýşinde we hereketlenşinde nesil we daşky gurşaw

şertleriniň ähmiýetini inkär etmeýär. Şol bir wagtyň özünde ol şahsyýetiň sypatlary gös-göni nesil ýa-da gurşaw täsirinden kemala gelýändigi bilen ylalaşmaýar. Onuň pikiriçe adamda döredijilikli başlangyç bolup ol özüňe kembaha garamak duýgusyny, onuň öwezini dolmaklygy her bir adamyň özüne mahsus usulda döredijilikli amala aşyrmaga esas bolýar. Adamda döredijilikli " Meniň" bolmaklygy oňa öz ykbalyny, tejrimehalyny özüçe döretmäge mümkinçilik berýär. Adleriň bu garaýşy ondan soňky döwürdäki psihodiagnostikadan şahsyýetde beýleki şkalalar bilen bir hatarda " Kreatiwlik"- "Döredijiliklilik"şkalasynyň hem döredilmegine esas boldy.

## 5.3 Şahsýyetiň tipleri

Durmuş stili-Adler umumy şahsyýetiň özboluşly sypatlar/ň, endikleriň gaýtalanmaz birleşmesi, adamyň ýaşayşynyň beýlekilere meňzemeýän keşbini döredijі hadysa hökmünde kesgitýär. Adleriň durmuş stili köp derejede şahsyýetiň gylyk häsýeti bilen meňzeşdir.

Durmuş stilleriniň döreýşine düşünmek üçin biz ýene-de özüňi kembaha duýmak, onuň öwezini dolmak, üstemlige ymtylmak hadysalaryna dolanmaly bolýaryn. Meselem: öz hereketlerinde dogabitdi şikeslilik duýýan adam ony ýeňip geçmäge, şol ugurdan has ýokary netijelere ýetmäge çalyşýar we ony amal edýär. Hut şeýle amal ediliş bu adamyň durmuş stilini düzýär ýa-da bolmasa haýsydyr bir aýal özüniň akyl ukyplarynda üstemlik gazanmaklyga meýil edýär. Biz munuň gelejekgi durmuş stilini belli bir derejede öňünden aýdyp bilýäris: ol hökman oturyp işlenýän, stol başynda köp wagtyny geçirýän, özüniň okalga gitjek, dynç aljak, özüne timar berjek wagtlary minudyna çenli meýilnamalaşdyrýan häsiýetdäki durmuş stilinde bolýar.

Durmuş stili Adleriň pikiriçe çaganyň 4-5 ýaşyna çenli kemala gelip, onuň galan ömründe käbir kämilleşmelere eýe

bolsa-da düýpli üýtgeşmelere sezewar bolmaýar. Adler durmuş stili boýunça şahsyýetiň tiplerini döretmekligi göwnemändir. Emma şeýlede bolsa, ol şertli derejede şahsyýetiň tipleriniň birnäçe görnüşleri ýüze çykarypdyr. Şahsyýetiň tipleriniň esasynda Adler sosial höwesi, işjeňligi goýýar. Şahsyýetiň beýleki adamlary dolandyrmaklyga, olardan bir zat almaklyga, olardan gaça durmaklyga-ýaly üç ymtylma-da sosial höwesiň ýoklygyny belleýär.

Adler şahsyýetiň aşaky tiplerini ýüze çykarýar.

1.Dolandyryjy tip-bu tipli adamlaryň sosial höwesi (beýleki adamlaryň bähbidini ileri tutup öz bähbidiňi çäklendirmek) örän pes bolup, olar beýleki adamlary özüne tabyn etmeklige üstünden häkimlik döretmek/ge ymtylýar.Bularyň sosial höwesi pes hem bolsa olaryň beyleki admlaryň erkini özlerne tabyn etmeklige ymtylyş ugrundaky işjeňligi-aktiwligi ýokaýar.

2.Alyjy tip-bu hili adamlaryň sosial höwesi, işjeňligi onçakly ösmedik bolup olar öz islegleri beýleki adamlaryň hasabyna kanagatlanmaga ymtylýar.

3.Gaça duryan tip-bu hili adamlar üçin üstünlige ymtylyş däl-de şowsuzlykdan gaça durmak örän möhüm bolýar.Öz meselesi diňe ondan gaçmak, "Wagtyň özi ähli zady ýerli-ýerinde goýýar" diýip ýaşaýandyklygy üçin öz durmuşynyň wajyp meselesini çözüp bilmeýär.

4.Jemgyýete peýdaly tip-bu tip iň bir sazlaşykly tebigy we medeni isleg höwesi kadaly ösen, durmuşy iş-dostluk-söýgi gönükdirilmesi häsiýetde edýän şahsyýetiň tipi adamda hut şu tipiň bolmaklygy onuň psihiki taýdan sagdynlygyň şerti, subutnamasy bolup durýar.

**Eneden dogulmak nobaty**-Adler şahsyýetiň kemala gelşinde ilkinji bolup dünýä inen çaganyň, maşgalada ýeke-täk çaganyň, ortanjy çaganyň maşgaladaky dogluş nobatyna laýyklykda başga-başga psihologik häsýetlerne eýe bolýanlygy belleýär.Ilkinji çaga hemmeler tarapyndan garaşylýan höwes bildirilýän, uly-kiçiniň üns merkezinde bolýan çagadyr.Onuň

ähli isleg-höwesleri kanagatlanýar.Ikinji çaga dogýança onuň hemmetaraplaýyn sazlaşykly durmuşy dowam edýär.Ikinji çaganyň dogmagy bu çagada “Tagtdan düşürlen patyşanyň ýagdaýyny döredýär” ol özünden döwran sowlup, ähli artykmaçlyklygynyň iknji çaga berilýänligini göwniçökgünli kabul edýär.Ol mundan beýläk ýekeligiň hasratynda gününi geçirýän, ösýän adama öwrülýär.Onda gelejekde lederçilige, häkimýete ymtylýan mazmundaky häsýetler kemala gelýär.

**Ýeke çaga**-maşgalada ýeke-täk çaga dogandyr uýalary tarapyndan hiç-hili howp aladasy döremeýän häsýetde ösýänligi üçin ol köplenç halatda ilki ene-ata tabyn bolşy ýaly, ulalansoň beýleki adamlara hem tabyn, öz meselesini özi çözüp bilmeýän adam görnüşinde ösýär.Köplenç onda özüne ynamsyzlyk, egoizm-özüňi bilmeklik häsýetleri kemala gelýär.

**Ortanjy çaga**-bu iki tarapdan ulynyň we özünden kiçiniň bäsleşikli gatnaşygyny syzyp, mydama yzyndan kowalanýan ýaly işjeňlikde hereket edýär.Olgelejekde öz ugrundan ýokary derejede rekortlara ýetip bilýän bolup biler.

**Iň kiçi çaga**-munuň psihologik artykmaçlygynyň biri 1-nji doglan çagadan tapawutlulykda oňa hiç wagt “Tagtdan düşmek howpy” abanmaýar.Onuň ýeke bir duýýan arkaýynçylygy öýüň ahyr netijede özüne galjak pikiri bilen baglanýar.Şol bir wagtyň özünde bu çaga käbir oňaýsyzlyklygy hem syzýar:maşgalanyň girdejisi kemiräk bolanda bu çaga diňe özünden ulularyň zatlaryny geýip, ulanyp oňyşmaly bolýar.Galyberse-de ulularyň güýç, akyl, paýhas taýdan üstemlige onda özüňe kembaha ganamak/k duýgusyny döredip bilýär.Soňky çaga köplenç şeýle duýgyny ýeňip geçmek üçin işiň rekort goýup bolýan görnüşleri saýlamaga ýykgyn edýär.

7.Hamhyýal maksatlara eýermek (fiksion finalizmi).Adler öz döwrüniň filosofy Faýngeriň taglymatyna eýerip, adamyň iş durmuşynyň geçmişi yatlamalar esasynda däl-de, gelejege umytly garaşmak esasynda dolandyryjy dogrusyndaky pikiri öňe sürýär.Adam öz gelejegi b/da üstemlige ymtylma duýgusy

esasynda umytly maksat-ideallar döredýär.Ýöne şeýle maksatlar köpderejede subýektiw, birtaraplaýyn fiksiw, häsýetde bolýar.Ýöne ony döredýän adam üçin ol fiksiw däl-de hakyky bolup kabul edilýär.Öň aýdylşy ýaly "Munda azap çekseň o dünýäde eşretdir", "Hakykylykiň iň gowy syýasatdyr","Her kim özüni bilmelidir" we ş.m.ýaly fiksif-hamhyýal pikir ýöretmeler adamyň psihologik durmuşynyň ýörelgesine öwrülýär.Bu maksatlaryň, ymtylmanyň fiksiw-hamhyýal atlandyrlyşy olary subut edip, ýa-da ret edip bolmaýanlygy bilen baglydyr.Adleriň pikiriçe eger-de fiksiw maksatlar zyýan ýetiren bolsa olar ýeňlip geçilmelidir.Faşistleriň "Aryganynyň päkligi" we nemes halkynyň ýeke-täk üstemlige mynasyp/y dogru/ky fiksiw-maksat pikirler zyýanlydyr, olar ýeňlip geçilmeli.

## Adleriň newrozlar we onuň bejerlişi nazaryýeti

Newroz, newroza uçran adam kim?

Adler muňa özüniň şahsyýet taglymatdaky üstemlige ymtylyş urukmasy esasynda jogap berýär.Onuň pikiriçe newroz-bu, 1-den, işjeň/i-aktiwligi pes, üstemlige egoistik-egosentrik häsýetde ymtylýan, sosial höwesi pes adamdyr.Newroza uçran adamda galagoplulyk, aladalanmaklyk, ölüm öňünde gorky, ýüregi küýsewli we ş.m sinftonlary özünde jemleýän adamdyr.

Newrozyň bejerilmegi dogrusynda Adler birnäçe düzgünleri esaslanýar:

1.Adamyň özi we beýleki adamlar dogrusyndaky nädogry pikirleri üýtgetmek;

2.Ýalan maksatlary aradan aýyrmak;

3.Onuň b/ki adamlar bilen aragatnaşygy maksadalaýyk guramak;

Freýdiň pikiriçe newroza uçran adam libidony tebigy ýagdaý.

## 5.4 Ýungyň şahsyýetiň analitiki taglymaty

Ýung Adler ýaly döredijiligiň ylmy döredijiligiň ilki döwürde Freýd bilen hyzmatdaşlykda bolan psihologdyr. Freýdden aýrylandan soňra Ýung psihologik dünýäde meşhurluk gazanan şahsyýet taglymaty döredenleriň biridir.Onuň Freýd bilen agzalalygy esasan 2 meseläniň töwereginde jemleýär:

1.Eger-de Freýd aňlanylmaýan psihologiýany jyns-seksual we agressiw meýilleriniň toplumy hasaplaýan bolsa Ýung onuň mazmunyny has giňişleýin düşünýär.Ýunguň pikiriçe aňlanylmaýan psihikada gadymýetden gaýdýan, ewolýusiýa boýunça nesillere geçirilýän emosional-duýgy öwüşginli ruhy tejribesi hem bolýar.

2.Ýung libido energiýasynyň Freýdden tapawutlylykda diňe bir jyns-seksual meýillere syrykdyrylmaýanlygyny belleýär.Ol libidony örän ýaýraň diffuziýa häsýetli ýaşaýyş-durmuş energiýasy hökmünde düşünip onuň dürli döredijilik işlerine itekleýji güýç bolup durýanlygyny aýdýar.

**Şahsyýetiň Ýung tarapyndan teklip edilen psihologik gurluşy.** Ol şahsyýetde ego, şahsy aňlanylma psihologiýada hem-de kollektiwleýin aňlanylmazlyk. Ego psihikanyň, janyň merkezidir.Ol özünde aňlanylýan pikirleri, kabul edişi, ýatlamalary jemläp, şeýle jemleniş arkaly biz özümizi bütewi gurluş hökmünde, adam hökmünde duýýarys. Ego mynasybetli biz özümiziň aňly hereketlermiziň netijesine göz ýetirýäris.Görnüşi ýaly egonyň mazmunyna düşünmeklik şol döwrüň ähli psihologlaryna mahsus bolşy ýaly ol Ýungda hem hut şeýledir.

Freýde çenli psihologiýada, "Meniň psihikamy" aňlanylýan, pikirim, ýadym-ýagny aňlanylýan psihikany öwrenipdir.Aristotel hem şeýle hasap Leýbnisiň XVII a ol gös-göni şeýledigi aýdylýar.

**Şahsy aňlanylmazlyk.** Munda Ýungyň pikiriçe birwagtlar aňlanylyp soňra könelişýänligi üçin ýa-da başga sebäplere görä aňa gelip, goşulyp bilmeýän psihiki mazmunlar bolýar.Bu ulgamdaky psihiki mazmunlar, umuman, şahsyýetiň özi tarapyndan aňlanylyp bilinýär.(Freýdiň pikiriçe bolsa bu diňe psihaterapewtiň kömegi bilen aňlanylyp bilinýär.Ýungyň tassyklaýşyna görä şahsy aňlanylmazlyk öz gözbaşyny adamzadyň gadymy döwürlerinden bäri toplanan tejribeden hem alyp gaýdyp bilýär.Bu eýýäm onuň Freýt bilen pikiriniň çaprazlygydyr).

**Kollektiwleýin aňlanylmazlyk.** Munda Ýungyň pikiriçe bütin adamzadyň hatda, biziň adam şekilli ata-babalarmyzyň ýadynyň yzlary saklanýar.Kollektiwleýin aňlanylmazyň mazmuny ähli adamlar üçin umumy bolan emosional duýgy geçmişinden, ýada salmalaryndan ruhy tejribesiniň jemlenmelerinden ybarat bolýar.Psihikikanyň Ýung tarapyndan ýüze çykarylan bu düzüm bölegi bilen Freýt ylalaşmaýar we bu aýrabaşgalyk olaryň bir-birinden daşlaşmagyna sebäp bolan ýagdaýlaryň biri bolýar.

Kollektiwleýin aňlanylmazlygyň mazmunyny arhetipler düzýär**.** **Arhetip**-bu dogabitdi ideýa ýatlamalar bolup, ol adamyň ol ýa-da beýleki zada täsirlere nähili gatnaşykda boljakdygyny, oňa nähili jogap reaksiýasyny gaýtarjakdygyny öňünden kesgitleýän hadysadyr. Meselem: ene arhetipi onuň bilen ýüzbe-ýüz bolnanda oňa özüňi terbiýeleýji, mydama howandar, sen ondan garaşly ýaly mazmundaky gatnaşyk, jogap reaksiýasy döreýär.

Arhetipler - örän köp sanly bolsa-da Ýung olaryň esasylary hökmünde diňe birnäçelerini belläp geçýär. Olaryň diňe käbir görnüşlerini giňişleýin beýan edýär.

| Arhetipler | Olaryň kesgitlemnesi | Simwollary |
|---|---|---|
| Animo | Erkekleriň aňlanylmaýan aýal tarapy. | Aýal, Bibi Merýem |

| | | |
|---|---|---|
| Anumus | Tersine aýallaryň añlanylmaýan erkek tarapy | Erkek, Don. Žuan |
| Kölege | Adamyň aňynyň gapma-garşylykly, garaňky tarapy, haýwan tarapy | Gitler, Satana-Ezraýyl |
| Şahsy nikap | Sosial garaşmalaryň we irki döwürde okadylmalaryň täsirinde döreýän sosial rollar | Nikap (maska) |
| Öz-özüňelik | Aňyň şahsyýetiň esasy birleşdiriji we dolandyryjy merkezi (öz pikiriňde durmak) | Mandala (gutarnykly şekil) |
| Akyldar | Dünýä akyl ýetirmek we barlyga oňyn, goldawly gatnaşykda bolmak | Pygamber (Prorok) |
| Hudaý | Psihikanyň iň kämil we iň ahyrky menzili | Günüň göreji (solneçnoýe oko) |

Bu arhetipleriň özlerine laýyk simwollary bolýar. Meselem: animanyňky-Bibi Merýem, animusyňky-Don Žuan, pähimdaryňky-pygamber, kölege (adamyň agressiw haýwan tarapy döredýän bolup, onuň simwoly Gitler we beýlekiler).

“Persona” degişli arhetipiň simwoly bolup, ol adamyň özi baradaky beýleki adamlarda oňyn keşp döretmek üçin döredýän nikaby, özüni alyp baryş nusagsy, jemgyýetçilik roludyr. Adamyň beýleki adamlar bilen göwnejaý aragatnaşygyny gurnamakda “Personanyň” ähmiýeti uludyr. Emma “Persona” adamda çenden ýokary derjede ösdürilen ýagdaýynda ol adamda ýüzleýlik, gowaldaňlyk häsiýetleriň ýüze çykmagyna getirýär. Erkek adamda aňlanylmaýan aýal tarpyň bolmagy, aýalda erkek adam tarapynyň bolmagynyň düýpli biologik esasy hem bardyr. Munuň sebäbi erkekleriň

bedeninde aýal gormonlarynyñ (folikulin), aýallarda bolsa erkek gormonlarynyñ bolýanlygy bilen düşündirilýär.

Ýung şol bir wagtyň özünde şahsyýetiň has umumy tiplerini-ekstrowersiýany we introwersiýany esaslandyrylýar.

Şeýle tipler bilen bir hatarda Ýung bir-birlerniň gapma-garşylygy bolup durýan 4 sany psihiki funksiýalary hem ýüze çykarýar:

**Pikirlenme we duýgy, duýma we intuisiýa**

Pikirlenme funksiýasy-agdyklyk edýän adamlar üçin hakykaty ýüze çykarmak, logiki subutnamalar boýunça hereket etmek ýaly aýratynlyklar mahsus bolup, duýgy funksiýasy-agdyklyk edýän-de bolsa dünýä bilen gatnaşygyny "gowy-erbet", "ýakymly-ýakymsyz" ýaly bahalandyryşda wakalary hakykata laýyklamak däl-de öz ýüregine laýyklamak mahsus bolýar.

Duýma funksiýasy-agdyklyk edýände daşky täsiri bolşy ýaly, hiç bir bahalandyryşsyz aňa ornaşdyrmak häsýetde bolup, intuisiýa funksiýasy agdyklyk edýände garşydaşyň kalbyndaky, ýüregindäki syzmalara aralaşmak ýaly sypatlar mahsus bolýar.

## 5.5 Egopsihologiýada şahsyýet meselesi

Erikson hem Adler, Ýung ýaly Freýdiň psihodinamiki şahsyýet taglymatynyň ugrunda kemala gelen psihologdyr, ýöne ýokarky ikisinden tapawutlylykda Erikson Freýd bilen arasyny bozan däldir. Ol salyhatlylyk bilen özüniň ähli ylmy jemlemelerini öz mugallymy Freýdiň taglymatyny täze döwrüň maglumatlary bilen baýlaşdyrmakdan ybaratdyr diýip aýdýar. Hakykatda bolsa, Eriksonyň şahsyýet taglymaty düýpli täze düzgünleri esaslandyran taglymatdyr. Eriksonyň özi öz taglymatyny Freýdiň taglymatynyň häzirki biasossial ylymlarynyň gazanmagyna laýyklykda Freýdiň taglymatynyň

mundan beýläk ösdürilişi hökmünde garaýar. Emma hakykatda bolsa Eriksonyň taglymaty kliniki synlamalaryň, ýörite nazaryýet-teoretiki esaslandyrmanyň netijede döredilen özbaşdak häsiýetli taglymatdyr. Ol özüni Freýdiň minnetdar okuwçysy dowam etdirijisi hasaplaýan hem bolsa onuň nazaryýeti keminden 4 mesele boýunça Freýdden aýrylyşýar.

1. Freýdden tapawutlylykda Erikson ego-nyň ösüşini şahsyýetiň ö.a.b/ň esasy-döredijisi hasaplaýar. Bilşimiz ýaly bu babatda Freýd id-iň aýgytlaýjy roluny a.ö.b/ň dolandyrlyşynda ykrar edýär. Eriksonyň tassyklaýşyna görä ego özbaşdak-aftonom gurluş bolup, ol şahsyýetiň sosial gurşawa uýgunlaşmagny üpjün etmeklige gönükdirýär.

2.Ösýän şahsyýet bilen ata-eneleň özara gatnaşygy meselesinde Freýt ata-enäniň çaga oňyn ýada oňyn däl täsir edýänligini ykrar edýär.Erikson bolsa maşgalanyň çaga täsirini ony gurşaýan sossial medeni we taryhy şertler bilen baglanşyklykda seredýär.Erikson özüniň uzak wagtyň dowamynda geçiren synlamalarynyň netijesinde şol bir ata-ene-çaga özara täsiriniň dürli medeniýetde döwüşgine eýè bolýanlygyna göz ýetirýäris.Başgaça aýdanymyzda Freýdiň ata-ene-çaga çäginde galýan özara täsirini has giň sossial medeni gurşaw ulgamyna tarap giňeldýär.

3.Freýd psihiki ösüşi genital (12 ýaş) döwürden aňarda seretmeýän bolsa Erikson adamyň ýaş kesiminiň ähli giňişligini psihiki ösüşiň degişli döwürleri hökmünde seljerýär (bäbeklikden kämillik, gartaşanlyk döwürlerine çenli).

4.Bilşimiz ýaly Freýd.Eger-de adam öz instinktiw meýillerne berilse, oňa gümra bolsa onu gelejegi sosial taýdan peselmeklik, öçmeklik bilen baglanşykly bolýar.Çaganyň psihiki ösüşindäki krizis-geňiş döwürleri Freýd görä tragediýa, opurlyşyk hökmünde seredýär.Ol bu ösüşde ego-nyň üstem taraplaryny nygtaýar.Krizisiň ego-nyň konfliktleri ýeňip geçmek ukybyny oýarýanlygyny belleýär.Şeýle kofliktleriň degişli döwürlerde döräp ego-nyň ösüşi arkaly üstünlikli ýeňlip

geçilmegi şahsyýetiň kämilleşmekliginiň esasy döredijisi bolýar.

Bu aýrybaşgalyklar bilen bir hatarda Eriksonyň taglymatynyň Freýdiňki bilen gabat gelýän ýerleri-de bardyr.

Birinjiden, Erikson hem edil Freýd ýaly psihiki ösüşiň döwürlerini üýtewsiz hadysa görnüşinde ykrar edýär.

Ikinjiden, edil Freýdiň tassyklaýşy ýaly Erikson hem irki çagalyk döwürdäki konfliktleriň ýa-da olaryň bolmazlygynyň şahsyýetiň soňky döwürlerdäki häsiýetlerini kesgitleýändigini belleýär.

Üçünjiden bolsa, Erikson Freýdiň esaslandyran şahsyýetiň üç düzümli "It", "Ego", "Super Ego" gurluşyny doly kabul edýär.

Erikson özüniň epigenetik düzgünini easaslandyryp psihiki ösüşiň sekiz sany çendan, özbaşdak döwürlerini tapawutlandyrýar.

Epigenetik diýmek, "yzy süre" (posle), genezis-"gelip çykyş" diýmegi aňladýar. Eriksonyň pikriçe adamda nesil üsti bilen gecýän "durmuş meýilnamasy" bolup, ol özüniň amala aşyrylyşynda birnäçe döwri yzly-yzyna geçmeli bolýar. Psihiki ösüşiň sekiz döwri ähli adamzada degişlilikde ähliumumy hasaplanýar.

Käbir döwrüň özboluşly, diňe şonuň özüne mahsus ýumuşlary, talaplary bolup, olar örän ösýän şahsyýetiň öňunde goýulýar. Şeýle döwre laýyk ýumuşlaryň bolmagy islendik adamyň ony çozüp bilýänligini aňlatmaýar. Eger her döwrüň öz talap ýumuşlary maksadalaýyk çözülmese, ol soňky döwürlere geçirilýär. Şahsyýetiň şu döwründe bolsa ýumuşlaryň çözülmezligi krizisiň, konfliktleriň we olaryň netijesinde şahsyýetiň oňyn däl sypatlarynyň döremegine sebäp bolýar.

Belleýşimiz ýaly, ol ýa-da beýleki ýaş döwründäki krizisi Erikson opurylyşyk hökmünde seretmän, ony ösüşiň öwrümli täze häsiýetleriň döremegine itergi bolýan hadysa görnüşinde seredýär.

| **Psihikanyň ösüş döwürleri** | **Ýaş möçberi** | **Psihososial krizis** | **Gazanylmalar** |
|---|---|---|---|
| Oral (sensor) | 0-18 | Özüne ynam ýa-da ynanmazlyk | Umyt |
| Anal-muskul | 1,5-3 | Awtonomiýa-utanç, şübhe (krizis gowy geçse güýçli erk gazanylýar) | Erkiň güýji |
| Lokomotor (genital) | 3-6 | Ugurtapyjylyk, krizis bilen gutaran ýagdaýynda özüňi günäkär saýmak, gahar-gazap | Maksat |
| Latent (gizlin) | 6-12 | Zähmetsöýerlilik, krizis bolsa özüne kembaha garamaklyk | Kompetentlik-başçykaryjylyk |
| Ýetginjeklik | 12-19 | "Egonyň" öz-özüne ykrar etmekligi, eger krizis bilen gutaran ýagdaýynda rollaryň garyşmagy. | Wepalylyk |
| Irki kämillik | 20-25 | Içginlik, pynhanlyk. Krizis bolsa ýekelik. | Söýgi |
| Orta kämillik | 26-64 | Öndürijilik, krizis bilen gutarsa durgunlyk | Aladaçyllyk |
| Giçki | 65-… | "Egonyň" | pähimlilik |

| | | | |
|---|---|---|---|
| kämillik | | birleşmesi, bütewiligi. Krizis bilen gutarsa ahmyr | |

Görnüşi ýaly, Eriksonyň ilkinji üç döwri krizisleri, konfliktleri ýeňip geçmek bilen baglanşyklydyr. Erikson Freýdiň ýaňy dünýä inen çaganyň bu dünýäden gorkup ilkinji agy sesini etmeklik pikirini doly kabul edýär. Mundan beýläkki ösüş döwründe ata-eneleriň çaga bolan gatnaşygynyň birmeňz alada etmeklik, birmeňzeş talap etmeklik düzgünine gurap bilmekligine baglylykda çaganyň psihiki ösüşi kadaly ýa-da dartgynly häsiýete eýe bolup bilýär.

Ilkinji ösüş döwürlerinde görkezilen utanç, müýnlelik ýaly ýagdaýlar haçan-da çaganyň özbaşdaklygyna ýol berilmezligi, onuň özüniň başaraýjak ýumuşlaryny ata-enäniň özüniň etjek bolmaklygy ýa-da çagany ululаryň düýpgöter ünssiz galdyrmaklygy bilen baglanşyklylykda döreýär. Zähmetsöýerlik ýa-da kembahalyk döwründe çaga öz-özüňe hyzmat ediş zähmeti, şeýle hem öndürijilikli zähmetiň käbir görnüşlerini özleşdirýär. Bu döwürde çaga (6-12 ýaş) öz medeniýetiniň tehnologiki etnosyny özleşdirýär (ýaşaýan sebitende zähmetiň haýsy görnüşiniň giňden ýaýrandygyny, onuň özüni alyp baryş usullaryny özleşdirýär).

# Bap 6. Şahsyýetiñ kemala gelşiniñ basgançaklaýyn ösüşi hadysasy

## 6.1 Şahsyýetiñ kemala gelşiniñ sekiz döwri

Erikson öz taglymatyndaky psihososial ösüsin döwürlerini Freýdin aral, onal we beýleki döwürlerine laýyklap, onun üstesine irki kämillik, orta kämillik, giçki kämillik ýaly ösüs döwrüni hem gosýar. Öz taglymatyny Erikson "epigenetiki" diýip atlandyryp, munda "epi" - "sonra, yzy", "genezis" - "gelip çykys,ösüs" diýmekdir, basgaça aýdanynda edil Freýd ýaly Erikson hem psihikada ösüs döwrüni çaganyn, uly adamyn hökman geçmelidigini we onyn döwrünin yzygiderliginin üýtewsizligini nygtaýar. Eriksonyn pikiriçe her bir ösüs döwründe dasky gursaw çaganyn psihikasyna mundan öndäki döwre seredeninde has ýokarlandyrylan talaplar goýýar. Bu bolsa konflikt döredýär. Konflikt Eriksonyn düsunjesinde opurylysyk däl-de, ösüs üçin göres meýdanyna çagyrysdyr. Degisli döwrün konfliktinin üstünlikli çözülmegi çaganyn sazlasykly ösüsini, kemala gelsini döredýär. Konfliktin çözülmezligi bolsa, psihiki ösüsi togtatmaýar-da, bir tarapdan olar mazmunly edýär. Öz wagtynda çözülmadik konflikt sonrakky döwürlere hem geçirilýär. Her bir döwürde agzalan konfliktler krizis ýagdaýyny döredip, ol bolsa çaganyn ösüsinde uly öwrülişigiñ esasy bolýar.

| Ýaşy | Psihososial krizis | Krizisin netijesinde gazanylmalar |
|---|---|---|
| 1ýas | özeni (bazal) ynanç ýa-da ynanmazlyk | ynam-umytlylyk |
| 1-3 | awtonomiýa (özbasdaklyk) – utanç | erklilik |
| 3-6 | ugurtapyjylyk - günäkärlik duýgusy | maksat |

| | | |
|---|---|---|
| 6-12 | zähmetsöýerlik - özüne kembaha garamaklyk | bas çykaryjylyk |
| 12-19 | Rollaryn ykrar edilmegi (identifikasiýa) - rollaryn garysmagy | wepalylyk |
| 20-25 | içginlik pynhanlyk - ýekelik | söýgi |
| 26-64 | öndürijilik - durgunlylyk | alada |
| 65-ölüm | ego birlesme (egointegrasiýa) - öküünç | pähimdarlyk |

**1. Özeni ynanç – ynanmazlyk**

Umuman Erikson birinji 3 döwri umumylykda çaganyň "oýun" döwri diýip atlandyrmak bilen Freýd bilen ylalaşykda onuň şahsyýetiň galan bütin döwürleri üçin kesgitli ähmiýetini nygtaýar. Çaganyň birinji ýylynyň dowamynda gazanylýan psihologik häsiýeti Eriksondan beýleki awtorlar özüňe göwniýetijilik, özüňe ynamlylyk diýip atlandyrýarlar.

Erikson çaga özeni ynanjyň döremeginde enäniň esasy ornunyň bardygyny aýdýar. Erikson hem bu pikiri gös-göni gaýtalamasada, çagada daşky dünýäniň özi üçin öňaýly hemişelik, özi barada alada edýän häsiýetde kabul edip, şeýle garaşmasynyň hakykata öwulmegi üçin ilkinji nobatda enäniň mähriniň zerurdygyny belleýär. Ene mähri diýlip, onuň çagany iýmitlendirmegi däl-de, oňa öz duýgusyna meňzeş duýguny, hemişeligi syzdyryp bilmekligini göz öňüne tutýar. Eger-de ene çaganyň mähir, ynanç baradaky garaşmasyny ödäp bilmän, göwrelilikden öňki ýokary wezipeli işine dolanyp çaganyň duýgysyny alsa-da, onda çaga-da psihososial krizis çözülmän, çagada daşky dünýä hem-de öz-özüne ynamsyzlyk döreýär.

Her bir zatda belli bir ölçeg çeniniň bolşy ýaly çaganyň birinji ýylynda gazanýan ynam duýgusy şol bir wagtyň özünde nämä ynanmaly däldigini özleşdirmek bilen utgaşýar. Jana howp salýan fiziki, himiki we biologiki zatlara golaý durmazlyk nämä ynanmaly däldigini özleşdirmegiň degişli

mysallary bolup durýar. Öň bellenilşi ýaly ol ýa-da beýleki psihososial krizis öz ýaş döwründe çözülmezlige mümkindir.

Epigenetiki taglymatyň "epi" – soňra manysynyň biride şeýle krizisiň özünden soňky döwürlere hem çözülmän geçip bilýändigini aňladýar. Ýöne şeýle geçiriş nobatdaky krizisiň-de maksada ylaýyk ýeňilip geçilmegine böknenç döredýär.

**2. Awtonomiýa (özbaşdaklyk) – utanç**

Çaganyň özbaşdaklyga ymtylyşy Freýdiň aral döwrüniň dowamyna ylaýyk bolup, ol çagada döreýän muskul güýjüniň artmagy, hereketleniş has giň göwrüme eýe bolmaklygy bilen baglanşykda döreýär. Eger-de ata-eneler zerur psihologik düşbüligi (pronesatelnost) ýatdan çykaryp, çaganyň özbaşdaklyga ymtylyşyny goldasalar, onda bu psihososial krizis çaga-da durmuşyň esasy ulgamynda pähimli özbaşdaklygyň döremegine şert bolýar.

**3. Ugurtapyjylyk – günäkärlik guýgusy** – bu psihososial krizis köp derejede munuň öňüsyrasyndaka meňzeşdir. 3-6 ýaş döwri çaganyň dil özleşdirişiniň düýpli grammatiki kämilliginiň başlanmagy rolly oýunlara girişilmegi we beýleki bilim başarnyklarynyň kemala gelmegi oňa özbaşdak iş – döredijilere dalaş edip başlamaklyga mümkinçilik berýär. Bu döwürde döreýän çagamnyň "meniň özüm" häsiýeti köp zatlary özüçe ýerine ýetirmäge, döretmäge ýaýradylýar. Ulular çaganyň bu ugurtapyjylygynyň, özüçe döretmeleriniň üstünden gülmän, ony ýerlikli goldasa, bu krizis çagada ugurtapyjylygyň häsiýet hökmünde onuň bütin galan ömri üçin döremekligine mümkunçilik berýär. Tersine ata-enäniň awtaritarlygy (stopl ýumruklap çaga "diňe meniň aýdyşym ýaly edersiň" häsiýetindäki terbiýe), agressiwligi, çagalary özüne golaýlaşdyrmazlygy bu krizisiň çagada özüňi günäkär hasaplamak duýgusynyň döremegi bilen tamamlanýar.

**4. Zähmetsöýerlik – özüňi kembaha saýmaklyk** – ýokarda bellenilşi ýaly çaganyň bilim-başarnyk endikleriniň kem-kemden oösmegi netijesinde ol öz töwerigindäkileriň

zähmet dörediləşlerini özüniň hem başarmalydygy dogrusyndaky borjuna we ony ululäryň goldamalydygy dogrusyndaky hukugyna düşünip ugraýar. Freýd bilen ylalaşykda Erikson çagada bu ýaşda döreýän özünden gapma-garşylykly jynsa gönükdirilen söýgi libido energiýasynyň döredijilikli zähmete gönükdirilýändigini we onuň netijesinde çagada iş – zähmete netije gazanmaklygyň uly ähmiýete eýe bolýandygyny belleýär. (ýagny Edip we Elektro sindromlarynyň – häsiýet sypatlarynyň üstünlikli ýeňilip geçilmegi). Bu döwürde çaga jemgyýetiň zähmet – tehnologik etnosyna goşulýar we onuň esasy duýgusy "men nä derejede döredýän bolsam, şol derejede hem adamdyryn"

**5. Öz – özüňelik – rollaryň gatyşmagy**

Şahsyýetiň psihologiýasy bilen meşgul bolýan psihologlaryň ählisi diýen ýaly şahsyýetiň öz-özünelik häsiýetine uly ähmiýet berýär. Adam birbada atasynyň ogly, futbol komandasynyň agzasy, öz okuw ýa-da zähmet toparynda işini başarýan ýaly birnäçe rollary özünde jemleýär. Şol bir wagtyň özünde adam hemişe diýen ýaly öz ýanyndan "men nä derejede atamyň ogly", "komandanyň hüjünçisi", "iş normamy götermi ýerine ýetiriji" derejäni rolumy hakykatdan-da ödeýärin ýa-da nä derejede oňa ýetmän galýaryn diýen sowaly, duýgyny başdan geçirýär.

**6. Içginlik - ýekelik**

Erikson bu ýas döwrüni irki kämillik döwri diýip atlandyrýar. Onun pikiriçe ösýän sahsyýetde hut su döwürde sosial-durmus hem-de jyns-seksual mazmunda bir jynsyn beýlekä, bir adamyn beýlekki adama içginligi (intiwnost) döredýär. Içginlik dine bir beýlekä hormat ýa-da jyns söýgüsini geçirmek däl-de, eýsem, bir adamyn öz-özüneligini (identiçnost) ikinji bir adamyn öz-özüneligine geçirmekdir. Mundan ozalky ýas döwürlerinde ýetginjegin geldi-geçer söýgüsi onun öz-özüneligini tapmak boýunça agtarys isi bolup durýar. Emma irki kämillik döwründe munun ön ýanyndaky

döwürde kemala gelen öz-özünelik içginligi has sagdyn we saldamly görnüsde döretmäge mümkinçilik berýär. Eger-de içginlik hiç bir bökdençsiz öz döwründe kemala gelen ýagdaýynda ol söýgi bilen tamamlanýar Bu döwürde ösýän sahsyýetin psihiki durmusyna esasy howp salýan zat töweregine, garsydaslaryna onçakly üns bermän, onun öz ähli pikir duýgysyny öz aladasynyn töwereginde jemlemekligi bolup durýar. Bu ýagdaýda içginligin döremekligi kynlasyp, bu döwür ýekelik, garasöýmezlik häsiýetinin döremegi bilen tamamlanýar.

**7. Öndürijilik - durgunlyk.**

Eriksonyn bu döwri orta kämillik diýip atlandyrylýar. Bu döwürde adam özünin durmusdaky esasy borçlarynyn birini anlamaly bolýar. Bu borç geljek neslin hem-de jemgyýetin geljek ýagdaýynyn onaýly, bagtly bolmagy üçin öz elýeter gosandyny gosmak borjudyr. Bu ilkinji nobatda ata-enelerin öz çagalary dogrusyndaky olaryn geljegine aladalanmakda ýüze çykýar. Ýöne adamlar munun bilen çäklenmeli däldiler. Olar adamlaryn, jemgyýetin onyn geljegi üçin aladasyny ýaslar guramasynyn isine we beýleki resmi däl guramalaryn islerine ýardam bermek arkaly bu isi amala asyrmalydyrlar. Hut seýle ýagdaýda adam özünin il-güne, jemgyýete, öz-özüne gerekdigini duýýar, onda öz borjydy ödemeklik, öndürijilik duýgysynyn döräp, bu döwrün onyn tamamlanýandygyny tassyklaýar. Seýle häsiýetli adamlaryn gapma - garsylygy bolup durýan adamlar hem bardyr. Olar ýas ösdürimin, jemgyýetin geljeginin pikiri bilen däl-de, dine öz aladalary bilen ýasaýarlar. Olar seýle sebäplere görä ir döwürde isjen, öndürijilikli is - hereketlerinden galýarlar. Seýle dine özüni bilip ýasamaklyk bu adamlar üçin bu döwrün durgunlyk bilen tamamlanmagyna getirýär.

**8. Egobirleşme - ökünç-ahmyr**

Garrylyk döwründe adamyn güýç - kuwwaty, akyl - döredijilik ukyplary tebigy ýagdaýda peselýär. Sonun üçin bu

döwürde adamyn öz pikir-duýgysyny, geçmisi ýatlamaklyga gönükdirmegi hem tebigydyr. Öz üstüne borç alyp, ony hem amal edip, ýasaýan adamlar özünin esasy isi, masgaladaky orny, beýleki adamlar bilen gatnasygy we beýleki ugurdaky özünin onyn gazanmalaryny ego-nyn töweregin de jemläp, özüni kanagatlandyrýan ego birlesmäni döredýär. Bu adamlaryn Ψ-ki durmusy "men ömrümde elimden gelýanini etdim" diýen kanagatlandyryjy duýgylar bolýar. Munun ters tarapyny özünde jemleýän adamlarda bihuda geçirilen ömür barada 2 hili garaýys bolýar:

I- topary "ömür ýene bir gezek berilse basgaça ýasardym" diýen ahmyrda bolýan bolsa;

II- topary özüniň bos ýasan ömrüni göwün aldamalar bilen doldurmaklyga synanysýar.

## 6.2 Şahsyýetiñ ösüşindäki krizisleriñ çözlüş usullary

Erikson ösüşiñ birinji döwründe çagada özeni ynanjyň döremeginde enäniň esasy ornunyň bardygyny aýdýar. Biz Eriksonyň özeni ynanç baradaky pikirine Freýdiň düýpli täsiriniň bardygyny görýäris. Ýada salsak Freýdiň pikiriçe ýaňyja dünýä inen çaga enesiniň ýyly, oňaýly çaga ýatagyndan özüne howply bolan daşky dünýäden gorkup ilkinji agyny aglaýar, ol mundan beýläk daşky gurşawdan diňe howpa, gorka garaşýar. Erikson hem bu pikiri gös-göni gaýtalamasada, çagada daşky dünýäniň özi üçin öňaýly hemişelik, özi barada alada edýän häsiýetde kabul edip, şeýle garaşmasynyň hakykata öwulmegi üçin ilkinji nobatda enäniň mähriniň zerurdygyny belleýar. Ene mähri diýlip, onuň çagany iýmitlendirmegi däl-de, oňa öz duýgusyna meňzeş duýguny, hemişeligi syzdyryp bilmekligini göz öňüne tutýar. Eger-de ene çaganyň mähir, ynanç baradaky garaşmasyny ödäp bilmän, göwrelilikden öňki ýokary wezipeli işine dolanyp çaganyň duýgysyny alsa-da,

onda çaga-da psihososial krizis çözülmän, çagada daşky dünýä hem-de öz-özüne ynamsyzlyk döreýär.

Her bir zatda belli bir ölçeg çeniniň bolşy ýaly çaganyň birinji ýylynda gazanýan ynam duýgusy şol bir wagtyň özünde nämä ynanmaly däldigini özleşdirmek bilen utgaşýar. Jana howp salýan fiziki, himiki we biologiki zatlara golaý durmazlyk nämä ynanmaly däldigini özleşdirmegiň degişli mysallary bolup durýar. Öň bellenilşi ýaly ol ýa-da beýleki psihososial krizis öz ýaş döwründe çözülmezlige mümkindir.

Epigenetiki taglymatyň "epi" – soňra manysynyň biride şeýle krizisiň özünden soňky döwürlere hem çözülmän geçip bilýändigini aňladýar. Ýöne şeýle geçiriş nobatdaky krizisiň-de maksada ylaýyk ýeňilip geçilmegine böknenç döredýär.

Eger-de ata-eneler zerur psihologik düşbüligi (pronesatelnost) ýatdan çykaryp, çaganyň özbaşdaklyga ymtylyşyny goldasalar, onda bu psihososial krizis çaga-da durmuşyň esasy ulgamynda pähimli özbaşdaklygyň döremegine şert bolýar. Emma ata-eneler adatça 2 hili ýalňyşluk göýberýärler:

1) Çaganyň özüniň edip biläýjek zadyny uly igenç bilen ata-enäniň özi ýerine ýetirse;
2) Kähalatlarda olar çaga oňa elýeter bolmaklyk iş ýumuşlary tabşyrýarlar;

Bu ýagdaýlaryň ikisinde-de çagada öz-özüne gönükdirilen gahar görnüşinde utanç duýgusy döreýär we psihososial krizis çözülmeklige derek dartgynlyga, konflikde öwrülýär. Adatça çaganyň bu döwürdäkli ?-k ýagdaýyny "me başarýan zadymça adam borun" mazmunda aňladylýar.

**3.Ugurtapyjylyk – günäkärlik guýgusy** – bu psihososial krizis köp derejede munuň öňüsyrasyndaka meňzeşdir. 3-6 ýaş döwri çaganyň dil özleşdirişiniň düýpli grammatiki kämilliginiň başlanmagy rolly oýunlara girişilmegi we beýleki bilim başarnyklarynyň kemala gelmegi oňa özbaşdak iş – döredijilere dalaş edip başlamaklyga

mümkinçilik berýär. Bu döwürde döreýän çagamnyň "meniň özüm" häsiýeti köp zatlary özüçe ýerine ýetirmäge, döretmäge ýaýradylýar. Ulular çaganyň bu ugurtapyjylygynyň, özüçe döretmeleriniň üstünden gülmän, ony ýerlikli goldasa, bu krizis çagada ugurtapyjylygyň häsiýet hökmünde onuň bütin galan ömri üçin döremekligine mümkunçilik berýär. Tersine ata-enäniň awtaritarlygy (stopl ýumruklap çaga "diňe meniň aýdyşym ýaly edersiň" häsiýetindäki terbiýe), agressiwligi, çagalary özüne golaýlaşdyrmazlygy bu krizisiň çagada özüňi günäkär hasaplamak duýgusynyň döremegi bilen tamamlanýar.

**4.Zähmetsöýerlik – özüňi kembaha saýmaklyk** – ýokarda bellenilşi ýaly çaganyň bilim-başarnyk endikleriniň kem-kemden oösmegi netijesinde ol öz töwerigindäkileriň zähmet döredilişlerini özüniň hem başarmalydygy dogrusyndaky borjuna we ony ulularyň goldamalydygy dogrusyndaky hukugyna düşünip ugraýar. Freýd bilen ylalaşykda Erikson çagada bu ýaşda döreýän özünden gapma-garşylykly jynsa gönükdirilen söýgi libido energiýasynyň döredijilikli zähmete gönükdirilýändigini we onuň netijesinde çagada iş – zähmete netije gazanmaklygyň uly ähmiýete eýe bolýandygyny belleýär. (ýagny Edip we Elektro sindromlarynyň – häsiýet sypatlarynyň üstünlikli ýeňilip geçilmegi). Bu döwürde çaga jemgyýetiň zähmet – tehnologik etnosyna goşulýar we onuň esasy duýgusy "men nä derejede döredýän bolsam, şol derejede hem adamdyryn"

**5.Öz – özüňelik – rollaryň gatyşmagy**

Şahsyýetiň ?-sy bilen meşgul bolýan ?-laryň ählisi diýen ýaly şahsyýetiň öz-özünelik häsiýetine uly ähmiýet berýär. Adam birbada atasynyň ogly, futbol komandasynyň agzasy, öz okuw ýa-da zähmet toparynda işini başarýan ýaly birnäçe rollary özünde jemleýär. Şol bir wagtyň özünde adam hemişe diýen ýaly öz ýanyndan "men nä derejede atamyň ogly", "komandanyň hüjünçisi", "iş normamy götermi ýerine ýetiriji" derejäni rolumy hakykatdan-da ödeýärin ýa-da nä

derejede oňa ýetmän galýaryn diýen sowaly, duýgyny başdan geçirýär. Adamda şeýle ynamyň esasyny düzýän öz-özünelik häsiýetiniň döremegi üçin keminden 3 şert zerurdyr:

1.Adam öz ýanyndan özüniň ähli rollaryna hakykatdan-da laýykdygyny syzmalydyr.

2.Daş töweregindäkiler onuň özüne laýyklygyny ykrar etmek görnüşinde syzmalydyr.

3.Adamyň öz-özüne laýyklygyny syzmaklygy bilen daşyndakylaryň onuň özüne laýyklygyna baha berşi mümkungadar gabat gelmelidir. Eger-de bu krizis üstünlikli çözülen ýagdaýynda adamda öz rollaryna wepalylyk döräp, oňyn däl, otrisatel häsiýetde sözlenende bolsa, rollaryň gatyşmaklygy döreýär.

Adamyň aýdym-saz, sport, ylym we ş.m. ýaly ugularda döreýän "ýyldyzlaryň roly bilen özüňi birleşdirmegi we hakykatda olar ýaly bolup bilmejekligini aňlamaklygy hem rollaryň gatyşmagyna getirýär. ("göwni Kap dagynda, aýagy köl üstünde", "ne gawun ne mawun" we beýlekiler).

**6. Içginlik - ýekelik**

Erikson bu ýas döwrüni irki kämillik döwri diýip atlandyrýar. Onun pikiriçe ösýän sahsyýetde hut su döwürde sosial-durmus hem-de jyns-seksual mazmunda bir jynsyn beýlekä, bir adamyn beýlekki adama içginligi (intiwnost) döredýär. Içginlik dine bir beýlekä hormat ýa-da jyns söýgüsini geçirmek däl-de, eýsem, bir adamyn öz-özüneligini (identiçnost) ikinji bir adamyn öz-özüneligine geçirmekdir. Mundan ozalky ýas döwürlerinde ýetginjegin geldi-geçer söýgüsi onun öz-özüneligini tapmak boýunça agtarys isi bolup durýar. Emma irki kämillik döwründe munun ön ýanyndaky döwürde kemala gelen öz-özünelik içginligi has sagdyn we saldamly görnüsde döretmäge mümkinçilik berýär. Eger-de içginlik hiç bir bökdençsiz öz döwründe kemala gelen ýagdaýynda ol söýgi bilen tamamlanýar. Edil Freýd ýaly Erikson hem içginligin döremegini psihiki saglygyn esasy serti

hökmünde kesgitleýär. (ýöne hiç wagt aýal bilen gosulmajaklygyna kasam edenlerin bu ýagdaýda psihiki saglygyny kesgitlemek örän kyn bolýar. Bu döwürde ösýän sahsyýýetin psihiki durmusyna esasy howp salýan zat töweregine, garsydaslaryna onçakly üns bermän, onun öz ähli pikir duýgysyny öz aladasynyn töwereginde jemlemekligi bolup durýar. Bu ýagdaýda içginligin döremekligi kynlasyp, bu döwür ýekelik, garasöýmezlik häsiýetinin döremegi bilen tamamlanýar.

**7. Öndürijilik - durgunlyk. (26-64 ýas)**

Eriksonyn bu döwri orta kämillik diýip atlandyrylýar. Bu döwürde adam özünin durmusdaky esasy borçlarynyn birini anlamaly bolýar. Bu borç geljek neslin hem-de jemgyýetin geljek ýagdaýynyn onaýly, bagtly bolmagy üçin öz elýeter gosandyny gosmak borjudyr. Bu ilkinji nobatda ata-enelerin öz çagalary dogrusyndaky olaryn geljegine aladalanmakda ýüze çykýar. Ýöne adamlar munun bilen çäklenmeli däldiler. Olar adamlaryn, jemgyýetin onyn geljegi üçin aladasyny ýaslar guramasynyn isine we beýleki resmi däl guramalaryn islerine ýardam bermek arkaly bu isi amala asyrmalydyrlar. Hut seýle ýagdaýda adam özünin il-güne, jemgyýete, öz-özüne gerekdigini duýýar, onda öz borjydy ödemeklik, öndürijilik duýgysynyn döräp, bu döwrün onyn tamamlanýandygyny tassyklaýar. Seýle häsiýetli adamlaryn gapma - garsylygy bolup durýan adamlar hem bardyr. Olar ýas ösdürimin, jemgyýetin geljeginin pikiri bilen däl-de, dine öz aladalary bilen ýasaýarlar. Olar seýle sebäplere görä ir döwürde isjen, öndürijilikli is - hereketlerinden galýarlar. Seýle dine özüni bilip ýasamaklyk bu adamlar üçin bu döwrün durgunlyk bilen tamamlanmagyna getirýär.

**8. Egobirlesme - ökünç-ahmyr (giçki kämillik 65-ölüm)**

Garrylyk döwründe adamyn güýç - kuwwaty, akyl - döredijilik ukyplary tebigy ýagdaýda peselýär. Sonun üçin bu döwürde adamyn öz pikir-duýgysyny, geçmisi ýatlamaklyga

gönükdirmegi hem tebigydyr. Öz üstüne borç alyp, ony hem amal edip, ýasaýan adamlar özünin esasy isi, masgaladaky orny, beýleki adamlar bilen gatnasygy we beýleki ugurdaky özünin onyn gazanmalaryny ego-nyn töwereginde jemläp, özüni kanagatlandyrýan ego birlesmäni döredýär. Bu adamlaryn Ψ-ki durmusy "men ömrümde elimden gelýanini etdim" diýen kanagatlandyryjy duýgylar bolýar. Munun ters tarapyny özünde jemleýän adamlarda bihuda geçirilen ömür barada 2 hili garaýys bolýar:

I topary "ömür ýene bir gezek berilse basgaça ýasardym" diýen ahmyrda bolýan bolsa;

II topary özünin bos ýasan ömrüni göwün aldamalar bilen doldurmaklyga synanysýar.

## 6.3 Sosial-gumanistik taglymatda şahsyýet meselesi

Erik From ylmy dünýäde Freýdizme jemgyýetçilik-ynsanperwerlik öwüşgin beren hökmünde tanalýar. Oňa neo Freýdizmiň esaslandyryjylarynyň biri hem diýýärler. From orta asyrlaryn ahyryndan (XV asyr) başlap, täze bizin günlerimize çenli sahsyýetin jemgyýet bilen özara baglansygynyn aý/ny seljerip, analiz edip, ondan düýpli psihologik özgertmelerin bolandygyny ýüze çykarýar. Bu döwürde sahsyýet dürli tolgunmalar, gozgalanlar, rewolýusiýalar arkaly öz erkinligi, azatlygy dogrysynda göresýär we ahyr netijede ösen burjuaz döwürde ony gazanmagy basarýar. Adam hukugy deklorasiýasy Ýewropanyn ösen ýurtlarynda, ABS-da öz güýjüne girip, sahsyýetin sahsy, raýat, is hukugy, erkinligi öz kepillendirilmesini alýar, ýöne Fromyn belleýsi ýaly bu gazanylan erkinlik, azatlyk sahsyýetde sol bir wagtyn özünde onun öz indiwiduallygyny, ähmiýetliligini, öz-özüneligini, gaýtalanmazygyny, öz "menini" ýitirmekligi bilen utgasýar. Erkin sahsyýet sol bir wagtyn özünde millionlarça özüne menzeslerin birine öwrülýär. Indi sahsyýet erkin adam

hökmünde özi özbasdak maksat goýup, özbasdak hem karara gelmeli bolýar. Bu köp derejede dürli howplar bilen baglansykly bolýar. (özbasdak netijä gelmeklik birdenkä sowly bolmasa sahsyýet öz önki abraýyny, onaýlyja durmusyny ýitirmeklige töwekgelçilik edýär). Sol sebäpli täze döwrün erkin sahsyýetinde erkinlikden, azatlykdan gaçmaklyk (бегство от свободы) hadysasy döreýär.

E.From sahsyýetin erkinlikden gaçmaklygynyn we sol bir wagtyn özünde özünin ýitiren indiwiduallygynyn güýjüni saklamaklyga ymtylysyn birnäçe psihologik mehanizmlerini ýüze çykarýar. Olar:

1.Awtoretarizm - ýagny öz indiwiduallygyny, sahsy gaýtalanmazlygyny özünden dasky gursawa bolan haýsydyr bir güýçli at-abraý, awtoritet bilen birlesdirip, onun üsti bilen öz indiwiduallygynyn güýjini saklamaklyk; awtoratarizm öz mazmunynda bir medalyn iki tarapy bolup durýan mazahizm we sadizm häsiýetinden durýar. Mazahizm - özünin nalaçedeýinligini, ejizligini boýun alyp, beýlekilere özüni gynatmakdan, horlamakdan lezzet alyp ýasamaklyga ymtylmakdyr. Sadizm - bolsa tersine beýlekileri gynap, olary öz erkine tabyn edip ýasamaklyga bolan ymtylysdyr.

Bu 2 häsiýet aýdylysy ýaly sol bir adamda bir bada bolup bilýär. Meselem: birek-birege tabynlylyk isi-durmusy kanunlasdyrylan harby ugurda praporsik esgere sadistik, özünden ýokardakylara bolsa mazahistik gatnasykda bolýar.

Seýle mehanizmlerin ikinji bir görnüsi hökmünde From:

2.Destruktiwizmi (ýumurmaklyk) görkezýär. Munda öz garsydasyny ýok etmek ýa-da onun erkini ysmaz etmek arkaly öz ýitiren indiwiduallygyny dikeltmekdir. From sol bir wagtyn özünde seýle mehanizmin hatarynda:

3.Konformizmi - ýagny jemgyýetin, medeniýetin, sosial gursawyn edil talap edisi ýaly tabyn bolujylykly öz .a.b/sy döretmekligi hem görkezýär.

E.From adamyn azatlykdan gaçmak, özüni ýeke duýmak duýgusy siwilizasiýanyn has ösen döwründe umuman gutulgysyz hasaplasa-da, sol bir wagtyn özünde ony onyn (pozitiw) azatlyk bien ýenip geçip bolýandygyny ykrar edýär. Eger-de adam özüni unudýan ýagdaýynda zAhmet isine gosulyp, sol bir wagtyn özünde beýleki adamlary söýüp bilýän bolsa, ol onyn erkinligi gazanýar. Adamyn onyn erkinlik ýagdaýy - bu onun bir bada basga adamlar bilen özara gatnasykda, olardan belli bir goldaw garasmalarda hem-de özüni özbasdak is-durmus amala asyryp bilýan duýguda bolmak ýagdaýydyr.

**1. Adamyň egzistensial (ýasaýys, durmus) islegleri.**

E.From täze döwrüň adamsyna mahsus bolan özüni ýeke duýmak, öz “menini” ýitirmeklik ýaly häsiýetleriň ýenilip geçilis serisdesi hökmünde adamda birnäçe egzistensial islegleri ýüze çykarýar:

**2. Beýleki adamlar bilen baglansykda bolmak islegi** - adam özüni basmarlaýan ýekelik, hiç kimlik duýgysyny aradan aýyrmak üçin beýleki adamlar bilen bilelikde zähmet çekmek isine gosulmak islegini özünde döredýär. Adam beýlekilere baglansykda bolmakdan daýanç goldawyny alyp, sol bir wagtyn özünde hem özbasdaklygyny, erkinligini saklaýar.

**3. Öz-özüni ýenip geçmek islegi -** adam özünin tebigy ýaltalygyny, is ýakmazlygyny anlap isde döredijilik, sungat ugrundaky döredilis, nesil terbiýelemekde gosant ýaly amala asyrmalatyn üsti bilen özünin sahsy isjenlik tebigatyny döredýär.

**4. Adamyn öz köküne, durnukly daýanja bolan islegi -** Fromyn pikiriçe (Freýdin yzy bilen) çaga dünýä inen badyna özünin kökünden mahrum bolandygyny duýýar. Emma özüni gursaýan ene mähri bu ýitgi duýgysynyn belli bir derejede öwezini tutýar. Çaganyn ahyrynda adam bu ene tarapyndan üpjün edilýän howpsyzlyk, aladasyzlyk ýagdaýyndan ýüz

öwürýär we düýpli köke, daýanja bolan islegini is-durmusdaky gazanmalar bilen üpjün etmäge synanysýär. Garrylygyn aralasmagy, ölümin golaýlasmagy bilen adamda ýene-de öz köküni ýitirmeklik howpy döreýär. Eger-de adam öz köküne bolan islegini ýarym-ýarty görnüsde ata-enä, hossarlara baglanmak, ýarym-ýarpy bolsa öž is güýjine daýanmak arkaly gazanmakçy bolýan bolsa, onda ol hiç wagt özünin sahsyýet hökmündäki bitewiligini gazanyp bilmeýär.

**5. Adamyn öz-özüneligine bolan islegi -** adam adatça "bu-mendirin" diýen häsiýetde ýasamaklyga ymtylýar. Ol dine basga adamlaryn is hereketini, söz-pikirlerini gaýtalap ýasamaklygyn öz "menini" ýitirmeklikdigini anladýar.

**6. Öz pikirine, dünýägaraýsna we kimdir birine göwün-ýürek bermeklige bolan islegi -** adam dünýä, jemgyýet, durmus bilen bagly meseleleri öz pähimi boýunça jogap bermeklige ymtylýar. Sol bir wagtyn özünde adam haýsydyr bir düýpli at-abraýa ýürekden berilmeklik isleginde bolýar. (meselem: Hudaýa)

## 6.4 Gylygyň sosial tipleriniň esaslandyrylyşy

Sosial gylygyň tipleri E.Fromyn pikiriçe ýokarda görkezilen egzistensial isleglerin sosial gursaw bilen özara baglanysmagy esasynda ýüze çykýar. Basgaça aýdanynda baglansyga, öz-özüni ýenip geçmeklige, öz köküne, öz-özünelige, öz garaýsyny edinmeklige bolan isleglerin göwnejaý ýa-da göwnejaý bolmadyk usulda kanagatlandyrylmagy sosial gylygyn ol ýa-da beýleki tipini döredýär. From sosial gylygyn reseptiw (kabul ediji), ekspluatator (eziji), toplaýjy, bazar ugrykmaly hem-de öndürijilikli ýaly 5 tipini esaslandyrýar: gylygyn sosial tiplerini umumy derejede öndürijilikli (produktiw) we öndürijiliksiz görnüslere bölüp, From ýokardakylaryn birinji dördüsini öndürijiliksize, in sonkysyny bolsa öndürijilikli görnüsine degisli edýär.

**Reseptiw gylykly adam** özüne ähli zerur zady dasyndakylardan almaly diýen pikire eýerip ýasaýar. Ol adatça isjen däl - passiw, ugurtapyjylygy ýok, töweregindäkilerin onyn hereketlerine öýkünip ýasaýan adam. Eger-de terbiýe maksada ylaýyk bolanda bu tipli adamyn mydama beýlekilerden bir zada umudygär bolup gezmek endigi onda durmusda ýasaýysa umytlylyk (otimizm) häsiýetini döredýär.

**Ejizi - ekspluatator tipli adam** durmusda ähli zerur zatalary güýç bilen almaly diýen pikire gulluk edip ýasaýar. Onun otrisatel tarapy agrssiwlik, ulumsylyk, güýje baýrynmaklyk bolýan bolsa, položytel tarapy özüne göwniýetijilik, ynamlylyk, gaýduwsyzlyk bolýar.

**Toplaýjy tipli adamlar** bu dünýänin manysyny, maddy nygmatlary, häkimýeti, söýgini toplamakdadyr diýen ynanja eýerýärler. Otrisatel taraplary gysgançlyk, harsydünýälik bolsa, položytel tarapy özüne erk edip bilmeklik, sabyrlylyk ýaly sypatlar bolup durýar.

**Bazar ugrykmaly tipdäki adamlar** sahsyýeti hem bahasyna görä çalsyp bolýan haryt hasaplaýarlar. Olar öz gymmatyny haýsy häsiýet sypat ýokarlandyrjak bolsa, sony hem güýçli derejede ýüze çykarýar. Olar “men siz nähili görnüsde göresiniz gelýän bolsa, sol görnüsdäki hem adamdyryn” diýen düzgüne eýerip ýaşaýarlar.

**Şahsyýetin sosial-medeni taglymaty.** Karen Horninin ady neoFreýdistlerin hatarynda tutulsa-da, ol birnäçe meseleler boýunça ož taglymatyny Freýdinkä Gapma-garsylykda goýýar.

1. Horni Freýdin aýalyn Ψ-sy erkegin jyns organynyn üstemligine gözi gitmek, bahylçykyk etmek häsiýetde guralýar diýen pikirine garsy çykýar. Ol umuman, adamyn Ψ-ny psihoseksual anatomiýa dolandyrýar diýen Freýdistik ýörelge bilen ylalasmaýar. Üstesinede Horni Freýdin aýallar baradaky ýokardaky agzalan pikirine erkeklerin psihologiýasy aýallaryn çaga ýatagyna gözi gitmekligi, özlerinin çaga döredip (dogrup)

bilmeýändiklerine ahmyr etmek häsiýetinde guralýar diýen pikiri garsy goýýar.

2. Horni ABS-a göçenden sonra E.From, Salliwen we beýleki gumanistik psihologlar bilen dususandan sonra adamyn öz .a.b/nyn jyns-biologiki meýiller boýunça däl-de, eýsem sosial-medeni şertler esasynda kemala gelýändigi, dolandyrylýandygy baradaky pikiri döreýär.

3. Ol Ýewropanyn, Amerikanyn medeniýetinden çykan adamlaryn sagdyn we näsag psihiki häsiýetinin düýpli aýrabasgalygy Hornide adamyn psihikasynyn esasan sosial-medeni sertlere baglydygy dogrusyndaky pikiri has berkidýär.

**Horniniň taglymatynda sahsyýetin ösüsi meselesi.** Horni Freýdin mekdebinden çykan alym hökmünde psihoanalizin esasy ýörelgesini k.edýär. Basgaça aýdanynda ol Freýdin irki çagalykdaky basdan geçirmelerinin sahsyýetin sonky döwründäki gylyk-häsiýetini kesgitleýanligi dogrysyndaky pikirini doly k.edýär.

Horni ýaş çagada bir tarapdan kanagatlandyrylma bolan islegin bolýandygyny aýdýar.

Birinji isleg çaganyn iýmite bolan garasmalarynyn wagtly-wagtynda we doly derejede kanagatlandyrylmagy bilen baglansyklydyr. Çaganyn özüni denagramly, ynjalykly duýmaklygy üçin onun iýmite bolan isleginin kanagatlandyrylmagy zerurdyr. Emma bu isleg çaganyn psihiki ösüsini, galyberse-de onun galjekki sahsyýetini kesgitleýän esasy sert däldir. Seýle kesgitleýji sert hökmünde Horni çaganyn howpsyzlyga bolan islegini görkezýär.

Çaganyn howpsyzlyga bolan islegi edil Freýdin aýdysy ýaly onun dünýä inip, göbegi kesilendäki bu dünýäden gorkup ilkinji aglamaklygy bilen baslanýar. Sol bir wagtyn özünde bu isleg kanagatlandyrylmagy üçin ene-atanyn mähirliligi, aladaçyllygy, talap goýüsynyn ýumsaklygy ýaly täsirler esasy rol oýnaýar.

Aýdylysy ýaly kanagatlandyrylmak we howpsuzlyga bolan iskegi kanagatlanmasa çagada özeni (bazal) galagoplylyk döreýär. Ösýän sahsyýet özünin seýle özeni galagoplylygyny ýenip geçmek üçin özünde bir näçe egzistensial - ýasaýys islegini döredýär. Seýle islegin horni 10 sanysyny ýüze çykarýar:

1. Özüni ykrar etdirmek;
2. Çäklendirilmeklige bolan isleg;
3. Häkimýete bolan isleg;
4. Beýlekileri ezmezlige bolan isleg;
5. Töweregindäkileri gen galdyrmaga bolan isleg;
6. Öz derejäni ýokary tutmaklyga isleg;
7. Beýlekilerin gözünin önünde hiç bir kem-közsüz bolmaklyga bolan isleg we beýlekiler.

Eger-de galagoply adamyn mümkingadar özüne, dasyndaky gursawda durnuklylyk, bir menzeslik, çaklama tabynlyk ýaly sertleri döretmeklige ymtylýandygyny nazarda tutsak, ýokarky egzistensial isleglerin gönükdirilmesi öz-özünden düsnükli bolýar. Meselem: galagoply adam öz gursawynda dürli-dülülik, nämänin nämä tabynlygyny ansaryp bolmazlyk ýaly ýagdaýda hereket etmäge ukypsyzlyk bolýar. Sonun üçin ol kimdir birinin öz durmus düzgünini pugta çäklendirilmegini isleýär. Öz galagoplylygyny dasyndakylara duýdurmazlyk üçin bolsa, ol beýlekileri ezmäge, haýsydyr bir häkimiýete özüni ahlak we beýleki taraplardan bir kemsiz görkezmäge ymtylýar. Sol bir wagtyn özünde Horni sahsyýetin birnäçe ugrukmalaryny (oriýentasiý) ýüze çykarýar. Ol sahsyýetin özünden beýlekilere gönükdirilmeklik, öz-özüne gönükdirilmeklik, bitarap gönükdirilmeklik ýaly gönükdirilmeleri tapawutlandyrýarlar.

## Bap 7. Şahsyýetiň taglymatynda dispozision ugur

### 7.1 Şahsyýeti onuñ sypatlary esasynda öwrenmek nazaryýeti

Şahsyýetin taglymatynyn bu ugry 2 sany esasy pikirlerin töwereginde jemlenýär. Olaryn birinde sahsyýet dürli ýagdaýda birmenzeş özüni alyp barmaga ýykgyn etmekliginiñ giñ mümkinçiligini özünde saklaýar diýen pikirdir. Basgaça aýdanynda, sahsyýet özüni alyp barşynda durnukly sypatlary özünde jemläp, bu durnuklylygy ol wagtyn, wakalaryn, tejribelerin üýtgemekligine garamazdan, sol bir menzeslikde ýüze çykarýar.

Bu ugurdaky ikinji bir pikir - dünýäde 2 sany birmenzes sahsyýet ýok, adamlar bir-birlerinden öz gaýtalanmaz indiwidual aýratynlyklary boýunça tapawutlanýarlar diýen mazmundadyr. Elbetde, bu pikir täzelik däldir, çünki sahsyýeti öwrenmeklige gönükdirilen islendik taglymat sahsyýetin gaýtalanmaýan mazmundygyny ilkibasdan ykrar etmek bolýar.

Dispozision taglymatyn görnükli wekillerini Gordan Ollport, Raýmond Kettel, G. Aýzenk dagylardyr. Olaryñ işlerinde ugruñ ulgamlaýyn nazaryýetleriniñ berlişi biri-birinden tapawutlanýarlar.

Ollpordyn pikiriçe sahsyýetin hiç kiminkä menzemeýän gaýtalanmaz mazmunyny onun psihologik sypatlaryny kesgitlemek arkaly öwrenip bolar. Sol bir wagtyn özünde Ollpord dine bir sahsyýetin gaýtalanmazlygyny nygtamak bilen çäklenmeýär. Onun sahsyýete çemelesisi gumanistik - ynsanperwer çemelesisinin hem aýratynlygyny özünde jemleýär. Ol sahsyýetin ähli mümkinçiliginin ýüze çykarylmalydygyny, onun öz-özüni kesgitlemegini we öz-özüni kämillesdirmekligini gazanmalydyr. Olpart sol bir wagtda sahsyýetin öz .a.b/na motiwasiýanyn we pikirlenmänin täsir edýändigini ykrar edýar.

Raýmond Ketteliñ, G. Aýzengiñ taglymatlary barada aýdanymyzda, olar maTematiki faktor analizinin - seljermesinin kömegi bilen sahsyýetin esasy sypatlaryny ylmy takyklykda dernäp, onun özeni (baza), ýadro hasaplanýan sypatlarynyn öz .a.b/sa edýän täsirini ýüze çykarmak bolar diýen pikirinden ugur alýarlar.

Aýzenk sahsyýetde ekstrawersiýa we intrawersiýa ýaly esasy ugrykmalary ýüze çykaryp (ekstrawersiýa-intrawersiýa ilkinji gezek K.Ýung tarapyndan açylandyr). Sol bir wagtyn özünde şahsyýetde durnuklylyk (stabillik) - neýrotizm hem-de psihotizm ýaly häsiýetlerin hem bardygyny aýdýar.

R.Ketter mundan tapawutlylykda sahsyýetin Ψ-k düzümini 16 sany faktor arkaly öwrenip bolýandygyny tassyklaýar.

**Sahsyýet näme?**

G.Olpard sahsyýetin 50 sany kesgitlenmesini seljerýär, analizleýär we onun esasynda sahsyýetin psihologik durkuna (сущность) kesgitleme bermeklige synanysyk edýär. Ol sahsyýeti "hereket edýän we asyl durky özünin hereketlerinin içki tarapynda durýan haýsydyr bir zat" diýip kesgitleýär. Bu kesgitlemedäki "haýsydyr bir zady" has anyklamak üçin Olpard sahsyýetin ýene-de bir kesgitlemesini berýär: "Sahsyýet - bu öz .a.b/sa, hereketlense täsir edýän psiho-fiziologiki ulgamyn üýtgeýji guralsydyr." Bu kesgitlemedäki "üýtgeýjilik" düsünjesi sahsyýetin durgusan däl-de, hemise çeýe hereket edýändigini anlatsa, "psiho-fiziologik" düsünjesi sahsyýetin gurlusyna birbada beden-fiziologik we ruhy fiziologik düzüjileriň bolýandygyny anladýar.

G.Olpard sahsyýetin sypatlarynyn esasy 3 görnüsini ýüze çykarýar. Olar:

1. kardinal - bas sypatlar;
2. esasy sypatlar;
3. ýüzleý sypatlar;

Adyndan görnüşi ýaly kardinal sypatlar - bu adamy ýakyn ýa-da daşky gurşawa däl-de, eýsem, tutuş sebitde, hatda dünýä meşgur edýän, tanadýan, şahsy häsiýetlerdir. Meselem: rehimdarlykda Tereza enäniň, aýalbazlykda Don Žuanyň, janly ulgamy goldamakda Sweýseri we beýlekileri ählumumy nusga hökmünde görkezýärler. Terbiýäniň maksada ylaýyklygyna baglylykda diňe bir taruha giren şahsyýetler däl-de eýsem, adaty şahsyýetleriň hem aýry-aýry sypatlary dürli ýagdaýda birmeňzeşligi ýüze çykyşy boýunça kardinal sypatlaryň derejesine ýetip biler.

**Esasy sypatlar** hökmünde Olpart adatça adamlara teklipnamaty hökmünde berilýän has/da ulanylýan häsiýetleri görkezýär: dogruçyllyk, tertiplilik, ýerine ýetirijilik, hökmanlylyk we ş.m. Bu sypatlaryň adaty mysallarydyr. Olpart dürli ýaşdaky adamlar toparyndan soramak arkaly adamda esasy sypatlaryň ortaça dokuzdan ýokary geçmeýänligini anyklapdyr.

Şahsyýetiň ýüzleý sypatlaryna adamyň ol ýa-da beýleki ýagdaýda dörejän geldi-geçer pursatlaýyn talaplar, çäklendirmeler boýunça ýüze çykarylýan häsiýetler degişlidir. Şeýle häsiýetler şahsyýete gylyk hökmünde mahsus bolmaýar. Meselem: ýol düzgünini bozan sürüji gylygy boýunça örän gödek hem bolsa, emma awtoinspektor talonyny deşmekçi bolanynda ol ýokary derejedäki ýumşaklygy, salyhatlylygy, süýji dilliligi ýüze çykýar. Bu häsiýetler oňa laýyklykda ýüzleý sypatlardyr.

Olpartyň şahsyýet taglymatyna laýyklykda ýene-de bir seredilýän mesele, ol hem bolsa şahsyýetiň sypatlarynyň onuň zat - predmet ulgamyna gönükdirilmesi boýunça görnüşlerini ýüze çykarmakdyr. Muňa laýyklykda Olpart şahsyýetiň sypatlarynyň teoretiki - taglymat gönükdirilmesini (bu hili adamlar üçin hakykaty ýüze çykarmak esasy zat bolup durýar), ykdysady - ekonomiki gönükdirilmesi (bu hili adamlar her bir zadyň peýdasyny ýüze çykarmak aýgytlaýjy zat bolýar),

estetiki-kasanlylyk gönükdirmesini (zatlaryn gözelligini ýüze çykarmaklyga ýykgyn etmeklik) we beýlekiler esaslandyrylýar. Sol bir wagtyn özünde Olpardyn sahsyýet taglymaty belli bir sowallar hem döredýär. Bu sowallaryn in esasysy “Sahsyýetin sypaty bilen onun öz .a.b/sy mydama bir-birine gabat gelýarmi?” diýen sowaldyr. Psihologlaryn belli bir bölegi muna inkär ediji jogap berýarler. Olaryn pikiriçe sahsyýetin sol bir sypatynyn intelgentlilik ýaly sypaty bolaýmasa dürli ýagadaýda olaryn ýüze çykysyny yzarlamak basartmaýar. Ikinji tarapdan, sol bir sypat dürli ýagdaýda ýüze çykýan ýaly bolup görünmeginin esasy sebäbi ol sypatyn durnuklylygy däl-de eýsem, olara degislilikde dasyndan synlaýanlaryn stereotipleri (bölekden haýsydyr bir sypatlary umumylasdyryp, belli bir netijä gelmeklik) ulanmagy esasy sebäp bolýar.

Bilisimiz ýaly, G.Aýzenk hem sahsyýetin öwrenilsine sypatlaryn toplumy görnüsinde çemelesýän awtorlaryn biridir. Ol sahsyýeti sypatlaryn ýönekeýden çylsyrymla jemlenýän bir-birine tabyn (irrearhiki gurlus) görnüsinde düsünmekligi teklip edýär. Onun pikiriçe sahsyýetin gurlusynyn in ýokary derejesinde gala sypat (super repma) durup, ol öz gezeginde esasy sypatlardan durýar; esassy sypatlar bolsa öz gezeginde öwrendekli reaksiýalardan durýar; öwrendekli reaksiýalar bolsa öz gezeginde özbolysly reaksiýalardan emele gelýär. Meselem: eger-de adam beýleki adamlary görende mylaýym ýylgyryp, olara eloni uzadýan bolsa bu onun özbolusly reaksiýasy bolýar. Eger-de bir synlamamyzy dowam edip, bu adamyn beýleki ýagdaýda hem hut seýle edýändigine göz ýetirsek, onda bu onun öwrendikli reaksiýasy hasaplanyp bilner. Eger-de biz bu adamyn umuman beýleki adamlar bilen aragatnasykda bolmaklyga ymtylýandygyny, agsamlara beýleki tanyslyk klublaryna gatnaýandygyna göz ýetirsek, onda bu adama deg/de aragatnasyga meýillik (общительность) görnüsindäki esasy sypat bolýandygyny ýüze çykarýarys. Eger-de biz bu adama deg/de aragatnasyga meýilliligin dowtalaplylyk

(отзывчевость), erjellik, isjenlik, üstünlige ymtylys ýaly beýleki esasy sypatlar bilen berk aragatnasykda bolýandygyna göz ýetirsek, bularyn ekstrawersiýa atlandyrylýan gala sypata birlesýändigini ýüze çykarýarys.




Gala sypat derejesinde Aýznek ilki-ilkiler ekstrawersiýa - intrawersiýany we durnuklylyk - newrotizmi ýüze çykarypdy. Ekstrawersiýa we intrawersiýa he biri öz gezeginde durnykly ýa-da newrotizm görnüsinde bolup bilýär:

Intrawert durnukly asakdaky sypatlary özünde jemleýär: denagramly; ýuwas; gözegçilige tabyn bolýan; sowukganly we beýlekiler.

Intrawert newrotizmi: keýpi sebäpsiz üýtgeýän; dymma; hereketleri pes we beýlekiler.

Ekstrawert durnukly: biperwaý; sadyýan; sözlesmäge ilgezik (разговорчивый); isjen; beýlekiler bilen aragatnasyk guramaga ymtylýan we beýleriler.

Ekstrawert newrotizmli: gönümel; agressiw; hereketleri kadasyz we beýlekiler.

Has sonky döwürde Aýzenk sahsyýetin gala sypatlarynyn hataryna psihotizm - super egonyn güýji häsiýetini hem gosdy.

Psihotizm – beýleki adamlar bilen ylalaşykly iş – durmuşda bolup bilmeýän, töweregindäkilere ýakymsyz özüni alyp baryşly, jemgyýetiň ähliumumy k. edilen düzgünlerine garşy gitmeklige meýil edýän we beýleki sypatdaky adamlardyr.

## 7.2 Şahsyýetiñ sypatlary

Şahsyýetiň sypaty - bu durnukly, adamyň dürli ýagdaýlarda özüni nähili alyp barjakdygyny öňünden kesgitlemäge mümkinçilik berýän jemleýji häsiýetidir. Öň hem belleýşimiz ýaly, Olport şahsyýetiň dispozision taglymaty esaslandyryjylaryň arasynda has meşgur psihologdyr. Onuň şahsyýet taglymaty birmazmunly däldir. Ol şahsyýetiň gurluşynda onuň durnukly sypatlary bilen bir hatarda kognitiw akyl ýetiriş, motiwasion hadysalary-da göz öňünde tutýar. Olportyň şahsyýeti gylyk bilen deňeşdirip häsiýetlendirmegi hem üns berliklidir. Onuň pikiriçe şahsyýet bu bahalandyrylmaýan gylyk bolup, gylyk bolsa bahalandyrylýan şahsyýetdir. Gylygyň bahalandyrmaklyga degişliligi onuň ahlaklylyk bilen baglanşykly bolýanlygy bilen düşündirilýär. Ýada salsak, Olportyň düşündirişine görä, onuň durnukly sypatlary belli bir stimullaryň, höweslendirmeleriň we bu

stimullara jogap reaksiýalaryň özara utgaşmasynda hereket edýär. Bir tapardan dürli jogap reaksiýalary birmeňzeş stimullar arkaly döräp bilýän bolsa, ikinji tarap dürli stimullar birmeňzeş reaksiýalar bilen sebäp-netije baglanşygynda bolup bilýär. Olport adamyň psihikasynyň esasy hereketlendirijisi bolan motiwleri hem birnäçe häsiýetnamalary hem-de adamda öz-özünelik (öz pikiriň boýunça hereket etmeklik) häsiýetiniň aýratynlyklaryny belleýär. Onuň pikiriçe adamyň güýç-gory ýaşaýşa zerur serişdeleri tapmakdan has ýokary bolanda onuň öz-özünelik häsiýeti herekete gelýär. Şol bir wagtyň özünde adam öz-özüni ýeňip geçmeklige gönükdirilen meýli hem onuň ymtylşyny ugrukdyrýar.

Şahsyýeti kesgitlemegiň esasy sekiz sany şertini Olport özüniň "Ýene bir gezek şahsyýetiň häsiýetleri barada" diýen işinde beýan edýär.

1.Şahsyýetiň sypaty – diňe bir atlandyryş bolman, ol adamyň ýaşaýşynyň esasy düzüjisi hökmündäki hakykatdyr. Her bir adam öz içinden "herekete" bolan umumylaşdyrylan ýykgynlygy bardyr. "Gorkudan" başgada "göwni açyklyk", "agressiwlik", "utanjaňlyk", "tertipsizlik", "introwersiýa" we "ekstrowersiýa" ýaly şahsyýetiň göze görünýän sypatlaryny aýtmak bolar. Şahsyýetiň bu sypatlarynyň hakykatdan hem bardygyny Olport aýratyn nygtap geçýär. Olar taglymat düşünjesi bolman hakykatdanda adamlarda bar bolan sypatlardyr.

2.Sypatlaryň endiklere garanyňda has umumylaşdyrylan häsiýetdedir. Bu şahsyýet sypatlary biziň özümizi alyp barşymyzyň üýtgemeýän we umumy aýratynlyklaryny şertlendirýär. Endikler durnukly bolup, has häsiýetli tendensiýalara degişlidirler. Şonuň üçin hem olar, olary herekete getirýän ýagdaýa degişlilikde we olar bilen şertlenýän özüňi alyp baryş reaksiýlara degişlilikde az umumylaşdyrylandyrlar.

Belleýşimiz ýaly sypatlar özlerini oýandyraýjak daşky stimullara garaşyp ýatmaýarlar. Olaryň özleri adamlarda şeýle özüňi alyp barşy oýarmaga ukyplydyrlar. Meselem: alçak, adamlar bilen aragatnaşyk saklamaga ýykgyn sypatly kolležiň talyby, özünuň aragatnaşyk saklamaga bolan islegini kanagatlandyrmak üçin ýygnanyşygyň haçan geçirilerine garaşman, ol mümkinçilikleri özi gözläp tapýar. Şeýlelikde, şahsyýetiň sypatlary indiwidiň hereketlerini guraýar.

3.Şahsyýetiň sypatlarynyuň hakykatdan-da bardygyny empiriki ýola goýmak mümkindir. Şahsyýetiň sypatlaryny gönüden-göni synlamak mümkin däldigine garamazdan, Olport olaryň bardygyny subut etmek mümkindigi barada aýdýar. Subutnamalary, bir adamyň özüni alyp baryşyny uzak wagtlap synlamak arkaly, terjimehalyny öwrenmek arkaly, keseliniň taryhyny öwrenmek arkaly, şeýlede, statistik usullaryň kömegi bilen almak bolar.

4.Bir sypaty beýleki sypatdan tapawutlandyrýan takyk serhet ýokdyr. Şahsyýet biri-birini dolduryan sypatlaryň topluny bolup durýandyr. Ol sypatlar biri-birlerine az baglydyrlar. Olport, düşünijiligiň we ýumor duýgusynyň biri-birini ýokary derejede korrelirleýän tejribesini mysal hökmünde getirýär. Bu dürli sypatlardyr, ýöne şonda-da olar biri-biri bilen nähilide bolsa bir hili baglanyşyklydyrlar. Korrelýasion seljermäniň netijesi, baglanyşygyň sebäbi barada netije çykarmaga mümkinçilik bermeýärler, ýöne şonda-da : eger adamyň düşünijiligi ösen bolsa, onda adam durmuşdaky hemme nogsanlyklary görmegi başarar we onda ýumor duýgusy öser diýip çaklamak bolar. Olportyň aýdyşy ýaly sypatlar başdan biri-biriniň üstüni ýetirýärler, sebäbi adam hadysalara we ýagdaýlara umumylaşdyrylan ýagdaýda täsir etmäge ýykgyndyr.

5.Birnäçe sypatlaryň konwension sosial bahalandyryşa sezewar bolýandyklaryna garamazdan, olar indiwidumyň

hakyky aýratynlyklary bolup durýandyrlar. Olportyň pikiriçe personologlar häsiýeti däl-de, şahsyýeti öwrenmelidirler.

6.Mysal üçin utanjaňlygy alalyň. Islendik beýleki sypat ýaly ony uniwersallylyk we kaşaňlyk jähtden seretmek bolar. Birinji ýagdaýda biz utanjaňlygyň aýratyn bir adamyň durmuşyna täsirini öwreneris. Ikinji ýagdaýda bolsa, bu sypaty uniwersal, ygtybarly we walidli "utanjaňlyk şkalasyny" gurmak bilen we utnjaňlygyň ölçegleri boýunça indiwidual tapawutlary kesgitlemek arkaly öwrenip bolar.

7.Mysal hökmünde, tertipliligiň we arassalygyň nusgasy bolup durýan Nensi Smiti alalyň. Onuň kençiliksiz görnüşi we eşiginde ykjamlygy onuň tetiplilik ýaly sypatyny görkezýär. Ýöne bu sypaty onuň iş stoluna, öýüne ýa-da maşynyna seredip kesgitläp bilmezdik. Eger-de her ýagdaýy aýratyn synlasak onda, onuň hususy eşikleriniň pytraşyp ýatandygyny göredik. Şeýle gapma-garşylyk nämäni aňladýarka?

Olport muňa üç sany mümkin bolan düşündirişi berýär. Birinjiden, her bir adamdaky sypatlaryň integrirlenişi deň derejeli däldir. Bir adamda esasy bolýan sypat beýlekide iknji bolup biler ýa-da düýbünden bolman hem biler. Nensili ýagdaýda tertiplilik diňe onuň ož üst başy bilen çaklenen bolmaly.

Ikinjiden, şol bir şahsyýetde gapma-garşylykly sypatlaryň bolmagy mümkin. Nensiniň öüst başyna garanyňda tertipliligi we öz goşlaryna garanyňda tertipsizligi onuň durmuşynda tertipliligiň çäkli ýuüze çykyşyny görkezýär.

Üçüňjiden, käbir ýagdaýlarda şahsy sypatlara garanyňda jemgyýetçilik şertleri, köp derejede kesgitli özüňi alyp barşyň birinji derejeli "hereketlendirijisi" bolup durýarlar. Eger-de Nensi uçara ýetişmäge howlukýan bolsa ol saçynyň pozulanlygyna ýa-da

## 7.3 R. Ketteliñ şahsyýet taglymaty

Beýleki şahsyýetiñ taglymatyny esaslandyryjy psihologlardan tapawutlylykda Kettel öz doredijilik işini klinikadan başlan däldir. Ol öz şahsyýet taglymatyny takyk derñewler easynda multiwarision statistikany we faktor analizini ulanmak bilen döredýär. Şahsyýetiñ gurluşynda özeni we ýuzleý sypatlary çykarmaklygy, sypatlary şahsyýetiñ esasy düzüjisi hasaplamagy Ketteliñ taglymatyny Olportyñka köp derejede meñzeş edýär.

Kettel hem Olpart ýaly sahsyýetin esasy düzüjisi hökmünde onun sypatlaryny görkezýär. Ýöne Olpartdan tapawutlylykda ol sypatlary adamyn içki gurlusynda - psihofiziologik düzüminde bolýan zat hasaplamaýar. Edil Olpard ýaly Ketter hem sahsyýeti umumy we gaýtalanmaz - unikal sypatlary ýüze çykarýar. Beýleki psihologlar ýaly Ketter klinikada isleýän ýa-da adaty akademiki tejribeleri geçiren däldir. Onun taglymaty takyk dernewe, faktor - analizine daýanýar. Kettelin pikiriçe sahsyýet - bu adamyn su pursatdaky we geljekdäki öz a.b/ny önünden aýdyp bermäge (çaklamaga) mümkinçilik berýän gurlusdyr. Kettel sahsyýetin mazmunyny asakdaky formulada anladýar:

$$R=f(SP)$$

Bu ýerde:

**R** - reaksiýa;

**f** - funksiýa-hyzmat;

**S** - stimul, höweslendiriji;

**P** - personality - sahsyýet;

Ýagny, sahsyýet - bu haýsydyr bir stimuldan we sahsyýetin gurlusyndan gaýdýan funksiýanyn esasynda hereketlenýän reaksiýadyr. Bellenilsi ýaly, Kettel sahsyýetde ýüzleý we esasy sypatlary tapawuplandyrýar.

**Ýüzleý sypatlar -** bu dasyndan synlanynda bir bitewilikde ýüze çykýan özüni alyp barşynyň nusgalarynyň toplumydyr. Meselem: ünsüni jemläp bilmezlik, töwekgelçilik edip bilmezlik, galagoplylyk, bir bitewilikde synlanýan esasynda newrotizm durýan ýüzleý sypatlaryn toplumydyr. Şahsyýetiň özeni ýa-da düýpli meseleleri, Ketteliň aýdyşyna görä, 16 sany tipiki sypatlardan durýar.

Kettel sahsyýetin esasy sypatlary hökmünde 16 häsiýeti görkezýär. Bularyn hatarynda kesekinin aladasyna seslenip bilýän ýa-da biperwaýlyk;

intellekt; (ýagny zehin)

emosional durnuklylyk - durnuksyzlyk;

dominantlyk (üstemlik) - tabynlyk;

paýhaslylyk;

aňlylyk - aňsyzlyk;

batyrgaýlyk - ýygralyk;

sütemkärlik (жестокость) - ýüregi ýukalyk;

hyýalbentlik (мечтательность) - amaly pähime eýermeklik;

diplomatlyk - gönümellik;

howatyrlanmak - asudalyk;

radiallyk (aýgytlylyk) - konserwatizm;

öz pikiriň özüne ýeterliligi (самодостаточность) - konformizm;

tertiplilik - tertipsizlik;

özüni gowsak (asuda) tutup bilmeklik - dartgynlylyk;

ynanmaklyk - göwnigaralyk;

Bu 16 sypaty esaslandyrmakda ulanylýan dernew usullary dürli-dürlüdir. Görkezilen sypatlaryn faktorlaryn ilkinji 11 sanysy L we OT ululelaryna daýanýar

Sowalnamanyň soňky 5 sypaty Q maglumatlar, ýagny adamyn özünden sorag edip alynýan maglumatlara daýanýar.

**L maglumatlar:** Bu adamyñ özüni alyp barşynda onuñ gündelik iş-durmuşynda ýüze çykyşlaryny synlamak easynda toplanýan maglumatlardyr;

**Q maglumatlar:** Bu maglumatlar adamyñ öz häsiýetleri dogrusynda hut özüniñ baha bermekligi esasynda toplanýan maglumatlardyr;

**OT maglumatlar:** obýektiw testler esasynda toplanýan maglumatlar:

## 7.4 Şahsyýeti onuň durmuş tejribesi esasynda derňeýän taglymat

Şahsyýetiň özüni alyp barşyna täsir etmekde Skinner newrofiziologik şertleriň ähmiýetini hem inkär edýär. Onuň pikiriçe şeýle şertleriň özüňi alyp baryşa takyk täsirini eksperimentde ýüze çykarmak kyn bolýar. Hut şonuň üçinem newrofiziologik şertleriň adamyň özüni alyp barşynyň gelejegini çaklamakda ähmiýeti örän ujypsyz ýa-da ýok bolýar.

Skinner adama degişlilikde eksperimende gös-göni aýan edip bolmaýan "aňly düşünjellilik, öz-özüňelik, ahlaklyk" ýaly mazmunyny psihologik jähtden ulanmaklygy ýerliksiz hasap edýär. Eger-de bu agzalan häsýetleriň şahsyýetiň düzümi bolýanlygyny nazarda tutsak, onda Skinneriň olary inkär etmekligi ony şahsyýeti öwrenýän alymlaryň hataryndan aýyrýar. Bu aýdylan sebäp Skinneri onuň taglymaty inkär edýänligi üçin ony taglymatçylaryň hataryndan hem aýyrýar. Ýöne Skinneriň eden işleriniň taglymat täzeçilligi, onuň netijeleriniň şahsyýetiň kemala getirlişinde, terbiýe-okadylşynda, psihiki bozulmalaryň bejerlişinde üstünlikli ulanylmagy ony doly hukukly taglymatça we şahsyýeti öwrenijä öwürýär. Şu wagta çenli seredilen şahsyýetiň

taglymatlarynda şahsyýetiň psihologik durmuşyny döredýän we dolandyrýan şertler adamyň içki dünýäsinde ýerleşýän hadysalar bilen düşündirilýärdi. Freýdiň seksual instinktleri, Ýungyň arhetipleri, Adleriň özüňi kembaha duýmak meýili we beýlekiler şahsyýetiň içki dünýäsindäki hereketlenýän güýçler özüni alyp barşy döredýän sebäplerdir. Şahsyýetiň sypatlary taglymatynyň wekilleri G.Olport, R.Kettel, G.Aýzenk hem şahsyýetiň esasy hereketlendiriji güýjini onuň içinde ýerleşdirýärler. Elbetde, beýle diýildigi Adleriň ýa-da Olportyň daşky gurşawyň kemala getiriji ähmiýetini inkär edýänligini aňlatmaýar. Ýöne aýgytlaýjy ähmiýet şahsyýetiň içki psihologik güýçlerine berilýär.

Skinner özüňi alyp baryşyň tejribede deredilşiniň iki sany esasy usulyny tapawutlandyrýar. Olaryň biri Pawlowdan gaýdýan şertli refleks nusgasy bolup, ol klassiki dörediliş usuly atlandyrylýar. Bu usulda stimul, ýagny, janly-jandarlara gös-göni ähmiýetli täsir (meselem iýmit) reaksiýanyň hemişe öňünden gelýär. Meselem itiň diliniň üstüne et goýsak ol jogap reaksiýasy görnüşinde sülekeý bolup çykarýar. Eger-de etiň goýluşy jaň sesi bilen utgaşdyrylsa soň-soňlar birnäçe gaýtalanmak netijesinde diňe jaň sesi etsiz hem sülekeýiň bölünmegini döredýär. "Gowy okasaň gowy zat alyp birin, bäşlik goýaryn" diýip okuwçyny oňat okamaklyga çagyryş şeýle klassiki döredilişiň nusgasydyr.

Özüňi alyp baryşy döretmegiň ikinji bir usuly operant usuly atlandyrylyp, onda reaksiýa stimuldan öňde gidýär, ilki döreýär. Meselem "Problema-mesele gutusyna oturdylan alaňňyrt birnäçe tötänleýin hereketlerden soňra diwardaky ryçagy basýar. Şol bada hem gutuda iýmit peýda bolýar. Bu ýerde alaňňyrdyň hereketleri, reaksiýalary ilki döräp iýmit bolsa soňundan gelýär we ol reaksiýany berkidýär. Mundan beýläk alaňňyrt ryçaga diňe iýmit gerek bolanda basýar. Gündelik durmuşynda okuwçylara ýokardaky ýaly öňündanm wada bermek esasynda däl-de haçan-da olardan biri oňat okap,

oňat züňi alyp baryş bolup başlanda oňa höweslendirijiler (gowy baha, gymmat bahaly sylag we ş.m) berilýär. Bu öz gezeginde oňat özüňi alyp baryşy ýüze çykarýanlara sylag, erbetlere (ony ý.çykarmaýanlara) temmi bolup hyzmat edýär. Adaty ylmy eksperimentden Skinner has giňişleýin amaly-praktiki teklipleri esaslandyrýar: adama – işgäre hiç wagt öňünden höweslendirme wada bermeli däl. Ol haýsydyr bir ugurtapyjylykly , oňyn hereket edýänçä garaşmaly. Şeýle işi amal eden wagtynda ony höweslendirme bilen berkitmeli. Skinner höweslendirme arkaly berkitmäniň birnäçe düzgünini esaslandyrýar:

1. Hemişelik utgaşmada berilýän berkitme. Jemgyýeçilik amalyýetinde bu usul giňden ýaýrandyr: işçä öndüren önümiň sanyna, möçberine laýyklykda hak yölenýär.
2. Hemişelik wagt aralygynda berilýän berkidilme – bu usul hem bize tanyş bolup, onda işçä sagadyna, hepdesine, aýyna laýyklykda hak tölenýär.
3. Üýtgeýji utgaşyklykda berilýän berkidilme – munda edilen işiň möçberine laýyklykda däl-de, berkidilmäniň beriljek ýagdaýy nämälim bolup galýar.

Ýokarda seredilen taglymatlaryň ählisinde diýen ýaly şahsyýetiň öwrenilşi onuň göze görünmeýän içki gurluşy nukdaýdan derňelýär. Freýdiň aňlanylmaýan psihiki hadysalary, paýhas içindäki konfliktleri, Ýunguň arhetipleri, Aýzenkiň gala sypatlary bularyň ählisi şahsyýetiň içki ruhy dünýäsinde hereket edýän we onuň özüni alyp barşyny kesgitleýän hadysadyr. Şol bir wagtyň özünde adamyň daşky gurşaw bilen özara täsirde alýan tejribesiniň hem adamyň öz a.b/ny döretmekde esasy orun eýeleýändigini inkär etmek bolmaz. Başgaça aýdanyňda şahsyýet, onuň özüni alyp barşy belli bir derejede onuň öwrenýän tejribesiniň netijesi bolup durýar. Öwrenmek arkaly adam bilim alýar, dil özleşdirýär, beýleki adamlar bilen aragatnaşygyny kadalaşdyrýar Bir söz bilen aýdanyňda öwreniji taglymat nukdaýdan şahsyýet - bu

onuň durmuşdan alan tejribesidir. Şahsyýetiň öwreniji bihewioral taglymatynyň görnükli wekilleriniň biri B.Skinnerdir. Onuň pikiriçe psihologiýada şahsyýet öwrenilende göze görünmeýän tejribe, esperimentde barlap bolmaýan içki aň, aňlanylmaýan psihika, niýet, arhetip ýaly hadysalary derňew dersine öwürmeli däldirler. Psihologiýanyň adamyň özüni alyp barşyny öw/ki esasy dersi daşdan synlanylýan özüňi alyp baryş bolmalydyr. Onuň pikiriçe içki Ψ-k hadysalary derňew dersine öwürýän psihologlar çaklama esasynda dürli düşündirişler döredip özlerini aldaýarlar. Sebäbi bu göze görünmeýän içki Ψ-k hadysalary eksperimentde barlamak mümkin däldir. Meselem: üçünji ýyl talybynyň okuwdan şykarylmagynyň sebäbini «onuň ýekelik motiwasiýasy bolmandyr», «Ol aňlanylmaýan ýagdaýda käbir mugallymlardan gorkýanlygy üçin», «Ol aňlanylmaýan ýagdaýda üstünlikden gaça durýanlygy üçin okuwdan gitmäge mejbur boldy» diýip düşündirmek bolar. Emma şeýle ýagdaýda mümkingadar sebäpleriň ählisini ýüze çykarýançaň şeýle düşündirişiň doly däl boljakdygy aýdyňdyr. Şonuň üçin Skinneriň talaby boýunça şeýle düşündirilişlere ýüz urmazdan ozal şu wakanyň öňüsyrasynda näme bolup geçenligini anyklamak maksada ylaýykdyr. Belki bu talyp maliýe ýagdaýynyň pes bolanlygy sebäpli, gününiň köp bölegini işlemäge sarp etmeli bolandyr we ş.m.

# Bap 8. Şahsyýetiň hereketlenişini dolandyrmak

## 8.1 Şahsyýeti hereketine dolandyrmagyň aýratynlyklary

Ylmy dilde aýdylanda Skilleriň nazaryýetine görä, psihologiýanyň şahsyýeti öw/de esasy ýüze çykarmaly žady daşky täsirler - stimullar bilen özüni alyp baryş reaksiýasynyň funksional gatnaşygyna nämäniň sebäp bolýandygyny anyklamakdan ybaratdyr. Başgaça aýdanyňda, ylmy psihologiýada adamyň synlanylýan hereketleriniň we olaryň mundan beýläkki netijeleriniň arasyndaky baglanşygy öwrenmelidir. Adamyň hereketleri, özüňi alyp baryş reksiýalary daşky gurşawdan oňyn - položytel ýa-da oňyn däl - otrisatel berkitmeler alyp, belli bir özüni alyp baryş nusgalaryny döredýär. Şahsyýet bolsa özüniň düýp manysynda şeýle özleşdirilen özüni alyp baryş nusgalarynyň toplumy bolup durýar.

Özüni alyp barşyň ýa-da reaksiýanyň stimul arkaly berkidilmesi iki şert boýunça amala aşyrylýar.Olaryň biri stimuly (höweslendirmäni) ýa-da temmini janly gurluşyň makul hereketine hutma-hut gabatlaşdyryp bermek; ikinjisi-de bolsa stimuly-berkidijini wagt aralygyna laýyklykda bermekdir. Gündelik durmuşda muňa mysal edip işgäriň öndürýän zadynyň her birligine laýyklykda höweslendirme, pul tölegini bermekligi, ýa-da bolmasa ofiserleriň her bir düýpli düzgün bozmasyna laýyklykda olary bir ýyldyzdan mahrum etmekligi görkezmek bolar. Skinner temmi bermekligi öz gezeginde oňyn temmi bermeklik we oňyn däl temmi bermeklik görnüşlere bölýär. Oňyn temmi bermeklikde çaga ýa-da uly adam kadany bozan ýagdaýynda oňa ezýet beriji täsir edişi ulanylýar. Meselem: çagalar bidüzgünçilik edenlerinde olara şarpyk urulýar, talyp şpargalka ulananda ol okuwdan çykarylýar we şoňa meňzeş. Skinner oňyn däl temmi bermekligi düzgün bozmanyň yz ýanynda çaga, uly adam özleri üçin ähmiýetli

bolan oňyn stimul-höweslendirmeden mahrum edilýär. Öý işini etmän, oýnap geçiren okuwçy telewideniýe görmekden mahrum edilýär, düzgün bozan işçi goşmaça hakdan ýa-da dynç gününden mahrum edilýär. Skinner oňyn däl berkitmeleri, temmi bermeleri awersiw stimul hökmünde täsirini ykrar edýän hem bolsa, tutuşlygyna ol bu usullaryň giňişleýin ulanylmagyny makullamaýar. Meselem: paýyş sögünen çaga berk temmi bermek ony birbada dymmaga mejbur etse-de, çaga ulular ýanyndan aýyrylandan soň ony ýene-de gaýtalap bilýär. Başgaça aýdanyňda, temmi, oňyn däl berkitme hemişe özünde temmi berileni has öjükdirmek howpyny saklaýar.

Kadaly özüňi alyp barşy kemala getirmegiň ýene-de bir usulyny Skinner “kem-kemdenlik” nädip dagy Muhammediň ýanyna geler ýaly etmeli? diýip atlandyrýar. Çaganyň dil özleşdirmek tejribesini Skinner kem-kemdenlik düzgüni esasynda amala aşyrylýan hasaplaýar. Çaga ilkinji sesleri aýdyp ugranda daşyndaky ulular onuň söze meňzeş seslenmelerini ýygyrmak, hoşamat bilen berkidip, sesleriň söze, sözleriň sözlemlere geçmekligini gazanýarlar.

Skinner öz operant kemala getiriş usulyny psihiatriýa amalyýetinde giňden ulanylýar. Ol şizofriniýa keseliniň bejerilişinde höweslendirme bermegiň žeton sistemasyny esaslandyrýar. Skinneriň berkitmegiň žeton usuly – bu berkitme usuly telewizorda görkezilýän “Akylly oglanlar we gyzlar” görnüşine meňzeşdir. Bu usulyň bir bölegi psihiki näsaglarda üstünlikli bejerliş täri görnüşinde ulanylandyr. Psihiatrik nähoşlar ilki makullanýan özüňi alyp baryş nusgalary bilen tanyşdyrylýar. Soňra bolsa territoriýany süpürmek, iýen gap-gaçlaryňy özüň ýygnamak, kömekçisiz naharlanmak ýaly makul hereketleri ýüze çykaranlarynda her bir hereketi üçin höweslendirme žetonlaryny alýarlar. Ol žetonlary soňra degişli real oňaýlyklara çalyşyp bolýar (çilim, öýüňe jagap almak, kinoseansa gitmak we şoňa meňzeş). Geçirilen derňewler üç aýdan alty aýa çenli dowamlylykda şeýle usulda bejeriş

geçirilen nähoşlaryň esasy bölegininiň kadaly özüňi alyp barşy özleşdiryänligi anyklanylypdyr. Skinner bejerilişde esasy anyklanma hökmünde aşakylary belleýär:

a)Aradan aýyramly özüňi alyp baryş nusgasyny seljermek;

b)Göz öňünde tutulan kadaly özüňi alyp baryş nusgasyny anyklamak;

c)Ulanyljak berkitme – höweslendirmäniň düzgünini – režimini esaslandyrmak.

Skinner öz nusgasyny yza dolanýan biologic baglanşygy ýüz we beýleki erke tabyn bolmadyk myşsalarda döretmeklikde hem ulanýar.

Bu berkitme usulyna reaksiýanyň we stimulyň hemişelik utgaşmasy atlandyrylýar.

II.Skinneriň teklip edýän ikinji bir berkitme usuly stimuly hemişelik wagt aralygyna laýyklap bermek bilen baglanşyklydyr. Dünýä döwletleriniň käbirlerinde k.e/n hepdelik ýarym aýlyk, otuz günlük iş haklaryny bermeklik bu usulyň adaty mysalydyr. Okuw ulgamynda hasap –synaglaryň hemişelik şol bir wagt kesimine gabatlaşdyrlyp guralmagy-da şeýle berkidilmäniň bir görnüşidir.

III a)Stimuly hereketleriň netijeliginiň üýtgeýji ululyklaryna (birinji usulyň tersi) utgaşdyryp bermek.Şeýle berkitme usulynyň iň bir giňden ýaýran görnüşi azarly oýunlar-ruletkalardyr.

IV b) Stimuly üýtgeýän wagt aralyklaryna baglanşykda bermek.Bu usul adatça I we II berkitme usullary ulanylanda janly gurluşda olra öwrenişmeklik we arkaýynlaşmaklyk täsiri döremezligi üçin ulanylýar.Ýokary okuw jaýlarda mugallymlar okuw ylmy ýumuşlary talyplara ýarym ýyllygyň başlarynda, ortalarynda we ş.m.üýtgeýji wagt aralyklarynda tabşyryp we talap edip, talyplarda “hasap synaga entek wagt kän” diýen arkaýynçylygyň öňüni alýarlar.

## 8.2 Şahsyýetiñ bihewioral taglymatynyñ kliniki amalyýetde ulanylyşy

Bihewioral – öwrediş taglymaty psihoanaliz bilen bir hatarda häzirki zaman psihologiýasynyň ylmy ösüşine düýpli täsir eden taglymatlaryň biridir. Oňa laýyklykda şahsyýetiň özüni alyp barşy öňki tejribäniň esasynda kemala gelýär, saklanýar we kämilleýär. Şahsyýetiň döreýşinde we ösüşinde öňki terjibäniň ähmiýetine çenden – aşa orun bermeklik bihewioristleriň arasynda hem başga garaýyşlaryň döremegine getirdi. Şeýle garaýyşlarda şahsyýetiň döreýiş ösüşinde öňki tejribe bilen bir hatarda adamyň içki akyl ýetiriş - kognitiw hadysalarynyň ähmiýeti göz öňünde tutulyp başlandy. Adamyň özüni alyp barşyny, onuň psihiki durmuşyny daşky özüňi alyp baryş, içki akyl ýetiriş hadysalary daşky gurşaw ýaly şertleriň bilelikdäki täsirinden getirp çykarmaklyk mazmunyndaky taglymat ýüze çykdy. Bu taglymat determinzm ( özara sebäpli dörediliş ) taglymaty bolup, onuň esasy wekilleri hökmünde A.Bandura we I.Rotter tanalýar.

Özüňe göwniýetijiligi kemala getirmek bihewioral terapewtleriň pikiriçe özüňe ynam döretmegiň derejeleriniň käbir şkalasyny emele getirýärler. Eger adamyň özüne ynamy bolmasa bu adam beýleki adamlara degişlilikde oňaýly emosiýasyny ýüze çykarmakda, beýleki nätanyş adamlar bilen aragatnaşyk asaklamakda, birine haýyş ýa-da maslahat bilen ýüz tutanda belli bir kynçylyklara sezewar bolýar. Bu adam gürrüňi nädip başlamalydygy we nädip gutarmalydygyny bilmeýär.

Bu şkalanyň beýleki tarapynda agressiw adam dur. Bu adam beýlekiler barada alada etmeýär. Ýokarda agzalan iki hilli adamlaryň arasynda-ynamly adam durýar. Bu adam çylşyrymly ýagdaýlardan oňat baş alyp çykyp bilýär.

Özüñe ggöwniýetijiligi türgenleşme usuly bilen gazanmak mümkin. Bu usulda näsaga şahsyýetara gatnaşyklarynyñ endiklerini öwretmek arkaly rolly oýunlar gurnalýar. Şu aşakdaky maslahatlar berilýär.

1. Näsaga özüniñ roly barada takyk görkezmeler bermeli.
2. Näsaga öz rolyny nähilli ýerine ýetirmelidigini görkezmeli.
3. Näsag synlan rolyny özi açyk hereketde ýa-da ýapyk pikirinde amala aşyrmaly.
4. Näsag bilen dogry yza gaýdýan arabaglanyşygy ýola goýmaly.
5. Näsagyñ gönükdirme boýunça ýerine ýetirýän işini höweslendirmeli.

Meselem: aýlygynyñ köpeldilmegini haýyş etmekden utonýan we gorkýan näsag, gerek bolan endikleri terapewt bilen bu ýagdaýy rollarda oýnap görüp ýüze çykaryp biler. Ýada işe durmak üçin geçirilýän söhbetdeşlikde näsag kynçylyk çekýän bolsa, terapewt gipotetiki interwýu rolyny oýnap biler. Soñra her bir näsaga öý işi tabşyrylýar. Olar özlerine bolan göwün ýetijiligi babatda alan endiklerini hakyky durmuşda oýnap görmeli. Tejribeleriñ görkezişi ýaly, aragatnaşyk endiklerini öwretmek, adamlara utanjañlygyny ýeñip geçmäge mümkinçilik berýär. Şeýle öwredilme öz gaharlaryna gözegçilik edip bilmeýän adamlar üçin peýdalydyr. Beýleki adamlar bilen: ata-eneleri, başlygy, goñşylary bilen oñaýly aragatnaşyk saklamaklyk isleýän adama aragatnaşyk ediklerini öwrenmek peýdalydyr.

Biologiki yza dolanýan baglanşyk aperant öwredilme konsepsiýasyny özüñi alyp barşyñ terapewtiki üýtgedilmegi üçin ulanylýan usulydyr. Bu bedeniñ ygtyýarsyz hereketlerine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. (Arterial basyş myşsa dartgynlygy, ýürek ýygrylmasy). Bu usul, adamlara içgi fiziologik hadysalar barada takyk maglumat berilende, olar ol

hadysalary akyl ýetirijilikli gözegçilik etmegi öwrenip bilýänliginde esaslanandyr.

Biologiki yza dolanýan baglanyşygyň nähili işleýändigini görmek üçin elektromigrafiki yza dolanýan baglanyşyga seredeliň. Elektromiograf-bedeniň skelet-myşsa dartgynlygy ölçemek üçin ulanylýan abzaldyr. Näsagy elektrtodlaryň kömegi bilen abzala birleşdirýärler we maňlaý myşsasynyň dartgynlylygyny azaltmagyny haýyş edýärler. Ýöne nädip etmelidigini aýtmaýarlar. Näsag berlen ýumşy ýerine ýetirmäge çalyşýança abzal signallary bellik edýär-onuň ses tony gaty ýa-da haýal ýaňlanyp bilýär. Terapewt näsaga, myşsa dartgynlygy ýokarlananda, tonuň-sesiň hem ýokarlanýandygyny, peselende bolsa, peselýändigini düşündirýär. Tonuň beýgelmegi ýa-da peselmegi goldaw beriji stimul hökmünde hereket edýär, sebäbi ol näsagyň myşsa dartgynlygyny gözegçilikde saklamak üçin edýän yhlasynynyň üstünligi baradaky maglumaty saklaýar. Gözegçilik ýola goýlanyndan, sesiň tony arkaly yza dolanýan arabaglanyşyk ýuwaş-ýuwaşdan aýrylýar. Bu usul näsaga gözegçilik etmek endiklerini tejribehanadan gündelik ýaşaýyş durmuşyna geçirmäge mümkinçilik berýär.

Köp adamlar özleriniň myşsa dartgynlygynyň derejelerine oňat gözegçilik etmegi başarýarlar, ýöne olar muny nähili usul bilen edýändiklerini düşündirip bilmeýärler. Elektromiografiki yza dolanýan baglanyşyk birnäçe keselleri bejermekde ulanylýar. Meselem: gipertenziýa, migren, ýapyk galagoplulyk we ş.m. Mundan başgada, biologiki yza dolanýan baglanyşyk insultdan ýa-da oňurga zeper ýeteninden soň myşsa işjeňligini ýola goýmaga kömek berýär. Öwredilme adamyň özüne bolan ynamyny we öz-özüne bolan sylag-hormatyny ýokarlandyrýar, bu bolsa, material hem-de sosial höweslendirmelere, durmuşdan kanagatlanma almaklygaýardam edýär.

Biologiki yza dolanýan baglanyşygyñ haýsy serişdeleriñ kömegi bilen ygtyýarsyz hadysalara nähili gözegçilik edýändigi näbelli bolup galýar. Biologiki yza dolanýan baglanyşygyñ ilkinji tarapdarlary stress bilen baglanyşykly keselleri bejermekde bu usulyñ üstünligi barada aşa ýokary bahalandyryjylykly tassyklamalary aýdypdyrlar. Has düýpli barlaglar geçirileninden soñra, biologiki yza dolanýan baglanyşygyñ çylşyrymlylygyna akyl ýetirijilikli düşünilip başlanyldy. Biologiki yza dolanýan baglanyşyk giñ bejeriş strategiýasynyñ bir bölegi hökmünde peýdalanylanda, klinikada has ähmiýetlidigi belli boldy.

## 8.3 Şahsyýetiñ sosial-kognitiw taglymaty bihewioral taglymatynyñ has kämil nusgasy hokmünde

Bu ugry esaslandyrjylaryň biri Albert Bandura hasaplanýar. Bilşimiz ýaly öwrediji bihewiral taglymatyň klassiki (Skinner) ugrunda şahsyýetiň ähli psihologik durky onuň öňki tejribesinden we onuň berkidilmeginden getirilip çykarylýar. Skinneriň taglymatynyň giňden ýaýrandygyna we onuň okadylyşda, psihologik bejergide üstünlikli ornaşandygyna garamazdan bu taglymatyň bir taraplaýynlygy dürli ýazanlar (awtorlar) tarapyndan ýüze çykyp ugrady. Özüňi alyp barşyň döreýşinde diňe bir daşky täsiri we adamyň oňa jogap reaksiýasyny nazarda tutmak bilen çäklenmän, eýsem, şahsyýetiň özüňi alyp barşyň, onuň içki akyl ýetiriş hadysalarynyň hem-de daşky gurşawyň ähmiýetini toplumlaýyn nazarda tutmalydygyny nygtan alymlaryň biri-de A.Banduradyr. Onuň pikiriçe adam ol ýa-da beýleki özüňi alyp barşyň nusgasyny kemala getirende diňe daşky gurşawyň täsirini we onuň netijesini ýakymly ýa-da ýakymsyz duýgularda berkitmek bilen çäklenmeýär.

Birinjiden ol öz daşky hem-de beýlekileriň hereketlerini, usullaryny synlaýar we aňyna ornaşdyrýar;

Ikinjiden, ol belli bir hereketleri döretmezden oňa öz içki dünýäsine-de ynanýar, oňa garaşýar kadalaşdyrýar, bahalandyrýar;

Üçünjiden, hereketiň şeýle döredilşinde daşky gurşawyň berýän höweslendirmeleri temmi bermeleri hem uly ähmiete eýedir.

Elbetde klassiki biheweorizmiň iki faktory S-R nusgasyna aralyk şertleri girizip, S-M-R ony içki akyl ýetiriş we beýleki şahsy faktorlar bilen aralaşdyrlan diňe A.Bandura däldir. Ol baryp II jahan urşunuň öň ýanynda Hal we beýlekiler tarapyndan esaslandyrlandyr. Eger biheweorizmiň klassiki nusgasynda adaty sebäpli dörediliş-determenizm nusgasy bolýan bolsa onda Banduranyň taglymatynda bu nusga özara dörediliş - özara determenizm görnüşine eýe bolýar. Has jemlenen görnüşinde A.Banduranyň öwrediji - kognitiw taglymatyny aşakdaky görnüşde häsiýetlendirmek bolýar:




Eger-de Skinner klassiki bihewiorizmiň wekili hökmünde şahsyýetiň psihologik gurluşyny diňe daşky gurşawyň täsirinden getirip çykarýan bolsa, A.Bandura adamyň beýlekileri synlamak arkaly öwrenip bilýänligini belleýär.

Adam öz öy – goşlaryny ätiýaçlandyrmak üçin haçan ýangyn bolaryna garaşman, beýleki adamlaryň iş tutuşyny saýlap, ony berjaý edip bilýär. Edil şonuň ýaly-da awtomobili kadaly tizlikde sürmegi ýol heläkçiliginden şikes almak netijesinde däl-de beýlekileri synlap ony özleşdirip bilýär.

Bilşimiz ýaly, psihoanalizde şahsyýetiň psihologik durky onuň içki meýillerinden, instinktlerinden getirilip çykarylýar. Banduranyň pikiriçe şahsyýetiň özüni alyp barşyny diňe içki meýiller boýunça düşüniljek bolmaklyk, durmuş hakykatynyň köp taraplaryna dogry gelmeýär. Meselem: enäniň öz çagasyna garaýşy – gatnaşygy dürli günlerinde bir-birine meňzeş däldir. Edil şonuň ýaly-da ýekelikde ýa-da kakasynyň ýanynda, köpçülik ýerinde enäniň öz ogluna gatnaşygy hem dürli – dürlidir. Eger-de özüni alyp barşy üýtgewsiz meýil instinktler döredýän bolsa, onda ýokardaky dürli-dürlilik bolman birmeňzeşlik bolardy. Banduranyň bu pikirinden möhüm netijeler gelip çykýar. Klassiki bihewiorizm hereketiň netijesini öňünden grup, hereketlenişini inkär edýän bolsa, Bandura ony ykrar edýär. Banduranyň möhüm esaslandyrmalarynyň biri-de şahsyýetiň öz netijeliligini ýokarlandyryp bilmek häsiýetidir.

Bandura beýlekileri synlap özüni alyp baryş nusgasyny döretmegiň birnäçe düzüm böleklerini ýüze çykarýar:

1. Synlanylýan özüni alyp barşa ünsi döretmek;
2. Kabul edilen keşbi ýada ornaşdyrmak;
3. Kemala getirilen özüni alyp baryş obrazyny – keşbini herekete getirmek;
4. Bu döredilşiň içki hereketlendirijisini – motiwasiýasyny kemala getirmek.

Käbir ýagdaýlarda A.Bandura özüniň taglymatyny "Berkitmäniň çäginden daşda durýan" "öwrediji taglymat"diýip hem atlandyrylýar.

## 8.4 Şahsyýetiñ dolandyrylyşy

Adamlar özleriniñ edýän hereketlerine akyl ýetirmek arkaly özleriniñ hususy özlerini alyp baryşlaryna täsir edip bilýärlert. Şeýlelikde öz-özüño dolandyrmak wezipeleri döredýär we köplenç töweregindäkileriñ täsirleri bilen goldanylýar. Bu ugurda köp netijeli işleri bitiren Albert Bonduranyñ pikiriçe, ýokary intellektual ukyplar, mysal üçin, simwollary ulanyp bilmeklik ukyby, bize özümiziñ töweregimizdäkilere täsir etmeklikde güýçli serişde bolup hyzmat edýär. Dil üsti we nusga döretmek reprezentasiýalary arkaly biz, geljekde özümizi alyp baryş üçin ugrukdyryjy bolup hyzmat etjek tejribämizi, ýatda saklaýarys we gaýtadan dikeldýäris.

Simwollary ulanyp bilmek ukybymyzy ulanyp biz hakykata ýüz tutmazdan, ýagny, özüñi alyp baryşyñ alyp baryşyñ açyk nusgasy bolan, özüñi alyp baryşyñ synanyşyklar we ýalñyşlyklar görnüşini ulanmazdan, özümiziñ meselelerimizi çözüp bilýäris. Şeýle hem öz hereketlerimiziñ netijesine göz ýetirip, özümizi alyp baryşymyzy, ýagdaýa laýyklykda üýtgedip gurap bilýäris.

Mysal üçin: kiçi gyz jigisiniñ oýunjagyny alyp, oýnap ony döwse, gyz jigisiniñ aglajakdygyny, ejesiniñ bolsa gaharlanjakdygyny, oýunjagy döwene şübhesiz temmi beriljekdigini öñünden bilýän çaganyñ hereketlerine seredeliñ. Çaga öz hereketleriniñ getirip biljek netijelerini göz öñüne getirip, ene-atasynyñ gahar-gazabyndan gaça durmak üçin we ejesiniñ çagany makullamagy üçin çaga öz oýunjaklary bilen oýnamalydygyna düşünýär. Umuman aýdanyñda, çaganyñ dürli bolup biläýjek hereketleri öñünden görmek ukyby oña, hadysalara, ýagdaýa degişli häsiýetdäki özüñi alyp baryşy guramaga ýardam edýär.

Biziñ diñe özümiziñ hereketlerimiziñ netijesinden ybarat bolan, okadylma, surnukdyryjy bolardy. Awtomobil sürüjiniñ gyzyl çyrada ulagy sürmeli däldiginĩñ öwredilmesiniñ diñe netijä (meselem, başga maşyn bilen çaknyşan ýa-da çagany basan ýagdaýlarynda) esaslanýan ýagdaýyny göz öñüne getireliñ. Ýöne söz üsti bilen maglumat geçirmek we degişli nusgalary synlamak arkaly adamyñ özüni alyp baryşynyñ çylşyrymly görnüşleriniñ kemala gelmeginiñ esaslary üpjün edilýär. Bize keseliñ nähili emosional üýtgeşmeleri ýüze çykarýandygyna düşünmek üçin, özümiziñ rak keselinden ölmegimiz hökman däl. Sebäbi, biz bu kesel bilen kesellän beýleki adamlary görýäris, olaryñ ölümleri baradaky habarlary okaýarys we rak keseline garşy göreşiñ şaýady bolýarys. Şeýlelikde täze endikleri öwrenmek üçin synlamalar arkaly öwredilmäni inkär etmek, adamyñ ajaýyp ukyplaryny inkär etmek diýmekdir.

Biziñ her birimiz durmuşymyzda çylşyrymly meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolandyrys. Eger-de şol mesele öñ başga biri tarapyndan çözülen bolsa, onda ol mesele biziñ üçin hem çözülmesi añsat mesele bolup galýar. Synlamak faktory – bu meseläniñ çözgüdi bolup durýar. Çagalar synlamak arkaly öwrenýärler. Gündelik öýe berlen ýumuşlary çözmek ýa-da belli bir oýunlary oýnamak. Şeýle-de, synlamak arkaly olar agressiw, ýumşak, kömek etmäge meýilli bolmaklygy öwrenýärler. Köp ýagdada nusga edinýän ozüñi alyp baryşy, ýerine ýetirilişi ýaly öwrenmeli bolýar. Welosiped sürmek, tigirli tagtada typmak, kompýuterde hat ýazmak ýaly görnüşlerinde nusga bolan öwreniliş tejribesinden çykyp bolmaýar. Ýöne nusga döretmek arkaly tejribe öwredileninde bolsa, täze özüñi alyp baryşy gurnamak mümkin. Eger-de kiçijik çaga süýtli aşyny öz gurjagy bilen paýlaşmany öwrenen bolsa, onda oña soñra dostlary bilen oýunjaklaryny paýlaşmak, kiçi jigisine seredişmek, ejesine hojalyk işlerinde kömek etmek, azajyk gijiräk bolsa, özüniñ gözi bilen hiç wagt görmedik

betbagt adamlaryna haýyr sogap üçin pul bermek kyn düşmeýär. Synçylar nusga döretmek arkaly, dürli reaksiýlardan umumy häsiýetleri bölüp alýarlar we özüñi alyp baryşyñ nusgasyny döredýär.

Banduranyñ nukdaý nazaryndan, adamlar özleriniñ akyl ýetirijilikli özlerini alyp baryşlaryny nusgany synlama arkaly ýola goýýarlar. Şeýlelikde, meselem: bir adam tejribeli türgeni üns bilen synlaýar, soñra bolsa türgeniñ pökgi berişine syn edip öz pikirinde pökginiñ gowy berilişiniñ nusgasyny döredýär. Haçanda onuñ özi pökgi bermegi öwrenende şol pikirinde döreden nusgasy bilen öz mümkinçiliklerini birleşdirýär. Adam synlamak arkaly köp zatlary öwrenip biler. Adama nusga görmek üçin diñe bir synlamak ýeterlik däldir, indiwid synlajak zadyny takyk saýlap oña aýratyn üns bermelidir. Bu ýerde üns hadysasynyñ täsiri ulydyr. Talybyñ sapaga gatnaşmagy şol talybyñ okuw materialyny doly özleşdirýändigine güwä geçmeýändigine islendik mugallym tassyklap biler. Sowuk, otagyñ içindäki howa ýetmezçiligi, düýnki oturylyşyk, arzuwlar we bir näçe beýleki faktorlar talybyñ pikir ýöredişiniñ bozulmagynyñ sebäbi bolup biler. Şonuñ bilen birlikde okadylma hadysasyny ýoýar.

Biziñ köplenç duşgelýän adamlarymyzyñ kesgitli özlerini alyp baryşlary bardyr. Biz olary synlap öwrenip bilýäris. Alturistik özüñi alyp baryşyñ öwredilmegi üçin mümkinçilikler garakçynyñky bilen dyn toparyna gatnaşýanyñky biri-birinden tapawutlydyr. Islendik toparyñ içinde özüne has ünsi çekýän adamlar bardyr. Dedişli özüñi alyp barşyñ gymmatlygy dürli nusgalardan adamyñ özüniñ meñzejek bolýan nusgasyny saýlap beýlekilerini inkär etmegindedir. Köplenç harizmatiki häsiýetli özüñi alyp baryş nusgasyny ulanýarlar. Belli adamlar ýyldyzlar özlerine köp ünsi çekýärler. Mahabatçylar hem öz harytlaryny mahabatlandyrmak üçin şol nusgalary ulanýarlar.

## 8.5 Kämil özüňi alyp baryşy döretmek

Bandura adamyň hereketlerini we üýtgemelerini düşündirmek maksady bilen öz netijeliligiňi duýmak mehanizmni guraýar. Onuň pikiriçe öz netijeliligini duýan adamlar, öz mümkinçiliklerine şübhelenýän adamlara garanyňda, çylşyrymly işleri ýerine ýetirmek üçin köp güýç sarp edýärler. Öz gezeginde öz netijeliligiň ýokarydygyny duýmak üstünliklere garaşmalar bilen bagly bolup, oňat netijeleriň gazanylmagyna getirýär we öz-özüňi sylamaklygyňa ýardam edýär. Tersine, öz netijeliligiň pesdigini duýmak şowsuzlyk garaşmalary bilen bagly bolup, şowsuzlyga getirýär we özüňe bolan ynamyňy peseldýär.

A.Bandura öz netijeliligiňi döretmegiň dört sany ýoluny teklip edýär: özüňi alyp baryşy guramak ukyby, aralaşdyrylan tejribe, dil üsti ynandyryş, duýgy-emosiýa ýokary göterilişi.

**Özüňi alyp baryşy guramak ukyby**. Isleýän netijäňe ýetmek synanyşyklaryndaky üstünlikleriň we şowsuzlyklaryň geçmiş tejribesi Banduranyň pikiriçe netijeliligiň has wajyp çeşmesi bolup durýar. Başgaça aýdanyňda, üstünlikli şahsy tejribe uly garaşmalary döredýär. Öň boup geçen şowsuzlyklar bolsa, pes netijelere garaşmalary ýüze çykarýar. Sahna çykmazynyň öň ýanynda gorky gurşap alan artist, özüne mundan öň hem birnäçe gezek hiç hili bökdençsiz çykyş edipdim diýip bilse, ol ýene-de bökdençsiz çykyş etmegi başarar. Başga tarapdan özüniň ukyplaryna ynamy bolmadyk adanlar auditoriýanyň öňünde şowsyz çykyş edenlerinden soňra, bu ukybyň olara berilmändigi barada netije çykarýarlar. Eger-de öz netijeliligine pes baha berýän adama gorkýan zadyny etmäge itergi berseň, onda onuň öz netijeliligine göwni ýetmek duýgusy güýçlenip biler.

**Aralaşdyrylan tejribe.** Bu hem öz netijeliligini ýokarlandyrmagyň çeşmesi bolup durýar. Ýagny özüni alyp

baryşy üstünlikli bolup duran başga bir adamy synlamaklyk hem öz netijeleligini ýokarlandyrmaga adamda ynam döredýär. Ol şeýle işi ýerine ýetirip biljekdigine ynanýar. Uly synpyň içinde sorag bermäge çekinýän talyplar "men muny başarman" çaklamasyny beýleki talyplaryň bökdençsiz sorag berişlerini synlamak arkaly "mümkin men hem muny başaryn" diýen çaklama öwürýärler. Şol bir wagtyň özünde hem beýleki adamlaryň şowsuzlygyny görüp özleriniň synanyşyklaryna garamazdan şeýle hereketleri özleriniň edip bilmejekdigi barada pikir ýöredýärler.

**Dil üsti ynandyrylyş.** Adamyň maksada ýetmek üçin ukubynyň bardygyny dil üsti bilen aýdyp netijelilik gazanyp bolýar. Mysal üçin: mekdepdäki kyn sapagy özleşdirip biljekdigini ynandyrýan ejäni alalyň. Dil üsti berilýän goldaw gyzyna diňe bir onuň öz üstünligine ynamyny döretmän eýsem okuw endiklerini ösdürmeklik we güýjini jemläp gowy okamaklyk ukybynyň ösmegine hem ýardam edýär. Egerde kyn dersi özleşdirmekdäki üstünlikler garaşylýan netijäni bermese ýokarda agzalan ynamlylyk aňsatlyk bilen ýok bolýar. Mundan başgada çaga berilýan söz üsti goldaw we täsir onuň mümkinçilikleriniň we ukyplarynyň çäginde bolmalydyr. Egerde bu düzgün saklanylmasa ene-atalaryň çagalaryna berjek bolýän kömekleri zyýan bolup öz netijeliligine pes baha bermek duýgusyny döredýär. Dil üsti ynandyrma ynandyryjynyň şahsyýeti bilen çäklendirilýär diýen çaklamany Bandura öňe sürýär. Terapewt semiz näsagy azyrak iýmelidigini we köpiräk fiziki maşklary ýerine ýetirmelidigini aýdyp ony ynandyryp biler. Ýöne ol şol näsagyň Ewereste dyrmaşyp çykyp biljekdigini ynandyryp bilmez.

**Duýgy emosiýa ýokary göterilişi.** Adamlar öz netijeliligini stresiň ýa-da howp awandyrýän ýagdaýyň öňündäki emosional dartgynlygyň derejesi bilen deňeşdirýandikleri üçin oýanmany peseltmegiň islendik usuly öz netijeliligiňi ýokarlandyrar. Aýallar bilen gepleşende

ynamsyzlyk duýýan adam zenan bilen gepleşende ýüreginiň çalt urýandygyny we elleriniň aýasynyň derleýändigini duýup biler. Şeýle ýagdaýlary zenana jaň edende hem duýýar. Egerde ol gerek bolan telefon belgisini aýlap durka özüniň rahatdygyny bellese onuň netijeliligi has ýokary bolar. Ýokarda görkezilen mysallardan görnüşi ýaly emosional rahat we dartgynlygy bolmadyk ýagdaýlarynda adamyň uly netijeleri gazanyp bilýändigi görünýär.

Onuň pikiriçe adam ol ýa-da beýleki özüňi alyp baryşyň nusgasyny kemala getirende diňe daşky gurşawyň täsirini we onuň netijesini ýakymly ýa-da ýakymsyz duýgularda berkitmek bilen çäklenmeýär.

Birinjiden, ol öz daşky hem-de beýlekileriň hereketlerini, usullaryny synlaýar we aňyna ornaşdyrýar;

Ikinjiden, ol belli bir hereketleri döretmezden oňa öz içki dünýäsine-de ynanýar, oňa garaşýar kadalaşdyrýar, bahalandyrýar;

Üçünjiden, hereketiň şeýle döredilşinde daşky gurşawyň berýän höweslendirmeleri temmi bermeleri hem uly ähmiýete eýedir.

## Bap 9. Şahsyýetiñ taglymatynda kognitiw ugur

### 9.1 Şahsyýetiñ kognitiw-akyl ýetiriş usulýeti ugrundaky derñewi

Bu ugry esaslandyryjy J. Kellidir. Bu taglymatyň esasyaýratynlygy onuň akyl ýetiriş hadysasy gözbaşy gurluş hökmünde süryänligidir. Aslynda şahsyýet hadysasy motiwasiýa, emosiýa, islegler, instruktler ýaly gurluşlar bilen baglanlanşdyrýar. Akyl ýetiriş hadysalar bolsa şahsyýeti kesgitleýji hasaplanmaýar. Keeli bu däbi ilkinji bozanlaryň biridir. Onuň pikiriçe her bir adam şahsyýet edil derňew alyp barýan alym ýalydyr. Sebäbi alymyň öz derňewinde ulanýan psihiki häsiýetleri islendik adamyň gündelik durmuşynda hem özüni alyp barşyny guraýşynda hereket edýär. Adamlar hem özüni alyp barşynda guramakda edil alymlar ýaly çaklama döredip, olaryň hakyky ýa-da dälligini geljekki tejribesinde anyklaýarlar. Alym bilen ýönekeý adamyň tapawudy hil däl-de mukdar jähtde bolýar.

Kelliniň şahsyýete şeýle garaýşyndan aşakdaky netijeler gelip çykýar. Adamlar özüni alyp baryş nusgasyny döretmekde çaklama – gipoteza döredip, ony üznüksiz tejribede barlamak bilen hereket edýän bolsalar, onda, olar geçmişine däl-de häzirki pursatyň äpişgesinden geljege seredip ýaşaýarlar. Şahsyýet tejribe dogrusyndaky hereketi öňünden döredip, soňra onuň üstünlikli görnüşini berkitmek bolsa däl-de , ilki akyl ýetiriş paýhasynda geljekki hereket tejribeleriň ilki ideal nusgasyny döredip soňra onz maddalaşdyrýar. Başgaça aýdanyňda Kelliniň nazarýetine görä şahsyýet Freýdiňki ýaly geçmiş tejribesiniň ýa-da Skirmeriňki ýaly pursatlaýyn gazanylýan tejribeleriň täsirinde däl-de, öz akyl paýhasynda döreýän gelejegiň nusgasy esasynda hereket edýär. Kelliniň pikiriçe dünýäniň ähli zatlary dogrusynda diňe ýeke-täk pikiriň bolmaklygy mümkin däldir. Olar barada dürli-dürli garaýyşlar

bolup biler. Aristoteliň A bu diňe A-dyr diýen tassyklamasyny Kelli A bu diňe biziň A diýip tassyklaýanlygymyz üçin A-dyr diýip düzedýär.

Şahsyýetiň konstruktlary taglymatyň esasy düşünjesi, şahsy konstruktlarydyr.
Konstrukt – bu belli bir pikir, taglym bolup, onuň esasynda adam dünýäniň zatlaryna düşünýär.

Konstruktlar dihatomiki – gapma-garyşykly mazmunda bolýarlar; gowy-erbet; ylmy-ylmy däl; ak-gara; ynamdar-ynamsyz we ş.m.

## 9.2 Şahsyýetiñ özüni alyp barşyny guramagyñ esaslary

20 asyryň 50-nji ýyllarynyň başynda şahsyýetiň "konstruktiw – alternatiwizm" taglymatyny döretmek bilen, G.Kelli öz ýaşaýan döwrüni 40-50 ýyl görüjilikli öňürtleýär. Munuň sebäbi asyryň ahyrynda we ýaşaýan günlerimizde şahsyýetiň öz durmuş – ýaşaýyş keşbini saýlamakda alternatiw – gapma – garşylykly nusgalary saýlamak hukugyna eýe bolanlygy bilen baglanşyklydyr. Kelliniň pikiriçe dünýäde özi hakynda ikinji bir garaýşy aýdypbolmaýan ýekeje-de zat, hadysa, pikir, ideýa ýokdur. Her bir zat dogrusynda garşylykly mazmunda pikir ýöredip bolýar. Aýdaly, Jon okuwyny tamamlap, aspirantura girmek niýetinden ek çekip, gyrak – uj şähere işlemäge gidýär. Freýdiň taglymaty muny aňlanylmaýan häsiýetde jyns portnýoryny tapmaklyga ymtylyş bilen düşündirse, Erikson onuň ýaşayna mahsus bolan EGO öz-özüneligini agtarmaklyga meýli bilen düşündirýär. Kakasy onuň ýeňil kelleligi bilen düşündirse, ejesi "günä iş edip ýaşaýar" diýip düşündirýär. Eýsem, bu düşündirişleriň haýsy biri hakykat diýlen sowala Kelliniň taglymatynda jogap ýok. Onuň konstruktiw – alternatiwizm taglymaty islendik garaýşyň bolup bilmegini ykrar edýär.

Adamlar özüni alyp baryş nusgasyny döretmekde çaklama – gipoteza döredip, ony üznüksiz tejribede barlamak bilen hereket edýän bolsalar, onda, olar geçmişine däl-de häzirki pursatyň äpişgesinden geljege seredip ýaşaýarlar. Şahsyýet tejribe dogrusyndaky hereketi öňünden döredip, soňra onuň üstünlikli görnüşini berkitmek bolsa däl-de , ilki akyl ýetiriş paýhasynda geljekki hereket tejribeleriň ilki ideal nusgasyny döredip soňra onz maddalaşdyrýar. Başgaça aýdanyňda Kelliniň nazarýetine görä şahsyýet Freýdiňki ýaly geçmiş tejribesiniň ýa-da Skinneriňki ýaly pursatlaýyn gazanylýan tejribeleriň täsirinde däl-de, öz akyl paýhasynda döreýän gelejegiň nusgasy esasynda hereket edýär. Kelliniň pikiriçe dünýäniň ähli zatlary dogrusynda diňe ýeke-täk pikiriň bolmaklygy mümkin däldir. Olar barada dürli-dürli garaýyşlar bolup biler. Aristoteliň A bu diňe A-dyr diýen tassyklamasyny Kelli A bu diňe biziň A diýip tassyklaýanlygymyz üçin A-dyr diýip düzedýär.

Şahsyýetiň konstruktlary taglymatyň esasy düşünjesi, şahsy konstruktlarydyr.

Konstrukt – bu belli bir pikir, taglym bolup, şonuň esasynda adam dünýäniň zatlaryna düşünýär.

Konstruktlar dihatomiki – gapma-garyşykly mazmunda bolýarlar; gowy-erbet; ylmy-ylmy däl; ak-gara; ynamdar-ynamsyz we ş.m.

Konstruktyň döremegi üçin keminden üç element zerurdyr. Olaryň ikisi bir-birine meňzeş, üçünjisi bolsa tapawutlydyr. Konstruktoryň meňzeş polýusyna emerjint, tapawutly polýusyna bolsa - implicit polýus diýilýär.

Konstruktlaryň möhüm häsiýetleriniň biri onuň çaklaýyş – prognoztiki mümkinçiligidir. Eger-de döredilen konstrukt wakalaryň gelejegini aýdyp berip bilmese, ol çalşyrylýar. Meselem: professor hakynda talybyň dogruçyl diýip döreden konstrukty okuwyň soňky döwürlerinde başgaça bolup çyksa, ol ony “deň tutmaýan” diýen konstrukt bilen

çalşyrylýar. Konstruktlaryň ulanylyş çägi – diapozony, ulanylyş fokusy hem-de täze ulgamlara açyklygy ýaly häsiýetleri hem bardyr. Konstruktlaryň ulanylyş çägi mysalda görkezilse "ylmy – ylmy dal" konstrukty zatlaryň, hadysalaryň gurluşyny aýan etmekde üstünlikli hereket edýän bolsa, öýleneniň we sallahyň haýsy biriniň durmuşynyň oňaýlydygyny seljermäge ukypsyzdyr. Konstruktlaryň ulanylyş fokusy – bu onuň şol bir diapozonyňçäginde ýaýrap bilýän zologydyr. Meselem: "eli arassa – arassa däl" konstrukty öz göni mazmunynda eliň kesekiniň jübisinden daş ýa-da ýakynlygyny aňladýan bolsa, kä halatlarda ol syýasatçylaryň häsiýetnamasyna degişlilikde hem ulanylýar. Konstruktyň täze ulgamlara açyklygy ýa-da ýapyklygy hem onuň möhüm häsiýetnamasydyr. "Eli ýeňil lukman" konstrukty bir nähoş üçin diňe onuň öz lukmanyna degişlilikde ulanylyp, ähli beýleki lukmanlar hakyny bíýderek alyp ýören hasaplanýar. Başga bir adam üçin bolsa bu konstrukt özge lukmanlara degişlilikde öz dowamyny tapýar.

Şeýle-de Kelli şahsy konstruktlary olary tebigy gözegçilige degişlilikde toparlaşdyrýar. Diňe onuň diapazonynda standartlaşmaly elementleri öz içine alýana Kelli upreditel konstrukt diýip atlandyrylýar. Ýagny bi topara düşeni beýleki topardan çykarylýar. Upreditel düşündirilişi rigit pikirlenýäşn adamyň häsiýetnamasy bilen deňeşdirip bolar. Meselem: eger-de adama "maksikan" diýlilen bolsa onda ol hakda meksikanes ýaly pikir ederler. Ýada bir mugallyma "kejir" diýip at goýan bolsalar, onda talyplar ol mugallym barada başgaça pikir etmän ony kejir hökmünde kabul ederler.

Konstellýator konstruktda elementler bir wagtda dürli gurşawlara deşli bolup bilerler. Bu konstruktyň görnüşini şablon pikirlenmade görmek bolýar. Meselem "Eger-de bu adam awtomobil ulagyny satýan bolsa onda ol dogruçyl däldir, ýöne müşderileri bilen gowy aragatnaşyk saklap bilýändir". Bu mysalda görkezilen adam barada başga hili pikir etmäge ýer ýokdur. Konstellýator konstruktlary biziň saýlawly pikir

etmämizi çäklendirýärler; eger-de biz bir adamy belli bir topara degişli edýän bolsak, onda şoňa laýyk häsiýetnama hem berýändiris.

Saýlaw üçin açyk bolan konstruktlara çaklama konstruktlar diýilýär. Bu konstrukt ýokarda agzalyp geçilen iki konstrukta hem gapma-garşydyr, sebäbi ol täze tejribe üçin adamyň açyk bolmaklygyna mümkinçilik berýär. Bu ýagdaýda awtoulagyny satyjy barada pikir ýöretme çaklama bolup galýar. Diýmek tassyklaýan pikir – çeýe pikirdir. Indiwid täze tejribe üçin açykdyr we bar bolan konstruktlary üýgedip bilýär. Ýöne biz diňe çaklaýjy konstruktlary ulansak köp kynçylyklara duçar bolardyk, sebäbi gerek ýerinde meseläniň gerek çözgüdini tapyp bilmezdik, muny mysalda seredip geçeli. Mysal üçin: beýsbol oýnunda top göni siziň kelläňze tarap uçup gelýär. Siz pökgüniň daş-töwereginden synlap, çaklama pikiri ýoredip bilýärsiňiz, ýöne top gelip, siziň ýüzüňize uranda siz herekete geçmelidigiňiz barada duýdyryjy pikir ýoretmegiň amatlydygyny duýarsyňyz (ýagny siziň kelläňize tarap uçup gelýän pökgi- bu siziň kelläňize tarap uçup gelýän pökgidir, we başga hiç zat däldir). Eger-de biz akyl taýdan durup galmajak bolsak biz çaklama pikirlenmesini ulanmalydyrys. Şeýlelikde pikirlenmäniň upreditel we konstelýator hem-de çaklama görnüşleri hadysalary, zatlary we adamlary düşündirmek üçin zerurdyr.

Şahsy konstruktlary bir näçe usul boýunça toparlaşdyrmak mümkindir:

1. Hemme taraplaýyn konstruktlar.
2. Hususy konstruktlar.
3. Easy konstruktlar.
4. Pereferiki konstruktlar.

Hemme taraplaýyn konstruktlar hadysalaryň giň möçberini öz içine alýarlar.

Hususu konstruktlar hadysanyñ uly bolmadyk diapozonyny öz içine alýarlar. (ýagny mümkinçilikleriñ dar diapozonyny).

Esasy konstruktlar adamyñ esasy işini sazlaýarlar.

Pereferik konstruktlar esasy gurluşy üýtgetmän üýtgäp bilýärler.

Käbir konstruktlar üýtgemeýän maglumat berip takyk bolýarlar, käbirleri bolsa bir şertlerde dürli maglumatlary çaklamaga mümkinçilik berip erkin bolýarlar.

## 9.3 Ynsanperwerlik psihologiýasynyň esasy düzgünleri

Bu ugur XX asyryň golaýynda kemela gelip, ony esaslandyryjylaryň A.Moslow, K.Rojers we beýlekiler durýar. Moslou öz taglymatyny psihologik dünýäde belli bolan biheweristik we psihoanalitiklere garşy durýan ”üçünji güýç, ugur” diýip atlandyrýar. Gumanistik psihologiýa özüniň filosofik esasy hökmünde gün batar ýewropaly, esasan egzistensional folosofiýasyna daýanýar. Bu filosofiýany esalandyryjylar S.Kiýerkogor. Marin Haýder Pol, Sartr Žan we beýlekiler. Psihologiýada gumanistik psihologiýada ol ýa-da beýleki düzgünleri esaslandyranlar E.From, G.Olpard, Frankl we beýlekiler.

Egzistensial filosofiýanyň nukdaýyndan adam özüniň bu dünýäde wagtlaýyn ýaşaýjydygyny ömür näçe uzasa-da ahyry ölüm bilen tamamlanýandygyny aňlap, belli bir aladada, galagoplylykda ýaşaýan gurluşdyr. Nesil arkaly geçýän şertler ýa-da daşky gurşawyň täsiri adamy kemala getirmeýär. Adam öz-özüni kemala getirýär. Meselem: Sartryň „adam – bu öz-özünden näme döredýän bolsa, şoldur ” diýip belleýär. Adam öz ykbalyny, iş-durmuş terjimehalyny döretmekde erkindir. Emma öz ykbalyny, terjimehalyny döretmek erkinini, islendik saýlawyň mümkinçiligi entek bu saýlawyň saýlanýan durmuş ýolunyň dogrudygyny, çuň manylydygyny kepillendirmeýär.

Munuň şeýledgine dünýäde öz durmuş, ykbal saýlawyny bagtly, şowly hasaplaýandan, ony keç hasaplanyň az däldigi belli bir derejede subut edýär. Egzistensial filosofiýanyň bu esasy pikir ýöretmeleri gumanistik psihologiýada hem orboýona galýar. Gumanistik psihologiýanyň pikiriçe adam öz ykbalynyň, durmuş keşbiniň arhitektorydyr. Bu psihologiýanyň ýene-de bir esasy düzgünleriniň biri-de kemala gelmek hadysasyny ykarar etmekdir. Kemala gelmeklik beden-fiziki, ruhy-paýhas we ahlak detejelerde amala aşyrlyp bilýär. Meselm ýetginjek başlangyç klasyndan tapawutlanyp, kiçi jahyl bolsa ýetgijekden tapawutlanýar. „Ömür, ýaşaýyş bir gezek berilýär" pähimine kiçi mekdep ýaşlynyň we saçyndan ak gireniň düşünişi we syzyşy başga-başgadyr.

Eger-de adam öz durmuş ýoluny, mümkinçiliklerini döredijilikli ulanmaga laýyk saýlap bilmeýän bolsa, ol erkinlikden jogapkäçilikden gaçýan bolsa, durmuşynyň her bir pursatyny çuň many bilen dolduryp bilmeýän bolsa şeýle adam dönükdir.

A.Maslow özüniň taglymatynda bolan düzgünlerini öňe sürýär:

a) indiwid - bu bitewi bir gurluşdyr
b) adamyň tebigatyna düşünmek üçin haýwanlarda tejribe goýmak ýerliksizdir. Çünki adamyň hususy adamçylyk supatlary - ynsap, borç, ynam we ş.m. hiç-hili haýwanlarda goýulýan tejribelerde öwrenilp bilinmez
ç) adamyň içki tebigaty hoşniýetlidir (ýada salsak Freýd muňa gapma-
garyşy garaýyşda bolýardy)
c) islendik adam özünde döredijilik goruny – potensialyny jemleýär
d) adamyň psihologik tebigatyna düşünmek üçin sagdyn psihikanyň öwrenilşine daýanmalydyr (bilşimiz ýaly Freýd öz taglymatyny bozulan patalogiki psihologiýa daýanmaklykda döretdi).

Moslowyň şahsyýet taglymatynyň esasy nazaryýet düzüjileriň biri onuň motiwasiýanyň özara tabynlyk (irargiýa) guruluşy baradaky nazarýetidir. Onuň pikiriçe adam „höwes bildirýän" gurluş bolup, şeýle höwesi döredýän adamyň psihologik islegleridir. Islegler – dogabitdi ýa-da instinktiw häsiýetlidir. Moslow islegleri beden-fiziologik görnüşinden başlap, olaryň iň ýokary derejesi bolan öz-özüňi işjeňleşdirmeklige gönükdirlen görnüşlerini bir-birini tabyn häsiýetde özboluşly piramida ýerleşdirýär.

1.Öz-özüňi işjeňleşdirmek ýa-da şahsy kämillik islegleri.
2.Öz-özüňi hormatlamak.
3.Howpsuzlyk we goranyş, degişlilik we söýgi.
4.Fiziologik islegler.

A.Maslowyň şahsyýetiň öz-özüni işjeňleşdiriji taglymaty diňe bir psihologiýada däl, jemgyýetçilik ylymlarynda giň gerime eýe bolandyr.

A. Moslow özüniň şahsyýet taglymatyny aşakdaky esasy düzgünleriň töwereginde jemleýär:

**1. Indiwid bütewilik hökmünde.** Maslow geştalt psihologiýanyň „bütewilik özüni döredýän düzüm bölekleriň ýönekeý jemine syrykdyrylmaýar" düzgünine laýyklykda adaty psihologiýanyň, şol sanda bihewiorizmiň, adamyň psihikasynyň özüni alyp barşynyň diňe aýry-aýry taraplaryny derňemek bilen çäklenýänligini tankytlaýar. Ony birtaraplaýyn hasaplaýar. Alymyň pikiriçe aşgazanyň islegi, agyzyň islegi, jyns ulgamynyň islegi diýilmeli däl-de, bütewi indiwiň islegi hakynda aýdylmaly. Mälim bolşy ýaly, bu adamyň tebigatyna holiztik garaýyş bolup, muňa laýyklykda aýratyn bag däl-de, tokaý hakynda aýdylmaly. Täreti saklamak ýa-da pürkmek motiwasiýasy däl-de, tutuş şahsyýeti ugrukdyrýan motiwasiýa dogrusynda gürrüň edilmeli.

**2. Haýwanlarda adamyň psihologik aýratynlyklaryny öwrenjek bolmaklygyň ýerliksizligi.** Bilşimiz ýaly, Skinner adamyň psihologik aýratynlyklaryny alaňňyrt, kepderi ýaly jandarlarda üstünlikli öwrenip bolýanlygy pikirini öňe sürýär. Maslowyň pikiriçe bolsa, adamyň adamçylyk sypatyny düzýän gözelligi duýmak, müýnlilik, wäşilik ýaly sypatlaryň hiç bir jähtden haýwanlaryň üsti bilen öwrenilip bolmajakdygyny ýatladýar.

**3. Adamyň tebigaty.** Ýokarda görkezilşi ýaly, Freýd adamyň tebigatyny ilki başdan agressiw, ýumrulyşa ymtylýan, eger-de ýörite psihlogik gözegçilik bolmasa, töweregindäkilere we özüne zyýan ýetirýänligi nygtaýar. Maslowyň pikiriçe bolsa, adamyň tebigaty ilki başdan gowy ýa-da bitarap diňe daşky şertleriň erbetligi adamy erbet häsiýetleri ýüze çykarmaga mejbur edýär. Eger-de ýörite guralyş boýunça adamyň gündelik iş-durmuşyndan onda frustrasiýa (aldanan, ynanç) we konflikt ýagdaýlary aýrylsa, adam yzygider we durnukly, hoşniýetli özüňi alyp barşy ýüze çykarmaga ukyply gurluşdyr.

**4. Adam döredijilikli başlangyç hökmünde.** Maslow döredijiligi gös-göni ylmy açyş etmek manysynda däl-de, adamyň özündäki mümkinçilikleriň mümkingadar köp bölegini amal etmek zerurlygy bilen baglanyşdyrýar. Şundan ugur alynsa, çopan, sagymçy, kompýuterçi we ş.m.bularyň ählisi öz işini döredijilikli gurap bilýärler.

**5. Psihiki saglygy ileri tutmak.** Maslow Freýdiň öz taglymatyny psihiki bozulmaly adamlarda esaslandyranlygyny ýazgaryp, „bozulan psihikany öwrenmeklik diňe bozulan psihiki gurluşyň taglymatyny berip biler” diýýär. Onuň pikiriçe şahsyýetiň öwrenilşi diňe sagdyn döredijilikli adamlarda amala aşyrylmalydyr.

## 9.4 Adama dörediji gurluş görnüşinde garaýyş nazaryýeti

Moslowyň şahsyýet taglymatynyň esasy nazaryýet düzüjileriň biri onuň motiwasiýanyň özara tabynlyk (irargiýa) guruluşy baradaky nazarýetidir. Onuň pikiriçe adam „höwes bildirýän" gurluş bolup, şeýle höwesi döredýän adamyň psihologik islegleridir. Islegler – dogabitdi ýa-da instinktiw häsiýetlidir. Moslow islegleri beden-fiziologik görnüşinden başlap, olaryň iň ýokary derejesi bolan öz-özüňi işjeňleşdirmeklige gönükdirlen görnüşlerini bir-birini tabyn häsiýetde özboluşly piramida ýerleşdirýär.

Piramidanyň esasynda iň ýönekeý gurluşly fiziologik islegler ýerleşýär. Adamyň iýmite, howa, uka we ş.m. bolan islegleri bu hatary düzýär. Eger-de bu agzalan islegler kanagatlandyrylan ýagdaýda olaryň mundan ýokarky derejesi, ýagny, howpsyzlyga we goranyşa bolan islegler herekete gelýär Duýdansyz howplardan, gorkudan azat bolmaklyga bolan isleg. Wakalaryň özüňe howp salýanlaryny öňünden bilmeklige isleg. Öz iş durmuşyň durnuklylygyna bolan isleg we beýlekiler piramudanyň şu kesimini düzýär. Islegleriň mundan ýokarky derejesi haýsyda bolsa bir birleşmä, topara degişli bolmak we söýgä bolan isleg ýaly islegler bilen döredilýär. (Ýada salsak adamyň öz köküne – guwançly kowmuna bolan isleg şahsyýetiň başga taglymatlarynda hem gabat gelýär).

Moslow islegleriň piramidasynyň 4-nji derejesinde adamyň öz-özüni hormatlamak islegini goýýar. Bu isleg öz gezeginde 2 düzüjiden – özüňi hormatlamak we beýlekileri hormatlamakdan durýar.

Özüňi hormatlamak – başarjaňlygyň, başçykarjaňlygyň, her taraplaýynlygyň esasynda adamyň özüne gowniýetjiligi bilen baglanşyklykda döreýär. Beýlekileri hormatlamak bolsa – ol abraý, wezipe, köpüň makullamagy, we häkimýet ýaly görkezijileriň esasynda ýüze çykýar.

Piramidanyň iň ýokary derejesini öz-özüňi işjeňleşdirmeklige bolan isleg tutýar. Bu isleg ähli adamlarda azda-kände käbirlerinde has ýokary derejede mahsus bolsa-da jemgyňetde ony doly derejesinde ýüze çykarýanlar örän azdyr. Moslowyň pikiriçe bu islegiň bardygyny adamlaruyý köp bölegi ony yjara etmeýär, şübhelenmeýär. Hut şonuň üçinde ony doly möçberinde herekete getirýänler juda az sanly adamlar bolýar. Kähalatlarda şular ýaly ýagdaý hem bolup bilýär:

Adam uly kynçylyklara dözüp ýokary okuw jaýyny tapawutly tamamlap, Aspiranturany, Magistraturany üstünlikli gutaryp, ylmy işe başlandan soýra oňa ýokary tölegli aladsy öz gullukçynyň (çinownik) orny teklip edilende, oňa razyçylyk berse, şeýle adam öz-özüňi işjeňleşdiriji islegden ýüz öwrüp, ony togtatdýarwe piramidanyň ikinji derejesine çenli pese düşýär.

Moslowyň tassyklaýşyna görä umuman adam fiziologik isleglerini 85% howpsyzlyga, goranyşa bolan islegini 70%, degişlilige we söýgä bolan islegini 50%, öz-özüne hormatlamaklyga bolan islegi 40% we öz-özüni işjeňleşdirmeklige bolan islegini 10% kanagatlandyrýar.

Maslow isleglerň – motiwleriň ählisiniň iki görnüşiniň töwereginde jemleýär:

**D – islegler** (defisitar islegler – ýetmezçiligi doldurmak üçin islegler);

**B - islegler** (barlyk islegleri, esasy görnüşi söýgi).

Bularyň birinjisi durmuşdan zerur zadyňy almaklyga ugrukýan bolsa, ikinjisi durmuşa gaýtarypbermek, döretmek, goşant goşmak ugrukmaly isleglerdir.

Moslow isleglerň pes derejesi kangatlandyrylmasa, onuň ýokary derejesiniň kanagatlandyrylmaýandygyny kanunalaýyk häsiýetde hem bolsa ol bu pikirini belli bir derejede ýumşaldýar. Meselem syýasy talaplary kanagtlandyrylmadyk adamlar uzak wagtlap açlyk yglan

edýärler. Özleriniň fiziologik islegleri kanagatlandyrylmasa-da olar ýokary derejedäki jemgyýetçilik işjeňligini saklaýarlar. Başga bir syn etmede öz dini garaýyşlaryna laýyklykda urşa gatnaşmakdan ýüz öwren bolsa, amerikan soldatlary özlerine açlyk, garaňky jaýda uzak wagtlap ýeke saklanmaklyk ýaly tejribeleriň geçirmeklerine razylyk berýärler. Birnäçe wagt geçebnden soňra bu adamlaryň ýaşaýşa, durmuşa bolan meýilleri üzül-kesil peselip, olar hatda aýal-gyzlara hiç bir hili isleg bildirmän başlaýar.

A.Maslow özüniň şahsyýetiň öz-özüňi işjeňleşdiriji taglymatyny takyk tejribede barlap görmek maksady bilen birnäçe tanymal şahsyýetleriň iş-durmuşyny, terjimehalyny ýörite öwrenýär. Bu şahsyýetleriň hatarynda A.Enşteýn, A.Linkoln, B.Franklin we beýlekiler bolýar. Bu derňewiň netijesinde A.Maslow öz-özüňi işjeňleşdiriji şahsyýetlere mahsus bolan 15-e golaý psihologik sypatlary ýüze çykarýar. Bu sypatlar ýönekeýlik, daşky gurşawyň talap-düzgünlerine, ýörelgelerine tabyn bolmazlyk, hemmeler ýaly bolmazlyk, wäşilik duýgusy we beýlekiler görkezilýär.

Görülip durulsa, adamzadyň diňe bir göterimi öz-özüňi işjeňleşdirmek ýagdaýynda bolýar. Maslow munuň sebäbini adamyň öz hakyky mümkinçiligine göz ýetirip bilmeýänligi, çekinjeňligi bilen düşündirýär.

Öz-özüňi işjeňleşdirmek taglymatyny düzen K.Rojers bolup, onuň nazaryýeti-de gumanistik - ynsanperwer taglymatyň çäginde galýar. Öňden mälim bolşy ýaly fenomenologiýa – bu psihikany esasy dörediji adamyň subýektiw (özüçe) düşündirişi, subýektiw tejribesi bolup durýar diýen pikirden ugur alýan taglymstdyr. Başgaça aýdanyňda bihewerizm üçin psihikany, özüni alyp barşyny döredýän öňki tejribede stimul arkaly berkidilen reaksiýa bolýan bolsa, psihanaliz üçin şeýle dörediji aňlanylmaýan meýiller bolýan bolsa, kognitiwizm üçin akyl ýetiriş gurluşlaryň sazlaşyklygy bolýan bolsa, fenomenologiýa üçin psihiki hereketi, özüni alyp barşyny

döredìji adamyň şol bir zady wakany subýektiw k.l/ç we özüçe düşündirişi bolup durýar

## 9.5 Öz-özüni işjeňleşdirýän adamlaryň psihologik häsiýetnamasy

Bu ugry esaslandyryjy K.Rojers bolup, onuň nazarýetide gumanistik - ynsanperwer taglymatyň çäginde galýar. Öňden mälim bolşy ýaly fenomenologiýa – bu psihikany esasy döredìji adamyň subýektiw (özüçe) düşündirişi, subýektiw tejribesi bolup durýar diýen pikirden ugur alýan taglymstdyr. Başgaça aýdanyňda bihewerizm üçin psihikany, özüni alyp barşyny döredýän öňki tejribede stimul arkaly berkidilen reaksiýa bolýan bolsa, psihanaliz üçin şeýle döredìji aňlanylmaýan meýiller bolýan bolsa, kognitiwizm üçin akyl ýetiriş gurluşlaryň sazlaşyklygy bolýan bolsa, fenomenologiýa üçin psihiki hereketi, özüni alyp barşyny döredìji adamyň şol bir zady wakany subýektiw k.l/ç we özüçe düşündirişi bolup durýar

Rojersiň taglymatynda kä halatlarda "Men" taglymat hem diýilýär.Sebäbi psihiki herekete esasy dolandyryjy adamyň "Idial-meni" bilen onuň "Real meniň" arasyndaky sanlaşyklyk bolup durýar.

Bu taglymaty ynsanperwer gumanistik psihologiýa bilen baglanşdyrýan esasy zatlaryň biri-de onuň şahsyýetiň merkezi motiwi hökmünde ýüze çykarýan"Öz-özüňi işjeňleşdirmeklige ýykgynlyk" (tendensiýa k. samoaktualizasii hadysadyr).

Rojersiň düşündirşine görä şahsyýetiň diňe geçmiş tejribesine baglanan ýa-da diňe daşky gurşawyň talabyna laýyk hereket edýän gurluş däl-de, ol hemişe öňe ymtylýan gurluşdyr.Öňe ymtylmak bilen ol garaşsyzlygyň, erkinlige, döredijilige, durmuşyň doly manylygyny gazanmaklyga çalyşýar.Öz taglymaty gumanistik psihologiýa goşulýan hem

bolsa Rojers belli bir jähtlerde Moslowdan başga garaýşlary öňe sürýär.

1. Rojers şahsyýetiň esasy psihologik döredijisini onuň subýektiw k.edişi, düşündirişi we tejribesi hasaplaýar.Moslow bolsa şeýle döredijі hökmünde islegleriň biri-birine tabyn gurluşy hasaplaýar.

2. Edil Freýd ýaly Rojers hem öz taglymatyny kliniki synlamalar, bejerşler esasynda döredendir.Şonuň üçin onuň şahsyýet taglymaty psihopotologiýa we psihoterapiýa esaslanandyr.Moslow bolsa hiç wagt klinikada işlemedik bolup, ol öz nazaryýetini sagdyn adamlary synlamaklyk we pikir ýöretmeklik esasynda döredendir.

3. Rojers adamyň öz dogabitdi mümkinçiliklerini ösdürip bilýän hadysalaryň mümkindigini ykrar edýän bolsa Moslow ony belli bir derejede inkär edýär.

Görşümiz ýaly Rojersiň taglymatynda hem edil Kelliniňki ýaly ol ýa-da beýleki zatlary düşündirmek hakynda gürrüň edilýär.Emma Kelli daşky dünýäniň hadysalarynyň, zatlarynyň obýektiw häsýetleri dogrusynda pikir ýöredýän bolsa, Rojers şeýle obýektiwlikden sowulýar we diňe şahsyýetiň içki dünýasinde zatlaryň subýektiw kesgit edilişi we düşündirilişi göz öňünde tutulýar.Hut şonuň üçin-de şahsyýetiň "Men" taglymatlarynyň gabat gelip ýa-da gelmezligi diňe onuň subýektiw dörediljinde bolup geçýär.

Rojersiň şahsyýet taglymatynda doly manyly durmuş keşbi adamlaryň sypatlary

Psihologyň pikiriçe şeýle keşpli adamlar özünde aşakdaky esasy sypatlary jemleýärler:

1.Daşky we içki täsirleri syzmaklygyň çeýeligi, inçeligi, açyklygy. Eger-de psihikasy kadaly bolmadyk galagoply adamlar özüni biynjalyk edäýjek duýgylary, pikirleri, hereketleri syzmakdan gaça dyrýan bolsa, psihiki taýdan kadaly hereketlenýän adamlar bu zatlary hiç bir gypynçsyz syzyp, aňlap bilýär. Bu bolsa öz gezeginde mümkingadar döräp

biljek galagoplulygy has öňünden aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär.

2.Egzistensial durmuş keşbi. Doly manyly durmuş keşbini ýöredýän adamlar özleriniň iş durmuşynyň her bir pursatyny çuňňur many bilen doldurmaklyga çalyşýarlar. Olar üçin durmuş aýry-aýry wakalardan biri-birine wagt we giňişlik boýunça baglanşýan görnüşde däl-de, her bir aýratyn waka durmuşyň aýratyn waka durmuşyň umumy manysy, mazmuny bilen baglanşdyrylýar (höwes et-bes et, хорошего по немношку we ş.m ).

3.Organizmiň (bedeniň) talabyna ynanmaklyk.Öz durmuşyny doly manyly ýaşaýan adamlar Özleriniň beden-fiziologik durkunyňda talaplaryna doly düşünýän we şeýle düşünilişe laýyklykda hem onuň isleglerini kanagatlandyrýar.Başgaça aýdanyňda şeýle adamlar "Saňa plan zat iýmek bolanok" diýen ýaly teklipler esasynda däl-de öz bedenine, onuň organiki isleglerine"gulak asyp" olary kanagatlandyrmak b/ça sagdyn durmuş keşbini guraýarlar.(168 ýaşap öten Ş.Müslimow ömrüniň soňky döwrüne çenli el temmäkisiniň çilimini çekip, az mukdarda öý çakyryny-da içýärdi.

4.Adamyň tejribe erkinligi.Munda admyň gös-göni nesil arkaly geçýän sebäplere ýa-da daşky gurşawyň täsirlerine tabynlykda döredilýän durmuş keşbine laýyklykda däl-de erkin saýlanyp alynýan ýaşaýyş usulyna laýyklykda öz şahsy tejrimehalyňy döretmek göz öňünde tutulýar.

5.Döredijilige ukyplylyk (kreatiwnost) her bir adamda belli bir döredijilik gory (potensialy) bolup, ol ony jemgyýetçilik durmuşa öňjeň uýgunlaşmakda we ýerine ýetirijilikli ýa-da açyş etmek bilen baglanyşykly döredijiliklerde ulanyp bilýär.

## 9.6 Şahsyýetiñ öz-özüni subýektiw kabul ediş häsiýetdäki nazaryýeti

Şahsyýete düşünmekligiñ fenomenologik ugry K. Rojers tarapyndan esaslandyrylandyr. Finomenalogik ugur indiwid üçin içki koordinat ulgamynyñ çäginde şu pursatda añlanylýan ähli zady öz içine alýar. başgaça aýdanyñda subýektiw kabul ediş diñe bir adamyñ hakyky barlygy bolman eýasem onuñ hereketleri üçin esas döredýändir. Fenomenologiki aýtsak biziñ her birimiz hadysalary nähilli subýektiw kabul edýän bolsak oña şonuñ ýaly hem jogap gaýtarýandyrys meselem, şol bir ýagdaýa düşen iki sany adam soñra şol gören zatlaryny dürliçe beýan edip bilýärler. Bu hadysany köplenç bolup geçen ýol hadysasy (awariýa) barada gürrüñ berenlerinde görmek bolýar.

Bu ugry esaslandyryjy K.Rojers bolup, onuň nazaryýeti-de gumanistik - ynsanperwer taglymatyň çäginde galýar. Öňden mälim bolşy ýaly fenomenologiýa – bu psihikany esasy dörediji adamyň subýektiw (özüçe) düşündirişi, subýektiw tejribesi bolup durýar diýen pikirden ugur alýan taglymstdyr. Başgaça aýdanyňda bihewerizm üçin psihikany, özüni alyp barşyny döredýän öňki tejribede stimul arkaly berkidilen reaksiýa bolýan bolsa, psihanaliz üçin şeýle dörediji aňlanylmaýan meýiller bolýan bolsa, kognitiwizm üçin akyl ýetiriş gurluşlaryň sazlaşyklygy bolýan bolsa, fenomenologiýa üçin psihiki hereketi, özüni alyp barşyny dörediji adamyň şol bir zady wakany subýektiw kabul edişi we özüçe düşündirişi bolup durýar.

Rojersiň taglymatynda kä halatlarda "Men" taglymat hem diýilýär. Sebäbi psihiki herekete esasy dolandyryjy adamyň "Idial-meni" bilen onuň "Real meniň" arasyndaky sanlaşyklyk bolup durýar.

Bu taglymaty ynsanperwer gumanistik psihologiýa bilen baglanşdyrýan esasy zatlaryň biri-de onuň şahsyýetiň merkezi motiwi hökmünde ýüze çykarýan"Öz-özüňi işjeňleşdirmeklige ýykgynlyk" (tendensiýa k. samoaktualizasii hadysadyr).

Rojersiň düşündirşine görä şahsyýetiň diňe geçmiş tejribesine baglanan ýa-da diňe daşky gurşawyň talabyna laýyk hereket edýän gurluş däl-de, ol hemişe öňe ymtylýan gurluşdyr.Öňe ymtylmak bilen ol garaşsyzlygyň, erkinlige, döredijilige, durmuşyň doly manylygyny gazanmaklyga çalyşýar.Öz taglymaty gumanistik psihogiýa goşulýan hem bolsa Rojers belli bir jähtlerde Moslowdan başga garaýşlary öňe sürýär.

1. Rojers şahsyýetiň esasy psihologik döredijisini onuň subýektiw kabul edişi, düşündirişi we tejribesi hasaplaýar. Moslow bolsa şeýle döredijі hökmünde islegleriň biri-birine tabyn gurluşy hasaplaýar.

2. Edil Freýd ýaly Rojers hem öz taglymatyny kliniki synlamalar, bejerşler esasynda döredendir. Şonuň üçin onuň şahsyýet taglymaty psihopotologiýa we psihoterapiýa esaslanandyr. Moslow bolsa hiç wagt klinikada işlemedik bolup, ol öz nazaryýetini sagdyn adamlary synlamaklyk we pikir ýöretmeklik esasynda döredendir.

3. Rojers adamyň öz dogabitdi mümkinçiliklerini ösdürip bilýän hadysalaryň mümkindigini ykrar edýän bolsa Moslow ony belli bir derejede inkär edýär.

Görşümiz ýaly Rojersiň taglymatynda hem edil Kelliniňki ýaly ol ýa-da beýleki zatlary düşündirmek hakynda gürrüň edilýär. Emma Kelli daşky dünýäniň hadysalarynyň, zatlarynyň obýektiw häsýetleri dogrusynda pikir ýöredýän bolsa, Rojers şeýle obýektiwlikden sowulýar we diňe şahsyýetiň içki dünýasinde zatlaryň subýektiw kesgit edilişi we düşündirilişi göz öňünde tutulýar. Hut şonuň üçin-de şahsyýetiň

"Men" taglymatlarynyň gabat gelip ýa-da gelmezligi diňe onuň subýektiw döredilşinde bolup geçýär.

Rojersiň şahsyýet taglymatynda doly manyly durmuş keşbi adamlaryň sypatlary

Psihologyň pikiriçe şeýle keşpli adamlar özünde aşakdaky esasy sypatlary jemleýärler:

1.Daşky we içki täsirleri syzmaklygyň çeýeligi, inçeligi, açyklygy. Eger-de psihikasy kadaly bolmadyk galagoply adamlar özüni biynjalyk edäýjek duýgylary, pikirleri, hereketleri syzmakdan gaça dyrýan bolsa, psihiki taýdan kadaly hereketlenýän adamlar bu zatlary hiç bir gypynçsyz syzyp, aňlap bilýär. Bu bolsa öz gezeginde mümkingadar döräp biljek galagoplulygy has öňünden aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär.

2.Egzistensial durmuş keşbi. Doly manyly durmuş keşbini ýöredýän adamlar özleriniň iş durmuşynyň her bir pursatyny çuňňur many bilen doldurmaklyga çalyşýarlar. Olar üçin durmuş aýry-aýry wakalardan biri-birine wagt we giňişlik boýunça baglanşýan görnüşde däl-de, her bir aýratyn waka durmuşyň aýratyn waka durmuşyň umumy manysy, mazmuny bilen baglanşdyrylýar (höwes et-bes et, хорошего по немношку we ş.m ).

3.Organizmiň (bedeniň) talabyna ynanmaklyk.Öz durmuşyny doly manyly ýaşaýan adamlar Özleriniň beden-fiziologik durkunyňda talaplaryna doly düşünýän we şeýle düşünilişe laýyklykda hem onuň isleglerini kanagatlandyrýar.Başgaça aýdanyňda şeýle adamlar "Saňa plan zat iýmek bolanok" diýen ýaly teklipler esasynda däl-de öz bedenine, onuň organiki isleglerine"gulak asyp" olary kanagatlandyrmak b/ça sagdyn durmuş keşbini guraýarlar.(168 ýaşap öten Ş.Müslimow ömrüniň soňky döwrüne çenli el temmäkisiniň çilimini çekip, az mukdarda öý çakyryny-da içýärdi.

4.Adamyň tejribe erkinligi.Munda admyň gös-göni nesil arkaly geçýän sebäplere ýa-da daşky gurşawyň täsirlerine tabynlykda

döredilýän durmuş keşbine laýyklykda däl-de erkin saýlanyp alynýan ýaşaýyş usulyna laýyklykda öz şahsy tejrimehalyňy döretmek göz öňünde tutulýar.

5.Döredijilige ukyplylyk (kreatiwnost) her bir adamda belli bir döredijilik gory (potensialy) bolup, ol ony jemgyýetçilik durmuşa öňjeň uýgunlaşmakda we ýerine ýetirijilikli ýa-da açyş etmek bilen baglanyşykly döredijiliklerde ulanyp bilýär.

## Bap 10. Şahsyýetiñ "men" gurluşy

### 10. 1 Men-nazaryýeti, onuñ ösüşi

"Meniñ" gurluşyny derñeýän psihologik ugur hasaplamak bolar. Has giñişleýin "men"-taglymaty Freýdiñ we gumanistik psihologiýanyñ işlerinde görmek bolýa. Bu babatda Rojersiñ "men" taglymaty ýörite üns bererlikdir.

Dördünji derejede çaga özüniñ hereketlerini ahlak normalarynyñ nukdaý nazarynda añlaýar.

Rojersiñ "men" taglymatynda real we ideal "menler" tapawutlandyrylýar ýöne, ontogenezde çaganyñ gazanýan menleriñ sany has köpdür:

a) Real "men"-adamyñ özüni (çagany) hakyky bolşy ýaly añlamaly.
b) Dinamiki "men"-adamyñ özünde döretjek, özünde görjek bolup ymtylýan psihiki sypatlarynyñ obrazy.
c) Fantastiki "men"-ähli zatlar ertekidäki ýaly mümkin bolanda adamyñ özünde görjek bolýan häsiýetleri obrazy.
d) Ideal "men"-bu adamyñ ahlak normalarynyñ nukdaýyndan özünde döretjek bolýan obrazy.

Rojersiñ men taglymaty Freýdiñkiden tapawutlydyr. Freýtde "men" konsepsiýanyñ döreýşinde çaganyñ irki döwründäki tejribesi uruglary-trawma uly rol oýnaýan bolsa Rojersiñkide "Şu wagt we şu ýerde faktory esasydyr". Edil Kelliniñ şahsyýet ýaly Rojersiñ men taglymatynda adamyñ şu pursatynda özüni kabul edişi we gelejekde özüni görmek üçin obrazlary birinji ýerde durýar. Şonuñ üçin bu taglymaty taryhy däl taglymat diýilýär.

**Şahsyýetiñ ösüşiniñ hereketlendiriji güýçleri** Bu meseläniñ çözlüşi şahsyýetiñ jemgyýetçilik filosofiki, medeni, edebi we kliniki taýdan öwrenilişine laýyklykda tapawutlanýar, ýöne bu öwrenilşi ugurlarynyñ ählisiniñ diýen ýaly bir

umumylygy bardyr. Bu umumylyk şahsyýetiň ösüşiniň çeşmesini haýsydyr gapmagarşylyk bilen baglaşdyrmakdyr.

Freýd öz ylmy döredijiliginiň ilkinji döwürlerinde, şahsyýetiň ösüşini dünýäniň ösüşine meňzedip düşündirýärdi. Meselem organiki prosesde öýjük-kletka 2-ä bölünip soňkysy ýenede 2-ä bölünip we şuňa meňzeş häsiýetde ösýär. Freýde hem öň görşümiz ýaly biologik gurluşly id ilki bir özi, soňra ondan ego bölünip aýrylyp, has soňurak bolsa superego döräp psihiki ösüşiniň mazmunyny düzýär, tä birinji jahan urşuna çenli Freýd şahsyýetiň ösüş çeşmesi hökmünde, diňe bir instinkti-erosy görkezýärdi. Onuň pikiriçe eros-adamlaryň söýgüsini gazanmaga ymtylşy instinkti özüniň päsgelçiliksiz ýa-da päsgelçilikli kanagatlandyrşyna laýyklykda şahsyýetiň sagdyn ýada newrotik häsiýetli ösüşine döredýär.

Birinji jahan urşundan soň, adamyň ynsan perwer gumanistik, häsiýetiniň juda ýagdaýlygyna (ejiz) göz ýetiren Freýd eros-söýgä ymtylyş instinktiniň üstüne tanotosy-ölüli instinkti goşýar, indi şahsyýetiň ösüşiniň hereketlendiriji güýji bilen tanotosynyň arasyndaky döreýşden getirilip çykarylýar.

Psihologiýada ösüş düşünjesi, öň belleşimiz ýaly, "hereketleniş", "üýtgeýşi", ýaly düşünjelerden düýpli tapawutlanýar. Hakyky ösüşde gazanylýan häsiýet taýar nusgany öýkünme arkaly kabul etmek dälde ony ýörite döredilen dialektiki gapmagarşylyk esasynda gazanmalydyr. Hakyky ösüşde diňe bir mukdar özgermesi dälde hil taýdan baýlaşmak bolmalydyr.

Eýsem psihiki ösüşiň gözbaşynda näme durýar ? Bu ýerde iki hili mehanizmi-dinamiki-güýç we mazmun häsiýetdäki strategiýalar.

Eger ösüşiň göz başynda dinamiki strategiýa durýan bolsa onda terbiýelnýäniň, ösdürilýän iň güýç energiýa sferasynda haýsydyr bir goşmaça goşundy almalydyrys. Mes: adam şol bir işi üznüksiz gaýtalamagy netijesinde onuň ýerine ýetirilişiniň köp bölegi aftomatizm häsiýetde guralyp başlanýar.

**Şahsyýetiñ hereketlendiriji güýçleriniñ dialektikasy** Öñki sowet psihologiýada şahsyýetiñ psihiki derñewi dialektiki nukdaýdan seredilýän hasaplansada iñ köpsünde ol işler dialektika ýok diýen ýalydyr. Meselem: A.N. Leontýew, L.I. Bažowiç, A.G. Kowalýow we beýlekileriñ şahsyýete bagyşlanan işlerinde dialektiki gapmagarşylyk köplenç ýüze çykarylman ösüş haýsydyr bir ýeketäk hadysanyñ häsiýetiñ esasynda yzarlanýardy. Leontýewde şeýle ýeketäk gözbaşy hadysa iş bolup duryan bolsa Bažowiçde çaganyñ geñliklere bolan islegi, Kowalýow we beýlekileriñki şeýle hadysa hökmünde şahsyýetiñ borç duýgysyna seredýärler.

Sowet rus psihologiýasynda şahsyýetiñ ösüşiniñ dialektiki seredilişi ýeketäk diýen ýalydyr. Bu ýeketäklik W.GT. Assiwiñ meýil taglymatynda berilýär.

Freýdiñ bu babatdaky işlerinde dialektikanyñ ýoklygy onuñ şahsyýetiñ ösüşini diñe bir dinamiki güýç mehanizm bilen baglanşdyrylanlygy bilen düşündirilýär. Aýdaly Bažowiçiñ işinde dialektikanyñ ýoklugy onuñ şahsyýetiñ ösüşini diñe mazmun mehanizmine baglanlygy bilen düşündirilýär. Leontýewde bolsa şeýle dialektikanyñ ýoklugy onuñ şahsyýetiñ ösüşiniñ ýerine ýetirilen iş ony meýilnamalaşdyrylan añdan has baýdyr diýen mehanizmden getirip çykarmakçy bolanlygy bilen düşündirilýär. Bu ýerde dialektikanyñ ikinji bölegi "añ özüni amala aşyran işden has baýdyr", ýatdan çykarylýar.

Şahsyýetiñ ösüşiniñ hereketlendiriji güýçleriniñ dialektikasy belli sowet psihology, filosofy S.L. Rubenşteýniñ işlerinde hem göz öñunde tutulupdy, baryp 50-nji ýyllarda onuñ "Şahsyýetiñ ösüşde daşky täsirler içki şertleriñ üsti bilen hereket edýär" diýen pikirleriniñ dialektikasy.

Staliniñ "gylyk bu daşky gurşagdan alnan täsirleriniñ toplumydyr" diýen dialektiki däl tezisine garşy duryardy. Onda ösüşde daşky we içki şertleriñ öz ara dialektikasy göz öñune tutulýardy.

**Şahsyýetiniñ ösüşiniñ hereketlendiriji güýçleri** Käbir psihologlar meselem W.S. Mergiñ şahsyýetiniñ ösüşiniñ hereketlendiriji güýji hökmünde indiwidium psiho-fiziologik häsiýetleriniñ işiniñ talabyna uýgunlaşmagyndan getirilip çykarýardy, başgaça aýdanyñda ösüşiñ esasy urgy indiwidiumyñ häsiýetleriniñ şahsyýetiniñ häsiýetleriniñ şahsyýetiniñ häsiýetlerine öwrülmegi görnüşinde beýan edilýär.

K. Platonow ýalylaryñ işlerinde şahsyýetiñ ösüşiniñ hereketlendiriji güýç ýörite mesele hökmünde goýulmaýardy bu ýagdaý A.G. Kowalýow, W.M. Meýasiniýow dagynyñ işlerinde hem şeýle häsiýetdedi. Sowet psihologlaryñ uly abraýlarynyñ biri Leontýewiñ işlerinde hem şahsyýetiñ ösüşiniñ hereketlendiriji güýji aýratyn bir psihologik mehanizm bilen baglaşdyrylmaýardy. Ol şahsyýetiñ ösüşini onuñ işiniñ kem-kemden giñelýändiginden getirip çykarýardy, emma köp halatlarda işiniñ köpelmeginiñ giñelmeginiñ şahsyýetiñ ösüşini getirmeýänligi düşüniksiz galýardy. Leontýewiñ many dörediji matiwiniñ işiñ durmuşyñ bir görnüşinden beýlekisine geçmekliginiñ psihologik sebäbi hem dşüniksiz galýardy.

Bularyñ düýp sebäbi şahsyýet psihologça şahsyýetiñ özüni bazowoý düzüm bölekleriniñ ýüze çykarylmanlary bilen düşündirilýärdi. Bary 20-30 ýyllarda Kurt Lewiniñ mekdebinde ýüze çykarylan şahsyýetiñ üstünlige ymtylyş derejesi we mümkinçiligi ýaly düzüm bölekleri sowet psihologlar tarapyndan kabul edilmedi.

## 10. 2. Göwnejaý şahsyýetiñ psihologik sypaty

Makul ýaşaýan adama häsiýetnama berilende olaryñ ýaşaýyş durmuş meselelerini çözmekde gymmatlygyñ şerti bilen däl-de, organizmiki bahalandyryş hadysasyna laýyklykda çözýändiklerini görkezýän tejribä esaslanýar. Rojers makul durmuşy näme bolup bilmeýanligi tarapyndan bahalandyryp başlaýar. Makul ýaşaýyş bu durmuşyñ bellenilen ýagdaýy

(ýagny bagyt, kanagatlanmaklyk duýgysy däldir) we adamyñ özüni uýgunlaşan ýagdaýda duýmagy däldir. Psihologik adalgalary ulananymyzda bu ýagdaý, dartgynlygy ýadaý gomeostazyñ azaldylmak ýagdaýy däldir. Makul ýaşaýyş bu ahyrky nokat däldir, ol adamyñ özüniñ hakyky tebigatyna uýup hereket edýän ugrydyr. Rojers bu adalgany öz ukyplaryny we talantlaryny öz mümkinçiligi boýunça ulanyp özlerini doly añlamaklyga tarap hereket edýän adamlary belgilemek üçin ulanylýar.

Makul şaýan adamyñ birinji we esasy häsiýetnamasy-başdan geçirýän duýgularynyñ açyklygy. Başdan geçirýän duýgularynyñ açyklygy, goragsyzlyga polýar gapma-garşydyr. Duýgudaşlyga açyk adamlar özlerini diñlemäge, sensor, emosional we akyl ýetirişiñ ähli sferalaryny özünde duýmaga bu ýagdaýda-da howpy duýmazlyga ukyplydyrlar. Olar özleriniñ çuñ duýgularyna we pikirlerine inçeden akyl ýetirýärler; olar ol duýgularyny basmarlamakçy bolmaýarlar; olar köplenç olara laýyklykda hereket edýärler; hatda olara laýyklykda hereket etmeseler hem, olar ony añlamaga ukyplydyrlar. Ähli başdan geçirilýän duýgular, içki bolsun ýa-da daşky, olaryñ añynda takyk belgilenendir. Meselem: makul ýaşaýan adam içgysgynç leksiýany diñläp otyrka, onda şu içgysganç leksiýany okap duran professora köpçülikde bir zat diýp ýowalamak islegi döreýär. Egerde onda sagdyn akyl ýetiriş ukuby bar bolsa onda ol özüniñ ol islegini basyp ýatyrar. Sebäbi onuñ etjek bolýan hereketi sapagy böler. Ýöne bu duýgy onuñ üçin howp bolup durmaýar, sebäbi onda öz duýgylaryny akyl ýetirijilikli kabul etmäge päsgel berýän içgi päsgelçilikler ýa-da togtamalar ýokdur. Makul ýaşaýan adam öz duýgularyna akyl ýetirmäge we islendik wagtda dogry hereket etmäge ukyplydyr. Ol bir zat duýýan bolsa şol duýga laýyklykda hereket etjekdigini añlatmaýar. Ýokarda getirilen mysalda adam öz islegine boýun bolmaly däldigine düşünýär. Sebäbi ol duýgylar onuñ özüne we beýlekilere zyýan ýetirip biler. Şonuñ

üçin hem ol adam özüniñ ol pikirinden el üzüp öz pikirini başga zada geçirer. Diýmek makul ýaşaýan adam üçin özüniñ nädogrydygyny duýmaga päsgelçilik berýan içki başdan geçirmeleri ýokdur.

Makul ýaşaýan adamyñ ikinji bir häsiýetnamasy ekzistensial ýaşaýyş durmuşydyr. Bu ýaşaýan döwrüñ her bir pursatynda doly we dogry ýaşamakdyr. Her bir başdan geçirilýän duýgylar munda täze we ajaýyp bolýar. Rojersiñ pikiriçe adamyñ indiki pursatda näme etjekdigi öñki garaşylýanlara bagly bolmaýar. Ekzostensial ýaşaýyş durmuşy bu şahsyýetiñ duçykýandygy däl-de başdan geçirilýän duýgylaryñ täzelenip durmagydyr.

Makul ýaşaýan adamyñ üçünji tapawutlandyryjy häsiýetini Rojers organizmiki ynam diýip atlandyrylýar. Bu tarapy çözgüt kabul edilende aýdyñ görmek bolýar.

Adamyñ makul ýaşamagynyñ dördünji häsiýetnamasy empiriki erkinlikdir. Munda adam öz isleýşine görä hiç hili çäklendirilmesiz we gadagan edilmesiz erkin ýaşap bilýär. Subýektiw erkinlik bu şahsy häkimligini duýmakdyr, saýlaw etmäge we özüñ dolandyrmaga ukuplylykdyr.

Adamyñ makul ýaşamagyñ bäsinji häsiýetnamasy kreaktiwlilikdir. Öz ýaşaýyşy bilen ýaşaýan adamyñ durmuşynda ýüze çykýan döredijilikdir. Döredijilik adamlary öz medeniýetine laýyklykda uşan we konstruktiw ýaşamaga çalyşýarlar. Şol bir wagtyñ özünde hem özleriniñ hususy zerurluklaryny kanagatlandyrýarlar. Olar daş töwerekde şertleriñ üýtgemegine çeýe, döredijilikli uşmaga ukyplydyr. Ýöne Rojersiñ tekrarlamagyna görä olar konformistler däldirler. Olaryñ jemgyýet bilen arabaglanyşygyny şeýleräk beýan etmek bolar: ýagny olar jemgyýetiñ agzasy we onuñ önümi bolup durýarlar, ýöne olar jemgyñ tussagy däldirler.

Rojersiñ men taglymaty Freýdiñkiden tapawutlydyr. Freýtde "men" konsepsiýanyñ döreýşinde çaganyñ irki döwründäki tejribesi uruglary-trawma uly rol oýnaýan bolsa

Rojersiñkide "Şu wagt we şu ýerde faktory esasydyr". Edil Kelliniñ şahsyýet ýaly Rojersiñ men taglymatynda adamyñ şu pursatynda özüni kabul edişi we gelejekde özüni görmek üçin obrazlary birinji ýerde durýar. Şonuñ üçin bu taglymaty taryhy däl taglymat diýilýär.

Ýöne her bir psihiki taýdan sag adam "men" konsepsiýasyna howp salýan başdan geçirilýan duýüzbe-ýüz bolmagy mümkin. Käbir adamlarda munuñ bilen göreşmäge gorag mehanizmleri bardyr. Şeýle mehanizm bolmadyk adamlara köplenç newrotikler diýilýär.

Rojersiñ pikiriçe "men"-iñ we başdan geçirilýän duýgynyñ arasynda nätakyklyk ýüze çyksa onda "men" goranyşy täsirsiz bolmagy mümkin. Şeýle ýagdaýda "men" konsepsiýa bozulýar. Şeýlelikde "men" özüni gorap bilmedik ýadaýynda psihopotologiya ýüze çykýar. Şeýle bozulmaly adamlara "psihotikler" diýilýär. Şahsy bozulmalar birden ýüze çykyp bilerler ýa-da uzak wagtyñ dowamynda kem-kemden ýüze çykýar diýip Rojers çaklama ýöredýär.

## Bap 11. Temperamentiň psihologiýasy
## 11. 1.Temperament hakynda düşünje

Temperament psihikanyň tebigy esasyny düzýän gurluşdyr. Ol hereket-duýgylaryň işjeňligini, çaltlygyny, haýallygyny, galjaňlygyny ýa-da asudalygyny, sözleýşe göwünjeligini ýa-da aragatnyşyga meýilsizligini, galagoplugyny ýa-da äwmezekligini, onuň daşky gurşawa uýgunlaşmak aýratynlygyny kesgitleýär.

Ýöne agzalan häsiýetler diňe bir temperamente bagly bolman, olar adamyň meýillerine, ýagdaýa, işe bolan gatnaşygyna hem baglydyr. Şeýle iki mazmunlylygy aradan aýyrmak üçin temperamenti meýil-gatnaşyklaryň döredýän özüňi alyp baryş nusgasyndan tapawutlandyrýan goşmaça şertler esaslandyrylmalydyr.

**Birinjiden**, meýillerden tapawutlykda temperamentiň şol bir häsiýeti şol bir adamda onuň işiniň dürli görnüşlerinde we dürli meýil-gatnaşyklarynda ýüze çykýar.

**Ikinjiden**, temperamentiň häsiýetleri örän durnukly bolup, olar adamyň iş-durmuşynyň,ömrüniň uzak ýa-da bütin dowamynda ýüze çykýar.

**Üçünjiden**, temperamentiň dürli häsiýetleri bir-biri bilen totänlikde utgaşman, durnukly kanunalaýyklykda baglanyşýar. Munuň netijesinde döreýän durnukly gurluş temperamentiň tipini - umumy sypatyny düzýär.

Birinji şert barada aýdylanda eger-de adamyň galagoplulygy temperamentden gaýdýan bolsa ol onuň okuw, zähmet, oýun işlerinde ýagdaýyň mazmuny hat-da özüne bähbitsiz bolan ýagdaýynda hem ýüze çykýar. Eger-de bu häsiýet diňe özüne oňaýlylyk (kesekiniň rehimdarlygyny gazanmak) meýli esasynda döreýän bolsa, ol ýagdaýyň bähbitlilik häsiýetnamasynyň üýtgemegi bilen üýtgeýär.

Temperamenti aýgyt edýän ikinji şert bu gurluşyň esasynda döreýän sypatyň adamyň ömrüniň iňňän uzak dowamynda (eger bedeniň gurluşyny düýpgöter üýtgedýän kesel-bozulmalar ýaly sebäpler bolaýmasa) oňa hemra bolandygyny aýgyt edýär.

Eýsem temperamentiň dürli häsiýetleriniň tötänleýin däl-de, şol bir adamda berk ähtibar kanunalaýyklykda bir-biriniň üstüni doldurýan mazmunda baglanyşýandygy nämäni aňladýar?

Adam temperamenti boýunça galjaň, ganygyzma bolsa, ol edil şonuň ýaly-da çalt sowaýan we bu halda goýberen nogsanlygyna ökünmek bilen bolýar. Gyzmalygyň kanunalaýyklykda sowamak bilen utgaşmagy diňe temperamentden gaýdýan özüni alyp barşa mahsusdyr. Edil şonuň ýaly-da fiziki güýji ejiz, işde çalt ýadaýan häsiýetli temperamentde bu ýetmezçilik onuň iňňän ýokary duýgurlygy, çalt kabul edijiligi ýaly artykmaçkyk bilen utgaşýar.

Temperamentiň fiziologik esasy dogrusynda nerwizm we konstitusionalizm ýaly giňden ýaýran iki nazaryýet bolup, olaryň birinjisi temperamentiň sypatlaryny nerw ulgamynyň häsiýetleri bilen, tiplerini bolsa merkezi nerw işiniň tipleri bilen baglanyşdyrýar. Bu ugur esasan I.P.Pawlowyň işleri bilen baglanyşyklydyr. Konstitusionalizm nazaryýeti temperamentiň, şahsyýetiň tebigy aýratynlyklaryny bedeniň dolmuşlygy ýa-da hortaňlygy ýaly içki mäzleriň işi arkaly döredilýän fiziologik häsiýetlerden getirip çykarýar.

Temperamentiň gadymy grek alymy Gippokratdan gaýdýan umumy tipleri sangwinik, holerik, flegmatik we melanholik ýaly görnüşleri özünde jemleýär. I.Kant adamyň temperamentini duýgynyň we işiň temperamentlerine bölüp, birinjä sangwinigi we onuň gapma-garşylygy bolup durýan melanholigi goşýar. Ikinji görnüşe bolsa holerik we flegmatik degişli bolýar.

**Sangwinikde** duýgy örän çalt döräp, ol özüniň daşky özüñi alyp barşynda ýokary işjeňligi, emma içki syzylyşda ýüzleý, dowamly bolmadyk duýgysy bilen tapawutlanýar. Bu hili adamlar nätanyş ýagdaýda özüni ýitirmeýän, hemmeler bilen esentanyş, höwesleri çalt üýtgeýän, beýleki adamlara çüňňur könül berip bilmeýän, oňa meýli peselýän, göwüngalyjylygyny çalt unudýan, özüni alyp barşy umuman şähdiaçyk adamlardyr.

**Melanholikde** duýgularyň daşky özüñi alyp baryşdaky ýüze çykyşynyň ýüzleýligi şeýle kysymly adamyň içki dünýäsinde örän çuňňur we dowamly syzylyşy bilen utgaşýar. Ol ýokary duýgurlykdaky surat alynýan ýarkanyň(plenka) yşykdan gorkuşy ýaly, daşky gurşawyň nätanyş, duýdansyz, güýçli fiziki täsirlerinden çekinýär, aljyraýar. Uýgunlaşmadyk derejesinde daşky sähelçe päsgelçilikleri ýeňip geçip bolmaýan garşylyk häsiýetde kabul edýär, ujypsyz sebäplerden galagoplylyga, gaýgy-gussa batýar. Öwrenişilen gurşawdyr, ýagdaýlarda bolsa oňa adaty işjenlikde we öndürüjilikde zähmet çekmek mahsusdyr.

**Holerik** iş temperamenti hökmünde özüniň herekerleriniň kadasyzlygy, döreýän päsgelçiliklere ýokary galjaňlygy, işiniň gidişine ýokary göterilişler we düşnüksiz ruhy peselmeleriň mahsuslygy bilen tarawutlanýar. Bedeniniň fiziologik ulgamy umuman ýokary güýjenmede bolýan bu hili adamlar işiň başlangyç döwürlerinde esasy güýç ätiýajyny sarp edýänligi üçin onuň soňlanmasynda netijeliligiň pese düşmekligi olary gatyrgandyrýar. Hut şeýle güýjenme onuň päsgelçilikli ýagdaýlarda sowukganlylygyny ýitirmeklige getirýär.

**Flegmatik** iş temperamentiniň ikinji görnüşi bolup, ol daşky täsirlere örän haýallykda jogap hereketlerini gaýtarýan, daşky we içki päsgelçiliklere durnukly we dowamly garşy durýan, özüniň umumy sowukganlylygy bilen tapawutlanýar. Işe girişmesi haýal bolsa-da onuň tabyny ele alansoň maksada

birsydyrgyn işjenlikde ýetmegi başarýar. Gurşawyň duýdansyz üýtgeşmelerine haýal uýgunlaşýar. Flegmatige umuman sowukganlylyk mahsusdyr.

Temperamentiň tipleri öz mazmunynda degişli psihologik häsiýetleri jemleýär. Olaryň esaslary aşakdakylardyr.

**1.Duýgurlyk-senzitiwlik**. Adamda haýsy-da bolsa bir psihologik reaksiýany döretmek üçin zerur bolan täsirleriň iň kiçi ululygy bilen kesgitlenýär. Mysal hökmünde duýma döretmek üçin zerur gyjyndyryjynyň iň ujypsyz güýjüni (duýmanyň aşaky bosagasy), ýa-da adamy ynjalyksyzlandyrýan islegleriň iň pes kanagatlandyrylmazlyk derejisini görkezmek bolar.

**2.Reaktiwlik.** Adamlaryň şol bir güýçdäki daşky we içki täsirlere emosional-duýgy jogap beriş derejesidir. Jemgyýetçilik ulagynda atanlykda aýaklary basylan fiegmatik oňa äwmezek, melanholik bolsa ýokary ynjama bilen jogap berýär. Reaktiwligiň iň aýdyň görnüşleri emosionallyk we ýokary kabul edijilikdir.

**3.Işjeňlik.** Adamyň näderejede daşky dünýä işjeň täsir edýändigi we maksada ýetmekde daşky we içki garşylyklary ýeňip geçýändigi bilen kesgitlenýär.

**4.Reaktiwligiň we işjeňligiň utgaşmasy.** Adamyň işiniň, özüni alyp barşynyň daşky ýa-da içki tötänleýin sebäplere (meselem, keýp-şähte, tötänleýin wakalara) ýa-da esaslandyrylan maksada, niýete tabynlygy bilen kesgitlenýär.

**5.Hereketleriň depgini**. Dürli psihologik reaksiýalaryň, prosesleriň ýüze çykyşynyň tizligi boýunça kesgitlenýär (meselem, gymyldylaryň çaltlygy, sözleýşiň depgini, ýagdaýdan çykalga tapmagyň, pikiriň çaltlygy we ş.m.).

**6.Çeýelik we onuň garşylykly häsiýeti - durgunlyk.** Adamyň üýtgeýän daşky täsirlere çalt uýgunlaşmagy (çeýelik), ýa-da munuň tersine, bu ýagdaýda özüni alyp barşyny üýtgetip bilmezligi (durgunlyk) bilen kesgitlenýär.

**7.Ekstrawertlik we onuň garşylykly häsiýeti - intrawertlik.** Adamyň reaksiýalarynyň we işiniň şu pursatda täsir edýän daşky täsirlere baglylygy (ekstrawert), ýa-da tersine, geçmiş we gelejek bilen baglanyşykly pikirlere, ýatlamalara tabynlygy (intrawert) bilen kesgitlenýär.

## 11.2 Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmagyň usullary

Oýun, okuw, zähmet işleri mazmuny, talaplary boýunça bir mazmunly bolup, olaryň ýerine ýetirijisi bolan adamlar bolsa, görşümiz ýaly keminden dört görnüşdedir. Eýsem olaryň haýsy biri ol ýa-da beýleki işiň talaplaryna has uýgunlaşan bolýar? Seredilen görnüşleriň her birinde oňyn we oňyn däl häsiýetlere duşmak bolýar. Aýdaly, sangwinik duýgysy joşgunly we işeňňir bolsa-da, onuň höwesleri we ünsüniň jemlenmesi durnuksyzdyr. Melanholik çalt ýadaýan, özüne ynamsyz, galagoply, ýöne ol inçe duýguly, we seresaply.

Eýsem adam öz temperamentiniň durnukly we hemişelik görnüşini nähili ýol bilen hünäriň (sungat, sport, mugallymçylyk we ş.m.) talaplaryna uýgunlaşdyrýar?

Şeýle ýollaryň mümkingadar görnüşleriniň biri – öz temperamentiňe laýyk iş saýlamakdyr. Meselem, galjaň holerige dälileriň keselhanasynda lukman bolmak, ýa-da melanholige duýdansyz döreýän weýrançylyk howpuny bada-bat duýup, aýgytly netijä gelmegi talap edýän çylşyrymly energoulgamda işlemek örän kyn bolýar. Işi adamyň psihiki häsiýetlerine laýyklykda saýlamaklyga **hünäre ugrukdyrylma we hünäre seçgi** diýilýär. Ýöne bu usul örän çäklidir. Köpçülükleýin häsiýetli hünärlere zerur mukdardaky adamlaryň sany olara temperamennti boýunça gabat gelýänleriňkiden hemişe köpdür. Meselem, okuwy hemmeler diýen ýaly okamaly, köpçülikleýin häaiýetdäki zähmeti(oba

hojalyk, önümçilik) hem dürli temperamentdäki adamlar amal etmeli bolýar.

Uýgunlaşdyrmanyň ikinji bir ýoly adama bildirilýän talaplary indiwiduallaşdyrmak, onuň temperamentine laýyklamakdyr. Meselem, ikilik alan melanholik okuwçynyň şowsuzlygy güýçli ýazgarylsa, ol ruhdan düşüp, özüne ynamsyzlygy öňküden-de güýçlenýär. Bu ýagdaý adata öwrülse ol gorkak, nalajedeýin bolup ösýär. Tersine, öwgi-hoşamat onuň özüne ynamyny berkidýär.

Sangwinigiň ýakymsyz duýgylary çalt unudyp, özüne aşa baha bermäge meýilliligini nazarda tutup, onuň kemçiliklerine dözümliräk daraşyp, aýgytly ýazgarylsa, oňat netije berýär. Şeýle temperamentli okuwçy sapakda bäşlik alanda onda badyhowalyk döremez ýaly mugallym bahany "mundanam gowrak aýdyp bilerdiň" ýaly sözlerde jemlese oňaýlydyr.

Ýöne bu usul hem çäklidir. Işiň adama bildirýän talaplary garaşsyz-obýektiw şertler boýunça döredilip, onuň bahalandyrylyşy esasan netijeliligine bagly bolýar. Mugallym melanholik okuwçynyň oňyn däl jogabyny ýazgaryşynyň äheňini ýumşatsa-da, oňa «2-ge» derek «5-k» goýup bilmez.

Temperamenti işiň talabyna uýgunlaşdyrmagyň üçünji bir usuly- temperamentiň oňyn däl häsiýetlerini meýiller bilen ýeňip geçmekdir. Bellenilişi ýaly, işiň güýç häsiýetnamasy adamyň diňe temperamenti bilen däl-de, meýiller arkaly hem döredilýär. Täsirli meýilleri ulanyp, melanholigiň çekinjeň, ýygra häsiýetlerini ýeňip geçmek mümkin. Urşa ilkinji gezek düşen melanholik, elbetde, top oklarynyň, bombalaryň gohuna sangwinikden has güýçli howatyr edýär. Degişli hünärmenler tarapyndan melanholik esgerde onuň Watan öňündäki borjy oýarylyp, ýurda howp abananda adamyň gorkysy has yzky orna geçmelidigi dogrusynda ynanç döredilse, onuň gaýduwsyzlygy güýçli temperamentlileriňkiden asgyn bolmaýar. Ýeri gelende bu

usulyň-da çäklidigi aýdylmalydyr: dartgynly ýagdaýlarda, taýýarlyksyz aýgytly hereketler etmeli wagtynda temperamentiň häsiýetleri meýillere garamazdan ýüze çykmagy mümkindir.

Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmagyň iň bir hertaraplaýyn usuly – işiň indiwidual tärini döretmekdir. Munda adam iş hereketleriniň ýerine ýetiriliş usullaryny öz temperamentine laýyk saýlaýar. Şonuň üçin bu usulyň ilkinji şerti - adamyň işe yhlasly, işjeň gatnaşygynyň bolmagydyr.

Melanholik okuwçy ýazuw işinde, özüne ynamynyň pesligi we galagoplulygy sebäpli köp wagtyny garalama sarp edip, ony göwnüne laýyklandan soňra barlanan, düzedilen teksti arassalama göçürýär. Tersine, sangwinik okuwçy pikir-meýilleriniň üýtgeýjiligi sebäpli köp wagtyny pikir jemlemäge sarp edip, degişli mazmuny aňda döredenden soňra garalama ulanman, bada-bat arassa ýazuwda beýan etmäge girişýär. Indiwidual stiliň hut şeýle mazmundaky ýüze çykyşy bir bada köp sanly stanogy dolandyrýan işçi aýallarda hem anyklandy. Görlüp oturylsa, hereketi çalt we çee temperamentli işçi aýallar belli bir ýerden stanoklaryň işleýşini synlap durup, ýüplük üzüläýende ylgap baryp ony daňýarlar. Tersine, hereketi haýal temperamentliler belli bir ýerde durman, hemişe stanoklaryň arasynda gezip. Üzülmek ätiýajy bolan inçelen ýüplükleri öňürtiläp düwmek arkaly işiň ýokary netijeliligini gazanýarlar. Işiň şeýle indiwidual tärleriniň temperamente laýyklykda döreýän aýratynlyklary tejribe-eksperimentde zähmetiň dürli görnüşlerinde ýüze çykaryldy.

## 11.3 Şahsyýetiň gylygy

Her bir adam bir-birinden diňe bir tebigy aýratynlyklary boýunça däl-de, eýsem meýilleriniň, gatnaşyklarynyň we olara laýyk özüňi alyp baryş usullarynyň durnukly utgaşmalarynda hem tapawutlanýarlar. Gylygyň gadymy greklerde "harakter" adalgasynyň jemleýji keşp, galdyrylan yz, tagma manysy bolup, ýöne psihologiýada onuň has takyk manysy bardyr. Adamyň islendik özboluşly-indiwidual aýratynlygy gylyk däldir. Aýdaly, görüşiň garaňka, ýagtylyga öwrenişiniň çalt-haýallygy, ýadyň göwrümi, ýatdan çykyrmanyň depgini we ş.m. psihologik aýratynlyklar bolsa-da gylyk däldir. Ikinji bir tarapdan bu agzalan psihologik häsiýetleri gylykdan doly aýrybaşgalaşdyrmak hem hakykata laýyk däldir. Olar belli bir derejede gylygyň mazmun ýa-da görnüş tarapyna öwüşgin berip bilýär.

Gylygyň psihologik düzüminde aýgytlaýjy orun meýillere, gatnaşyklara degişlidir. Munuň sebäbi ýokarda seredilen temperament özüniň ýüze çykyşy boýunça gylyga meňzeş bolsa-da, olaryň aýrybaşgalygy birinjiniň özüňi alyp baryşyň nähili amala aşyrylýanlygyny, ikinjiniň bolsa nähili we nämäniň bähbidine amal edilýänligini kesgitlemeklerindedir. Adamlaryň bir bölegi işiň has kynyny saýlap, ony ýeňip geçmekden alynýan lezzete ymtylyşda hereket edýän bolsa, beýlekisi onuň onçakly azap-alada talap etmeýän derejelerini saýlap, "aç başym dynç gulagym" meýle tabynlykda özlerini alyp barýarlar.

Gylyk – bu şahsyýetiň jemlenen, has durnukly meýil-gatnaşyklarynyň we olary ýüze çykarýan özüňi alyp baryş usullarynyň psihologik bütewiligidir.

Gylygyň psihologik düzüminde meýil-gatnaşyklar onuň mazmuny, özüňi alyp baryş usuly bolsa oňa forma-görnüş tarapy häsiýetde utgaşýar. Adatça şahsyýetiň gylyk dörediji

gatnaşyklaryndan: 1) öz-özüňe bolan gatnaşyk (talap edijilik, özüňe göwniýetijilik, özüňi bahalandyryşyň tankydylygy we ş.m.); 2) beýleki adamlara gatnaşyk (ili bilenlilik ýa-da özüňibilenlik, özüňe bolsunlyk ýa-da köpe bolsunlyk, duýgydaşlyk ýa-da biparhlyk, ýalançylyk ýa-da dogruçyllyk, ýumşaklyk ýa-da gödeklik we ş.m.); 3) tabşyrylan ýumuşa bolan gatnaşyk (zähmetsöýerlik ýa-da ýaltalyk, ugurtapyjylyk ýa-da aýdylaryna garaşmaklyk, jogapkärçilik ýa-da sypjyklyk, takatlylyk ýa-da takatzyslyk we ş.m.); 4) gylygyň erkli sypatlarynda ýüze çykýan - erjellik, özbaşdaklyk, töwekgellik, tertiplilik, sowukganlylyk we ş.m. häsiýetleri tapawutlandyrylýar.

Gylygyň görnüş tarapy adamyň adamlar, zatlar bilen özara gatnaşygyndaky öwüşginlerde ýüze çykýar. Şeýle öwüşginler gylyga salyhatlylyk-gödeklik, tap bilijilik-guraksylyk we ş.m. ýaly aýratynlyklar berýär.

Zatlaryň, hadysalaryň mazmun we görnüş taraplarynda hemişe bir- birine gös-göni gabat gelşiň bolmaýşy ýaly gylygyň-da meýil-gatnaşyk we görnüş-öwüşgin taraplarynyň bir-birine dürli häsiýetde utgaşmaklygy gylygyň özboluşly umumy sypatlaryny - tiplerini döredýär. Has düşnükli bolar ýaly bu ýagdaýy şertli belgide beýan edeliň:

$$G = M + ÖU$$

bu ýerde G- gylyk, M- meýil, ÖU- özüňi alyp barşyň usuly. Gylygyň mazmunynyň we görnüşiniň bir-birine oňyn ýa-da oňyn däl utgaşmasynyň mümkingadar sany dört ugurlaýyn bolýar diýsek, onda onuň şoňa laýyk umumy sypatlaryny alarys:

1.G = $M^+$ + $ÖU^+$ - özüniň mazmuny we ýüze çykyş häsiýeti boýunça oňyn gylykly, ýokary ahlakly we özüni alyp barşy salyhatly adam;

2.G = $M^+$ + $ÖU^-$ - meýil, gatnaşyklary oňyn, ahlak mazmunly, emma özüni alyp barşynyň terbiýesi ýeterlik däl, hereketleri gödek, gurşawyna ýakymsyz sypatly adam;

3.G = $M^-$ + $ÖU^+$ - meýil gatnaşyklary öz bähbidine gönükdirilen, beýleki adamlary şahsyýet hökmünde däl-de, maksadyna ýetmäge serişde häsiýetde ulanýan, ýagdaýa çalt uýgunlaşyp, çeýelik bilen özi hakynda oňyn pikir döretmäge ýykgyn edýän adam;
4.G = $M^-$ + $ÖU^-$ -gylygynyň mazmun-meýil we görnüş-özüñi alyp baryş taraplary ahlaksyz, terbiýesiz, öz bähbidini arap ýaşaýan, beýleki adamlara degişlilikde gödek, göwne degijilikli hereketler edýän adam.

Psihologiýada gylygyň umumy sypatlaryny-tiplerini ýüze çykarmagyň ýene-de bir ugry ony adamyň beden gurluşynyň dolulyk-hortañlyk häsiýetnamasy bilen baglanyşdyrmak boýunça esaslandyrmakdyr. Muňa laýyklykda, meselem, Kreçmer beden gurluşyň: 1) astenik – ejiz, hor, döş kapasasy ýalpak, eginleri inçe, el-aýagy uzyn, ýöne kelle beýnisi has ösen adam; 2) piknik – gysga ýa-da orta boýly, ýag dokumalary ösen, güberçek döş kapasaly, uly garynly, togalak kelle, gysga boýunly adam; 3) atletik – süňklek, muskullary ösen, beden gurluşy gujurly we deňölçegli, eginlek adam; 4) diplastik – nädogry beden gurluşly adam – ýaly görnüşlerini ýüze çykarýar. Bu görnüşler öz gezeginde şahsyýetiň umumy görnüşleri bilen baglanyşdyrylýar: astenikler şizotimik sypaty bilen sepleşýär, ýagny dymma, pikir ýöretmä ýykgyn edýän, gurşawa kynlyk bilen uýgunlaşýan, duýgur, ynjyk sypatlary özünde jemleýär. Piknik beden gurluşy siklotimik bilen sepleşip, onuñ duýgysy şatlyk bilen gussanyň arasynda üýtgäp durýan, sözleýşe meýilli, açyk göwün, pikiri hakykata laýyk häsiýetleri bilen tapawutlanýar. Atletikler iskotimiki, ýagny gujurly, aýgytly, özüne ynamly, duýgusy pes, pikirlenmesi çeýe däl ýaly sypatlary özünde jemleýär. Gylygyň soňky ýyllardaky umumy görnüşleri onuň ýüze çykýan psihologik öwüşginleriniň-aksentuasiýalarynyň esasynda düzüldi. Muňa laýyklykda sikloid, gipertim, senzitiw, psihoasteniki,

epileptoid, isteroid, paranoid, konform, we ş.m. sypatly gylyklar ýüze çykarylýar.
1.Sikloid sypaty – muňa çalt şähdi üýtgeýjilik, ýokary işjeňligiň onuň iňňän peselmegi bilen çalyşmagy, şonuň netijesinde adamlar bilen aragatnaşygynda höwesli sözleýşe goşulmaklyk bilen olardan çetde durmaklygyň arasynda tolkun atýar. Ruhy ýokary göteriliş wagtynda ol gipertim sypata, ruhupeslikde bolsa distim sypata meňzeýär.
2.Gipertim sypaty – bu hili adamlar sözleşmäge adatdan daşary göwünjeň, ýüz, el, göwre hereketleri iňňän janly, şol bir wagtyň özünde borçlaryna geleňsizräk, ýeňil kellelik, tertip düzgüne biperwaýlyk ýaly häsiýetleri bilen tapawutlanýar. Birsydyrgyn iş, ýekelik onuň takat etmeýän zatlarydyr.
3.Distim sypaty – ýokarkynyň tersine, oňa aragatnaşyga, adamlara golaý durmaklyga meýilsizlik, durmuşy ýekelikde geçirýän, öýden çykmazak, saldamlylyk, adalatlylyk ýaly aýratynlyklar häsiýetli bolup, şol bir wagtyň özünde pes işjeňlik, haýal pikirlenmeklik, diňe özüňi bilmeklige ýykgynlyk ýaly oňyn däl sypatlar-da mahsusdyr.
4.Senzitiw sypaty – hemişe sussypes, durmuşyň esasan hupbatly taraplaryny görýän, çalt göwni galýan, ýaşaýşyň manysyny aňlap bilmeýän, çalt ýadaýan, ýakyn adamlaryň hossarçylykly gurşawynda döwtalaplylyk, ýekelikde ýene-de gaýga batmaklyk ýaly häsiýetleri özünde jemleýär.
5.Psihiasteniki sypaty – döwekgelçilikden gaçýan, gorkak, hemişe şubhelenmeklige ýykgyn edýän, özi we ýakynlary üçin gorky-golagoplylykda bolýan, ony kemeltmek üçin dürli yrymlara ugrugýan adamdyr.
6.Epileptoid sypaty – örän gaharjaň, daşyndakylaryň pikirine çydamsyzlyk, sözüne garşy gitmeklerini ýigrenýän, öýünde hokmürowan, gaharyna bäs gelip bilmän hapa sözleri aýdýan, ýumrugyny işledýän, gazapdan ýaňa özüni ýitirmeklige çenli baryp ýetýän adamdyr.

7.Isteroid sypaty – her edip, hesip edip özüne üns çekjek bolýan, öz maksadyna ýetmek üçin islendik serişdeden gaýtmaýan (aldaw, gözboýagçylyk, özüñden gitmek, el-aýagyñy ysmaz edip görkezmek we ş.m.) adamdyr.
8.Paranoid sypaty – belli bir duýgularyň, pikirleriň, hereketleriň bir ýagdaýda togtamagy ( "gabanjaňlyk was-wasy", "yzarlanmak was-wasy" we ş.m.), gümanlylyk, müňkürlilik, zannyýamanlyk, fanatizm ýaly häsiýetleri özünde jemleýär.
9.Komform sypaty - «il hança, menem şonça» pähimine eýerip, öz pikirine derek kesekiniňkä eýermek, ony gürrüňsiz kabul etmek, toparda kabul edilen pikire gyşarnyksyz uýmak, öz ornunyň bolmazlygy ýaly häsiýetleri bilen tapawutlanýan adam.

Gylygyň kemala getirilişi. Derňewleriň görkezişine görä gylygyň rehimdarlyk, sözleýşe meýillilikk, duýgydaşlyk we olara gapma garşylykly bolan diňe öziňi bilmeklik, guraksylyk, adamlara biagyrylyk ýaly sypatlary beýlekilerden has ir kemala gelýär. Olar çaganyň mekdebe çenli döwürlerinde ýüze çykýar. Onuň zähmetsöýerlik, tämizlik, ynsaplylyk, jogapkärçilik, erjellik ýaly häsiýetleri bolsa şahsyýetiň ösüşiniň soňkurak döwürlerinde kemala gelýär. Ýetginjeklik ýaşlarynda (10-15 ýaş) gylygyň erkli sypatlary, irki jahyllykda bolsa onuň ahlak, dünýägaraýyş esaslary döreýär.

## 11.4 Şahsyýetiň ukyplary

Ukypda adaty psihologik hadysalara mahsus bolmadyk özboluşlylyk bardyr: özüniň ýüze çykyşynda bir tarapdan ýokary derejedäki aýanlyk bolup, ikinji tarapdan bu aýanlyk onuň özüne doly degişli däldir. Adaty iş- ýumuş bitirmelerinde kemala gelýän şahsyýetiň gazanýan iş netijelerinde onuň haýsy böleginiň ukyp, haýsysynyň bolsa beýlekileriň gazananlaryna

ýönekeý öýkünme, ýat tutma esasynda ýetilýändigini anyklamak aňsat däldir. Aýdaly, iki talyp tagtada şol bir tema boýunça birmeňzeş mukdar we hil möçberde mugallyma jogap berýär. Emma hünärmen psiholog we tejribeli mugallym badabat bu "meňzeşlikde" düýpli ukyplylyk aýrabaşgalygyny duýýar. Olaryň biriniň jogabyndan kanagatlanylyp, ikinjisine bolsa ‚Mundan has gowy jojap berip bilerdi" diýilýär. Görnüşi ýaly ukyp işden üzňe ýüze çykmaýan-da bolsa, şol bir wagtyň özünde işiň netijesinde gös-göni hem aýan bolmaýar. Eýsem işiň netijesinde ukybyň gös-göni aýanlygyny gabatlaýan zat näme?

Bu birinjiden, bu ýerde aýan edilmeklige degişli zat - şol talyplaryň her biriniň tema taýýarlanmaga sarp eden wagtynyň möçberi bolsa, ikinjiden olarda sapak özleşdirmek, onuň mazmunyny gaýtadan dikeltmek, dilüsti we dil üstidäl aragatnaşyk serişdeleriniň üsti bilen ony gürrüň bermek boýunça başarnyk, endikleriniň derejesi, olaryň akgynlylygy, çeýeligi we beýlekilerdir. Biz bu ýerde ukybyň gös-göni bilim, başarnyk endige syrykdyrylmaýandygyna hem göz ýetirýäris. Bilim başarnyk, endikleriň ukyba gatnaşygy gurat ýa-da gurat däl saz guralynyň zehinli ýa-da zehinsiz sazanda gatnaşygy ýalydyr. Gurat bolmadyk saz guraly ussat sazandanyň çalşynyň görküni gaçyrýar. Ýöne aňrybaş naýbaşy dutar hem ortaça ýa-da körzehin sazandanyň mukamyny kaşaňlaşdyryp bilmez. Zehinli okuwçynyň öz ýanyndan "temanyň düýp mazmunyny aňsam bes ony aýdyp beriş, beýan ediş başarnygym ähmiýetli däl" gatnaşykda bolmagy ussat sazandanyň gurat däl dutarda saz çalşy ýalydyr.

Zehinli, ýöne dürli sebäplere görä entek kaşaň sözlem düzüp, sözlere zerur äheňleri berip bilmeýän okuwçynyň çuň mazmunly jogaby guraksyrak, bu başarnyklary ezber özleşdirenleriňkiden birtaraplaýynrak kabul edilmegi mümkin. Tersine, töweregindäkilerden nähili sowala nähili jogap bermelidigini ýat tutma esasynda özleşdiren, emma ýumuş

özgerdilende ony döredijilikli çozüp bilmeýän okuwçy daşyndan ukyply häsiýetde kabul edilip bilner.

Aýdylanlardan ukybyň şeýleräk kesgitlemesini jemlemek mümkin.

Ukyp – işiň möhüm düzüjileri bolan bilim, başarnyk, endikleri üstünlikli özleşdirmäge we onuň netijesinde işiň ýokary döredijiligini, öndürüjiligini gazanmaga mümkinçilik berýän, şol bir wagtda bilim, başarnyk, endiklere, işiň netijeliligine gös-göni syrykdyrylmaýan şahsyýetiň indiwidual psihologik aýratynlygydyr.

Kesgitleme ukybyň psihologik mazmunyna düşünmekligi çunlaşdyrýan hem bolsa, ol inkär ediji häsiýetlidir. Ylmy kesgitleme öwrenilýän hadysanyň nämä syrykdyrylmaýanlygyny nygtamaly däl-de, ykrar ediji häsiýetde onuň nämedigini, näme barabardygyny aýgyt etmelidir.

Şuňa laýyklykda, ukyp bu adamlaryň bilim, başarnyk, endikleri özleşdirmeginiň we iş döredijiliginiň hilinde we depgininde aýrybaşgalyk döredýän şahsyýetiň özboluşly – indiwidual psihologik aýratynlygydyr.

Ukybyň häsiýetnamasyndaky oňa bildirilýän işin hil we çaltlyk talaplary
jemgyýetçilik zerur wagt hadysasy bilen baglanşyklydyr. Jemgyýetde islendik işiň, onuň bölekleýin ýumuşlarynyň amal edilmegine belli bir wagt dowamlylygy kesgitlenýär. Meselem, orta mekdebi okuwçynyň 10 ýyla derek 15, ýokary mekdebi bolsa 5 ýyla derek 10 ýylda tamamlanylmagyna hiç bir döwlet razylyk berip bilmez. Şeýle wagt ölçegleri bilim ulgamynda, amalyýetiň dürli ugurlarynda pursatlaýyn ýumuş-gönükmeleriň çözlüşine deňeç laýyklykda işlenilip düzülendir. Başlangyç synp okuwçysynyň birinji ýarym ýylyň ahyrynda, ýylyň soňunda 1 minutda okap bilmeli sözleriniň möçberi, çözmeli hasap ýumuşlarynyň hil, mukdar mazmuny we ş.m. umumy talapnamada göz öňünde tutulandyr.

Aýdylandan ugur alynsa, eger-de, şahsyýetiň belli bir häsiýetleri haýsy-da bolsa bir işi zerur bolan wagt aralygynda üstünlikli özleşdirmäge mümkinçilik berýän bolsa, onda bu adamda şol işe bolan ukyplaryň bardygyny aňladýar. Tersine, beýleki adam hut şeýle şertlerde bu işi özleşdirip bilmeýän bolsa, onda onuň degişli ukyplarynyň ýoklugy dogrusynda netijä gelmek bolar. Ukyplaryň ýoklugy adamyň bu işe degişli bilim-başarnyklary düýbünden özleşdirip bilmeýändigini aňlatman, diňe özleşdirmegiň uzaga çekýändigini, mugallymlaryň has köp güýç we wagt sarp etmeginde ujypsyz netije gazanylýandygyny aňladýar.Degişli işiň nazarda tutulan jemgyýetçilik zerur wagtynyň çäginde hil we mukdar möçberde amal edilmek zerurlygy ukybyň hil we mukdar häsiýetnamasyny döredýär.

Ukybyň hil häsiýetnamasy bu birinjiden, adamyň ukybynyň işiň haýsy ugrunda, görnüşinde ýüze çykýandygyny (saz, surat, şahyrçylyk we ş.m.), ikinjiden, adamyň işiniň üstünlikli amala aşyrylmagyny üpjün edýän, oňa şol bir maksada dürli ýollar bilen ýetmäge mümkinçilik berýän psihologik aýratynlyklaryň toplumyny aňladýar.

Işiň bir däl-de, birnäçe görnüşlerinde ony üstünlikli amal etmäge mümkinçilik berýän ukyplara **umumy ukyplar** diýilýär. Akyl ukyplary, eliň gymyldy-hereketleriniň çeýeligi we takyklygy, ösen ýat, kämil sözleýiş we beýlekiler umumy ukyplardyr. Işiñ ýörite, aýratyn usullary talap edýän görnüşlerinde ýüze çykýan ukyplara **ýörite ukyplar** diýilýär. Muña saza, matematika, dile, tehnika, edebiýata, çeper-döredijilige, sporta we beýlekilere bolan ukyplar degişlidir.

Ukybyñ hil häsiýetnamasynyň şol bir maksada dürli ýollar bilen ýetmäge mümkinçilik berýän psihologik sypatlaryň toplumy mazmundaky düşünilişine dolanalyň. Psiholog B.M.Teplow sazçylyk ukybynyň möhüm düzüjisi bolan "absolýut eşidişiň" adamda ýoklugynyň onda saz ukyplaryny ösdürmäge päsgel döretmeýändigini subut etdi. Absolýut

eşidişi bolmadyk adamlarda tembri kabul etmek, ses aralyklaryny ýat tutmak we ş.m. ýaly häsiýetleri kemala getirmek esasynda olarda ses belentliligini tapawutlandyrmaklyga bolan ukybyň, ýagny absolýut eşidişiň öwezini tutýan başarnyk döredilipdir. Ukyplaryň hil häsiýetnamasyndaky şeýle çeýelik olaryň bir gornüşiniň beýlekisiniň wezipesini ýerine ýetirmek mümkinçiligini açýar. Öň kadaly ýagdaýda saz eserlerini kabul edip, ondan lezzet alýan adamlar şikest esasynda kerlige uçranda, olar arkasynyň derisindäki syzyş duýmasynyň nerw şahajyklary arkaly saz diňläp bilýärler. Elleri bilen hat okaýan körleriň elipbisiniň gurluşy-da hut şeýle häsiýetdedir.

## 11.5 Ukyplaryň ölçeg meselesi

Adamda şol bir ukybyň näderejede ýüze çykarýandygyny sypatlandyrýar. Adatça ukyplaryň bu häsiýetnamasy testler - gysga wagtlaýyn synaglar arkaly kesgitlenýär. Ýöne testleriň esasy niýetlenişi adamdaky bilim, başarnyk, endikleriň şu wagtdaky derejelerini anyklamak bolýandygyny, soňkylaryň bolsa ukyp bilen gös-göni däl-de, köp mazmunly baglanyşykda bolýanlygy nazara alynsa, şeýle ölçegler ukyplaryň kesgitlenmegine belli bir derejede golaýlaşmak häsiýetde kabul edilip bilner.

Özüniň mazmuny boýunça, meselem, akyl ukyplylygynyň testleri birnäçe soragdan ýa-da mysaldan ybarat bolup, olary belli bir wagt aralygynda üstünlikli çözmeklik ball ýa-da beýleki birliklerde hasaplanylýar. Akyl testleri köp mazmunly häsiýetde düzülip, ýöne onuň aňladylyşynda esasan bir tarapyna basym berilýär. Meselem, “Karlik–gartmaç adam köp mertebeli jaýyň 16-njysynda ýaşaýar. Ol irden işe ugranda lifte-göterijä münüp, birinji mertebäniň basgyjyny basyp düşýär. Işden dolananda bolsa ol 13-nji mertebäniň basgyjyny

basyp, göterijiden düşüp, galan üçüsini pyýada çykýar. Bu ýagdaý her gün gaýtalanýar. Munuň sebäbi näme ?”– mazmundaky test. Göräýmäge beriljek jogap “Karlik şeýdip muskullaryny türgenleşdirýär” ýaly mazmunda hem bolaýjak ýaly. Ýöne testiň şertinde adaty adam däl–de, karlik – gartmaç adam berlip, onuň boýunyň göterijidäki 16–njy mertebäniň basgyjyna ýetmeýänligi göz öňünde tutulýar.

Testler köplenç kynçylyk derejesi boýunça artýan düzümde düzülýän “testleriň batareýasyndan” –toplumyndan jemlenýär. Toplum çözlenden soňra olaryň jogaplary ülňüleşdirilen – standartlaşdyrylan usulda hasaplanylýar: her bir synag edilýäniň gazanan ballary sanalýar. Bu bolsa “akyl ukyplylygynyň koeffisiýenti” diýip atlandyrylýan ululygy kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ol şeýle nusgada aňladylýar:

$$AK = \frac{AÝa \times 100}{HÝa}$$

bu ýerde AK – akyl koeffisiýenti, AÝa – akyl ýaşy, HÝa – hakyky ýaşy.

Aýdaly, şol bir 16 ýaşlylara niýetlenen testler toplumyny 14 ýaşly we 20 ýaşly ýetginjek we jahyllar çözüpdir. Onda birinjiniň AK-si:

$$AK = \frac{16 \times 100}{14} = 114,2$$

ikinjiniňki bolsa: $AK= \frac{16 \times 100}{20} = 80$ deň bolýar.

Meşhur psiholog L. S. Wygotskiý akyl testleriniň geçiriliş nazaryýetine we amalyýetine ýokary ynsanperwerçilikli mazmundaky düzediş teklip etdi. Çaga eger–de hödürlenen ýumşy özbaşdak işläp bilmese, bu entek

onuň ukypsyzlygyny aňlatmaýar. Şeýle şowsuzlyk onda degişli bilim – başarnyklaryň ýoklugy sebäpli bolmagy mümkin. Çaganyň akyl taýdan ösüşi öz–özünden amala aşyrylman, hemişe okadylyş tutumynda, ulularyň kömek bermeginde bolup geçýär. Şonuň üçin çaga özüniň özbaşdak başarmaýan zadyny ulularyň ugrukdyrmagy bilen başaryp bilmegi mümkin. Diýmek, ol tiz wagtda ýumşy özbaşdak çözüp biljek. Şundan ugur alyp, Wygotskiý ukyplary ölçemekde çagalara ýumşy bir gezek özbaşdak hödürlemek bilen çäklenmän, synagy iki gezek geçirmegi teklip edýär. Birinji gezek – çaganyň ýumşy özbaşdak çozüşini, eger-de başarmasa, ikinji gezek ony ulularyň kömegi bilen çözüşini synlamak maslahat berilýär. Bu ýagdaýda çaganyň ukyplylyk derejesi onuň ýumşy özbaşdak we ulularyň kömegi bilen işleýşiniň netijeleriniň tapawudy esasynda kesgitlenýär. Eger-de şeýle tapawut ýüze çykmasa, çaga öz deň–duşlarynyň çözýän ýumşuny ne özbaşdak, ne-de ulularyň kömegi bilen çözüp bilmese, onda onuň ukyplary pes, ýa-da ýok diýen netijä gelmek bolýar.

Ukyplaryň ýokary derejede ösen görnüşine **zehin** diýlip, ol adama haýsy-da bolsa bir çylşyrymly işi üstünlikli, özbaşdak we gaýtalanmaz häsiýetde ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän ukyplar toplumydyr.

**Zehiniň ösüşi** esasan jemgyýet zerurlygy arkaly ugrukdyrylyp, onuň gerimleýin ýüze çykyşy döwrüň islegi, döwletiň öňde goýýan wezipeleri arkaly kesgitlenýär.

Ukyplar we zehin öz kemala gelşinde belli bir tebigy esaslara - üşükdir, gora daýanýar. Soňkylar beýniniň, duýgy we hereket organlarynyň gurluşynda ýüze çykýan anatomik, fiziologik aýratynlyklardyr. Muňa iň ýönekeý mysal hökmünde uzyn boýuň basketbol oýunçysyna, uzyn barmaklaryň sazanda degişli ukyplary döretmekde tebigy mümkinçilik bolýanlygyny görkezmek bolar. Aňrybaş inçe öwüşginli ysly sepijeleriň – atyrlaryň döredijilerinde ys kabul ediji fiziologik seljerijiniň

adaty adamlaryňkydan has üýtgeşik gurluşy bolýandygy mälimdir.

Ukyplaryň döreýşinde agzalan tebigy artykmaçlyklar belli bir orun eýelese–de, ukyp we zehin tebigatyň däl–de, taryhyň, okadylyşyň we terbiýäniň önümidir.

Maşgalada ukyply çaganyň bolmagy ony okatmagy we terbiýelemegi ýeňilleşdirmän, eýsem käbir halatlarda has çylşyrymlaşdyrýar. Ukyplaryň ýörite görnüşleriniň döreýşi eýýäm çaganyň mekdebe çenli döwürlerinde ýüze çykyp, kiçi we orta mekdep ýaslarynda güýçli depginde dowam edýär. Ilki–ilkiler bu ösüşe çagalaryň dürli oýunlary, soňra bolsa okuw we zähmet işi kömek edýär. Oýunda ukybyň hereket, konstruktor – oýlaptapyjylyk, guramaçylyk, çeper-şekillendiriş we beýleki döredijilikli görnüşleri özüne itergi alýar.

Ukyplaryň ösüşiniň isleg – höwesler bilen eriş–argaç utgaşýandygy mugallym–terbiýeçiniň üns merkezinde bolmalydyr. Ukybyň döredilýän işine höwesliligi saklamak üçin onuň maksadyny adamyň işjeň islegine öwürmelidir. Bu tutumda ýene-de bir zerur zatlaryň biri – adamyň oňyn emosional–duýgy şähdini döretmek we goldamakdyr. Ýöne bu tutumda üstünlikleriň şowsuzlyklar, joşgunlygyň alada bilen gezekleşýändigi, oňa ösýän şahsyýetiň taýýar bolmalydygy, terbiýeçiniň we terbiýelenýäniň ýodany ýola, depäni daga üznüksiz öwürmeginde ukybyň zehine geçýändigi şeýle kemala getirilişiň esasy ýörelgesi bolmalydyr.

# Bap 12. Adamyñ neýrofiziologik gurluşy şahsyýetiñ tebigy esasy hökmünde

## 12. 1. Şahsyýetiñ iş-durmuşynyñ nesil üsti geçýän aýratynlyklaryñ täsiri we ähmiýeti.

Adamyñ psihiki durmuşy suw akymyna meñzeş. Daşky dünýä baradaky duýgular. Gecmişiñ ýatlamalary, geljege arzuw, höwesler, pikirler biri-birini çalşyrýarlar. Adamlaryñ bir topary durmuşyñ wakalaryny çalt duýup, olara seslenýärler. Olar duýgur adamlar. Beýleki birleri bu babatda haýal bolýarlar. Olar biperwaý adamlardyr. Ýene-de bir topary ganygyzgyn, gallaw bolýarlar. Başga bir topar adamlaryñ özüni alyp barşy orta tempde bolýar. Temperamentiñ häsiýetleri –bu psihikanyñ indiwidual aýratynblyklary bolup, olar adamyñ psihikasynyñ dinamikasyny, ýagny geçiş çaltlygyny kesgitleýärler.

Ýöne welin psihiki işiñ dinamikasy diñe bir temperamente bagly däldir. Ol meýillere we psihiki ýagdaýa hem bagly bolýar. Meselem: her bir adam temperamentine garamazdan, işe höwesli bolanda has çalt we öndürijilikli işläp. Höwessiz ýagdaýynda haýal işleýär. Özboluşly dinamiki aýratynlyklaryñ temperament ýa-da meýiller we psihiki ýagdaýlar bilen döredilendigini tapawutlandyrmak üçin goşmaça häsiýetleri bilmek zerurdur. Bu häsiýetler aşakdakylardan ybaratdyr.

1.Meýilllerden we psihiki ýagdaýlardan tapawutlylykda temperamentiñ häsiýetleri şol bir adamda onuñ işiniñ dürli görnüşlerinde we dürli maksatlarynda (meselem: oýunda, zahmetde, sportda we ş.m) ýüze çykýar.

2.Temperamentiñ häsiýetleri adamyñ ýasaýşynda uzak wagtlaýyn ýa-da bütin ömrüniñ dowamynda oña durnukly we hemişelik mahsus bolýar.

3.Temperamentiñ dürli häsiýetleri şol bir adamda tötänleýin utgasma, biri-birleri bilen kanunalaýyk baglanşykyl bolup, temperamentiñ tipini döredýän belli bir gurluşy emele getirýär.

Nerw ulgamynyñ umumy tiplerini I. P. Pawlow genotip, ýagny nesil arkaly döreýän tip diýip atlandyrýar. Umumy tipleriñ nesil üsti bilen doreýändigini kepillendirýän köp sanly delillert bar. Itlerde, towuklarda gecirilen synaglar esasynda olaryñ ata-eneleriniñ we çagalarynyñ nerw ulgamlarynyñ güýjüniñ arabaglanyşygynyñ bardygy subut edildi.

Daşary ýurt edebiýattynda temperament göýä, nerw ulgamynyñ umumy tipine däl-de, organizmiñ umumy gurluşyna bagly bolýar diýen taglymat giñden ýaýrandyr. Organizmiñ umumy gurluşy bedeniñ fiziki gurluşyny, onuñ aýry-aýry bölümleriniñ biri-biri bilen utgaşmasyny şeýle hem organizmiñ dürli dokumalarynyñ mukdar taýdan özara utgasmasyny öz içine alýar. Şeýle taglymaty esaslandyryjylar nemes psihology Kreçmer we amerikan psihology Şeldondyr. Olaryñ pkiriçe temperament we bedeniñ guruluşy bie umumy faktora-içki sekresiýa mäzleriniñ işleriniñ nesil aýratynlyklaryna bagly bolýar. Şonuñ üçin-de beden gurluşy bilen temperamentiñ häsiýetleriniñ arasynda belli bir gabat gelmeklik bolýar.

Häzirki zaman psihologiýasynda temperamentiñ tipi hökmünde adamlaryñ belli bir toparyna umumy bolan häsiýetleriñ ýönekeý toplumyna däl-de, bu häsiýetleriñ kanunalaýyk özara baglanyşygy dürli görnüşde ýüze çykýar.

Temperamentiñ birnäçe häsiýetlerini olaryñ haýsy-da bolsa, bir daşky alamatlary boýunça kesgitlemek mümkin. Meselem: adamyñ impulsiwlilik (ýüzüñ ugra hereket etmekligi) derejesini onuñ iki sany mümkni bolan ýönekeý hereketleriñ haýsy birini saýlap almaklyga sarp edýän wagtyny, bu hereketleriñ diñe adatça birini ýerine ýetirmeklige sarp edýän wagty bilen deñeşdirmek arkaly kesgitlemek mümkin. Eger şeýle usul bilen temperamentiñ birnäçe häsiýeti öwrenilse,

onda olaryñ biri näçeräk köp mukdarda ýüze çyksa, munuñ tersine beýleki bir häsiýet şonça-da az mukdarda bolýar.

Her bir tipe mahsus bolan häsiýetleriñ özara baglanyşygy mundan başga-da her bir hasiñ hiliniñ temperamentiñ tipiniñ beýleki ähli häsiýetlerine bagly bolýandygynda ýüze çykýar. Temperamentiñ abstrakt durnuklylygy ýa-da durnuksyzlyk häsiýeti bolman, temperamentiñ bir tipi üçin durnuksyzlyk- bu möwç urýan dyzmaçlyk bolsa, beýleki biri üçin isteriki deñagramsyzlyk görnüşinde bolýar. Bir tip üçin durnuklylyk – emosional-erkli deñagramlylyk bolsa, beýleki üçin äwmezlik we biperwaýlyk bolýar.

Temperamentiñ tipleriniñ psihiki häsiýetleriñ arasyndaky kanunalaýyk utgaşmak hökmünde düşünilişi bu düşünjäniñ biziñ eramyzdan öñ VI asyrda grek lukmany Gippokrat tarpyndan esaslandyrylan mazmunyna golaýdyr. (Gippokratyń döreden tipleriniń ady temperamentiń tiplerini adamyń organizminde drli suwuklyklaryń-ganyń (sangwinik), ödüń (holerik), nemiń (flegmatik), gara ödüń (melanholik) agdyklyk etmegi bilen baglanyşdyrýar) Gippokrat bu düşünjäni krasis diýip atlandyrypdyr. Ol bolsa latynça "temperamentim" – proporsiýa, utgaşmaklyk diýen manyny anldýar.

Temperamentñ fiziologik taýdan nerw ulgamynyñ umumy tipleri arkaly döredilen tiplerine I.P. Pawlawyñ atlandyryşy boýunça gippokratik tipler diýilýär. Gippokrat bu tipleri : sangwinik, holerik, flegmatik, melanholik diýip atlandyrypdyr. Emma welin, täze psihologik maglumatlar esasynda bu düşünjeler taze mazmuna eýe boldylar.

Birinjiden, nerw ulgamynyñ we onuñ esasynda döreýän temperamentiñ diñe dört tipiniñ bardygyny aýgytly ykrar etmek mümkni däl. Biziñ gippokratik diýip atlandyrýan tiplerimiz diñe olaryñ mümkni bolan we bar bolan psihofiziologik maglumatlara gabat gelýän görnüşleriniñ biridir. Mundan

başga-da, täze deliller gippokratiki tipleriñ psihologik häsiýetlerine täzeçe çemeleşmegi talap edýär.

## 11.2 Häzirki zaman psihologiýasynyń wajyp meseleleri

Adamyñ şahsyýetiniñ nähili ösýändigi bardaky meseleler psihologiýada wajyp meseleleriñ biri bolup durýar. Amerikan psihology Şeldon we nemes psihology Kreçmeriñ esaslandyran taglymatynda temperament we bedeniñ gurluşy nesil aýratynlyklaryna baglydygy barada aýdylýar. Meselem, Şeldonyñ pikiriçe semiz garyn boşlugyndaky organlary has ösen adamlar şähdiaçyklylyk, sözleşmäge höweslilik, gowy iýmäge meýil ýaly häsiýetler mahsus bolýar (olar wisserotoniklerdir). Skelet myşsalary güýçli ösen adamlara (somatotonikler) kuwwatlylyk, işjeñlik mahsusdyr. Nerw ulgamy esasan hem kelle beýnisi güyçli ösen adamlara (serebrotonikler) ýokary duýgurlyk, galagopluk, öz içki dünýäsi bilen meşgul bolmak häsiýetli bolýar.

Bu mesele düýpli jemgyýetçilik ähmiýete eýedir. Içki sekresiýa mäzleriniñ konstitusiýasy daşky şertlere we işiñ talaplaryna uýgunlaşmaýar ýa-da nerw ulgamyna garanyñda örän pes derejede uýgunlaşýar. Şol sebäpli Kreçmer we Şeldon temparementiñ daşky durmuş şertlerine we işiñ talaplaryna uýgunlaşmagy üçin bu şertler we talaplar temperamentiñ aýratynlygyna görä saýlanylyp alynmalydyr diýen netijä gelýärler. Eger-de jemgyýetçilik zerurlygy boýunça dürlitemperamentli adamlara birmeñzeş talap bildirilse, onda adamyñ mümkinçiligi bilen jemgyýet talaplarynyñ arasynda çözüp bolmaýan konflikt döreýär.

Kreçmeriñ we Şeldonyñ taglymaty hakykata gabat gelmeýär. Birinjiden, bu taglymata temperamentiñ nerw ulgamynyñ umumy tipine baglylygyny subut edýän köp sanly delilleriñ öñunde güýçsüzdir.

Ikinjiden, bu taglymat temperamentiñ döreýşinde organizmiñ umumy konstitusiýasynyñ roluny çenden aşa ulaldýar. Umumy konstitusiýa dogrudan-da, nerw ulgamynyñ umumy tipine we temperamentine belli bir täsir edýär. Munuñ şeýledigi nerw ulgamynyñ belli bir häsiýetleriniñ madda çalyşmagynyñ we içki mäzleriniñ işiniñ özbaşdak indiwidual aýratynlygyna gabat gelýändiginde ýüze çykýar. Şeýle-de bolsa, şol bir konstitusional tipde temperamentiñ dürli nerw ulgamynyñ tipine degişli häsiýetleri bolup bilýär. Şonuñ üçin temperamentiñ gelip çykyşynda organizmiñ umumy konstitusiýasy däl-de, nerw ulgamynyñ umumy tipi esasy rol oýnaýar.

Temperamentiñ tipleriniñ psihologik häsiýetnamasy şu aşakdaky häsiýetler bilen kesgitlenýär.

1.Senzitiwlik. Adam haýsydyr bir psihiki reaksiýa döretmek üçin zerur bolan daşky täsirleriñ iñ kiçi ululygy bilen kesgitlenýär. Muña mysal edip duýmany döretmek üçin zerur bolan gyjyndyryjynyñ minimal güýjini (duýmanyñ aşaky bosagasy), ýa-da admy ynjalyksyzlandyrýan islegleriñ minimal kanagatlandyrylmazlyk derejesini görkezmek bolar.

2.Reaktiwlilik. Adamlaryñ şol bir güýçdäki daşky we içki täsirlere emosional jogap beriş derejesi bilen kesgitlenilýär. Reaktiwliligiñ has aýdyñ görnüşleri emosionallik we ýokary kabul edijilik.

3.Işjeñlik. Adamyñ nähili derejede daşky dünýä işjeñ täsir edýändigi we maksada ýetmekde daşky we içki garşylyklary ýeñip geçändigi boýunça kesgitlenilýär.

4.Reaktiwligiñ we işjeñligiñ utgaşmagy. Adamyñ işiniñ daşky we içki tötänleýin sebäplere (meselem keýp, tötänleýin wakalar) ýa-da maksada niýete baglylygy bilen kesgitlenilýär.

5.Reaksiýalar tempi. Dürli psihiki reaksiýalaryñ we hadysalaryñ ýüze çykyş tizligi boýunça kesgitlenilýär. (meselem hereketleriñ çaltlygy, sözleýişiñ tempi, dörän ýagdaýdan çykalga tapmagyñ, pikiriñ çaltlygy we ş. m. )

6.Çeýelik we onuñ garşylyk häsiýeti durgunlylyk. Adamyñ üýtgeýän daşky täsirlere çalt uýgunlaşmagy (çeýeligi) ýa-da munuñ tersine özüni alyp barşyny üýtgedip bilmeýändigi bilen kesgitlenilýär.

7.Ekstrawertlik weonuñ garşylykly häsiýeti – intrawertlik. Adamyñreaksiýasynyñ we işiniñ şu pursatda täsir edýän daşky täsirlere (ekstrawertlik) ýa-da munuñ tersine, geçmiş we geljek bilen baglanyşykly keşplere, pikirlere (intrawertlik) baglylygy bilen kesgitlenilýär.

Häzirki wagtda belli bir meýilnama boýunça temperamentiñ ähli tiplerine giñişleýin häsiýetnama bermäge ýeterlik deliller ýokdur. Şonuñ üçin-de şahsyýete degişlilikde temperamentiñ tiplerini kesgitlemekde nusgalyk häsiýetnamasyny ulanmak bolar.

## Edebiýat


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary". A., 2007.
2.Gurbanguly Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal". A., "Ylym" neşiryaty. 2007.
3.Gurbanguly Berdimuhamedow. "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". A., 2007.
4.Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001.
5.Асмолов А.Г. Психология личности М., 1990.
6.Бодалев А.А. Личность и общество. М.1983.
7.Басаров Б. Психология устойчивости личности. Ашхабад, 1981.
8.Бернс Р.В. Я- концепция и воспитания. М., 1986.
9.Божович Л.И. Личность и ее формирование в детском возрасте. М.,1968.
10.Леонтьев А.Н. Деятельность.Сознание. Личность. М., 1977.
11.Асеев В.Г. Мотивация поведения и формирование личности. М., 1976.
12.Басаров Б. Шахсыет, онун структурасы ве формирлениши. Ашгабат,1982.
13.Мерлин В.С. Личность как предмет психологического исследования. Пермь, 1988.
14.Психология инвидуальных различий. Тексты. М.,1982.
15.Психология личности. Тексты. М.,1982.
16.Фрейд З. Введение в психоанализ. Тексты лекции. М.,1991

**Mazmuny:**

**BAP 1. ŞAHSYÝETIŇ PSIHOLOGIÝASY**
1.1 "Şahsyýet" adalgasy we onuń ugurdaş düşünjeler bilen baglanyşygy.....9
1.2 Şahsyýetiň dürli nazaryetlerde düşündirilişi.....13
1.3 Şahsyýetiň ylmy-psihologik taglymatlary.....18
1.4 Şahsyýetiň taglymatynyň düzüm bölekleri.....24
1.5 Şahsyýetiń taglymatlaryny bahalandyrmagyń şertleri.....36
**BAP 2. ADAMYŃ TEBIGATY DOGRUSYNDAKY NAZARÝETLER**
2.1 Adamyń tebigatynyń köpmazmunlylygy.....42
2.2 Şahsyýetiň taglymatynyň mazmun dörediji düzgünleri...45
2.3 Şahsyýetiň psihologiýasynda derňew meselesi.....48
**BAP 3. ŞAHSYÝETIŇ PSIHOLOGIÝASYNDAKY TAKYK DERŇEW USULLARY**
3.1 Şahsyýet we ony derňemegiň usullary.....51
3.2 Şahsyýeti bahalandyrmak.....54
**BAP 4 ŞAHSYÝETIŇ TAGLYMATYNDA PSIHODINAMIKI UGUR**
4.1 Z.Freýdiň şahsyýetiň psihoanalitiki taglymaty.....58
4.2 Psihoanalizde şahsyýetiň gurluşynyň esaslandyrylyşy.....61
4.3 Şahsyýetiň ösüşiniň döwürleýin häsiýetnamasy.....64
**BAP 5. A. ADLERIŇ ŞAHSYÝET TAGLYMATYNYŇ PSIHOLOGIK ESASLARY**
5.1 A.Adleriň indiwiduallyk taglymaty.....69
5.2 Adleriň şahsyýet psihalogiýanyň esasy düzüjileri.....70
5.3 Şahsýyetiň tipleri.....73
5.4 Ýungyň şahsyýetiň analitiki taglymaty.....77
5.5 Egopsihologiýada şahsyýet meselesi.....80
**BAP 6. ŞAHSYÝETIŇ KEMALA GELŞINIŇ BASGANÇAKLAÝYN ÖSÜŞI HADYSASY**
6.1 Şahsyýetiň kemala gelşiniň sekiz döwri.....85

6.2 Şahsyýetiñ ösüşindäki krizisleriñ çözlüş usullary..............90
6.3 Sosial-gumanistik taglymatda şahsyýet meselesi……….95
6.4 Gylygyň sosial tipleriniň esaslandyrylyşy……………….98
**BAP 7. ŞAHSYýETIŇ TAGLYMATYNDA DISPOZISION UGUR**
7.1 Şahsyýeti onuñ sypatlary esasynda öwrenmek nazarýeti.102
7.2 Şahsyýetiñ sypatlary………………………………………107
7.3 R. Ketteliñ şahsyýet taglymaty………………………..111
7.4 Şahsyýeti onuň durmuş tejribesi
esasynda derňeýän taglymat…………………………………..113
**BAP 8. ŞAHSYÝETIŇ HEREKETLENIŞINI DOLANDYRMAK**
8.1 Şahsyýeti hereketine dolandyrmagyň aýratynlyklary…..117
8.2 Şahsyýetiñ bihewioral taglymatynyñ
kliniki amalyýetde ulanylyşy……………………………….120
8.3 Şahsyýetiñ sosial-kognitiw taglymaty bihewioral
taglymatynyñ has kämil nusgasy hokmünde……………….123
8.4 Şahsyýetiñ dolandyrylyşy…………………………….....126
8.5 Kämil özüñi alyp baryşy döretmek…………………..…129
**BAP 9. ŞAHSYÝETIÑ TAGLYMATYNDA KOGNITIW UGUR**
9.1 Şahsyýetiñ kognitiw-akyl ýetiriş
usulýeti ugrundaky derñewi...............................................132
9.2 Şahsyýetiñ özüni alyp barşyny guramagyñ esaslary.....133
9.3 Ynsanperwerlik psihologiýasynyň esasy düzgünleri....137
9.4 Adama dörediji gurluş görnüşinde garaýyş nazaryýeti..141
9.5 Öz-özüni işjeňleşdirýän adamlaryň
psihologik häsiýetnamasy...................................................144
9.6 Şahsyýetiñ öz-özüni subýektiw kabul ediş
häsiýetdäki nazaryýeti........................................................ 147
**BAP 10. ŞAHSYÝETIÑ "MEN" GURLUŞY**
10. 1 Men-nazaryýeti, onuñ ösüşi....................................... 151
10. 2. Göwnejaý şahsyýetiñ psihologik sypaty.................... 154
**BAP 11. TEMPERAMENTIŇ PSIHOLOGIÝASY**

11. 1.Temperament hakynda düşünje.................................. 158
11.2 Temperamenti işiň talaplaryna uýgunlaşdyrmagyň usullary........................................................................ 162
11.3 Şahsyýetiň gylygy....................................................... 165
11.4 Şahsyýetiň ukyplary..................................................... 169
11.5 Ukyplaryň ölçeg meselesi........................................... 173
**BAP 12. ADAMYÑ NEÝROFIZIOLOGIK GURLUŞY ŞAHSYÝETIÑ TEBIGY ESASY HÖKMÜNDE**
12. 1. Şahsyýetiñ iş-durmuşynyñ nesil üsti geçýän aýratynlyklaryñ täsiri we ähmiýeti........................................177
11.2 Häzirki zaman psihologiýasynyń wajyp meseleleri.... 180
**Edebiýat**.......................................................................183